# ÖWRENILÝÄN DILIŇ ÝURDUNYŇ TARYHY
# (ITALIÝANYŇ TARYHY)

**Aşgabat –2010**

**© Aýna Annamuhammedowa, Hurmagül Jumaýewa, Gurbangeldi Muhammedow. Öwrenilýän diliň ýurdunyň taryhy (Italiýanyň taryhy). Ýokary okuw mekdepleriniň italiýan dili hünäriniň talyplary üçin okuw gollanmasy.**

**Dünýä taryhy kafedrasynyň dosenti A. Sähetmyradowyň ylmy redaksiýasy bilen**

**Türkmenistanyň Bilim ministrligi tarapyndan hödürlenildi**

**© Aýna Annamuhammedowa, Hurmagül Jumaýewa, Gurbangeldi Muhammedow.**
**©Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersiteti**

# Giriş

“Italiýanyň taryhy” dersini beýan etmeklik Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň daşary ýurt dilleri fakultetiniň, italýan dili we edebiýaty hünäriniň okuw maksatnamasy esasynda yerine yetirildi. Ol Italiýanyň gadymy taryhyna, feodal jemgyyetiniň ösüşiniň taryhyna, kapitalistik gatnaşyklaryň ösüşine bagyşlanyp, Italiýanyň taryhy bilen bagly Günbatar Ýewropa döwletleriniň käbir maglumatlary hem özünde jemleyär.

Şonuň bilen birlikde, Italiýanyň orta asyr taryhy beyan edilende, onuň syýasy wakalara ya-da beyleki yagdayda täsirini yetiren serhetdeş yurtlaryň wakalaryna hem üns berlendir.[1]

Italiýanyň taryhy dersi şu aşakdaky döwurleri öz içine alýar:

- gadymy dünŷa taryhy b.e.öň VI-V asyrlara çenli ŷagny iň gadymy Rim we onda respublikanyň berkarar bolmagy, imperiŷanyň emele gelmegi, pese düşmegi bilen baglanyşykly bolan wakalary öz içine alŷar
- orta asyrlar taryhy (V - XVII a. ikinji yarymyna çenli), yagny feodal gatnaşyklaryň döräninden, feodal jemgiyetiniň ösüşinden, onuň dargamagyny we has progressiw buržuaz jemgiyet üçin jemgyýetçilik, ykdysady we syýasy şertleriň döreyşini öz içine alyar;
- täze taryh (XVII a. ikinji yarymy – XIX a.), yagny kapitalistik gatnaşyklaryň döreýşini, buržuaz jemgiyetiniň ösüşini, kapitalistik gatnaşyklaryň berkitmegini öz içine alyar;

[1] Türkmenistan gazeti,29.09.2007ý.

- iň täze taryh, ýagny XX-XXI-nji asyrlardaky esasy wakalary, dünýä taryhynda Italiýanyň eýeleýan orny öz içine alyar.

Orta asyrlar taryhy – adamzadyň gadymy dünýä taryhyndan soň ikinji döwrüdir. Orta asyrlar döwri çen bilen gadymy hem-de täze taryhyň aralygynda ýatan 1200 ýyldan gowrak döwri öz içine alýar.Ýewropada orta asyrlar döwrüniň ýüze çykmasy V asyryň ahyrlarynda Rim imperiýasynyň ýykylmagy hem-de Ýewropada düýbünden täze döwletleriň peýda bolup ugramagy bilen baglanyşykly boldy. Emma Aziýada beýle ýagdaý bolmady. Bu sebitde orta asyr gatnaşyklary öňki dowam edýän köne gatnaşyklaryň kämilleşmeginiň hem-de ösmeginiň netijesinde kemala geldi.

Aziýada we Ýewropada orta asyrlar döwrüniň dürli wagtlarda başlaýandygyna garamazdan, sebitleriň ikisi üçin hem şu döwri “Orta asyrlar” diýip atlandyrmak kabul edilendir. Alymlaryň arasynda Orta asyrlaryň haçan başlandygy we gutarandygy barada başgaça pikirler hem bardyr. Emma size hödürlenýän döwürler köpleriň goldaýan pikiridir.

XV asyrda Italiýada haçan-da Gaýtadan döreýiş eýýamynyň medeniýeti ýokary derejelere ýetende bu döwrüň alymlary Gadymy Gresiýanyň, Rimiň ýa-da antiki döwrüň gazananlaryna uly sarpa goýup başlapdyrlar. Emma Rim imperiýasy ýykylandan soň başlanan eýýamy medeniýetiň pese düşen, nähilidir bir gymmatlyklaryň döredilmedik, tersine Rimiň we Gresiýanyň gazananlarynyň ýok edilen döwri diýip hasap edipdirler.

Şonuň üçin hem Gaýtadan döreýiş eýýamynyň öňdebaryjy adamlary XVI asyrdan adamzadyň taryhynda täze döwür başlaýar diýip belläpdirler. Sebäbi olar V asyryň ahyrlaryndan

XVI asyra çenli aralykdaky döwri yza galaklygyň, nädogry düşünjeleriň agalyk eden, çozuşlaryň we uruşlaryň döwri, Gadymy döwürde gurlan ajaýyp ybadathanalaryň, köşkleriň ýumrulan, antiki döwrüň filosofiýasynyň ýatdan çykarylan we latynça geplemegiň unudylan döwri diýip hasap edipdirler. Şonuň üçin hem Gaýtadan döreýiş döwrüniň alymlary şol döwri "Orta asyrlar" diýip atlandyrypdyrlar.

Orta asyrlar eýýamy gadymy dünýä eýýamyndan has gysgadyr. Antiki eýýamyň harabalyklarynda kem-kemden täze jemgyýetçilik gurluşy ýüze çykýar we kemala gelýär. Bu "irki orta asyrlar" döwri bolup, ol V asyryň ahyrlaryndan XI asyryň ahyrlaryna çenli dowam edipdir. Ondan soň Orta asyrlaryň iň ösen döwri başlaýar. Şonuň üçin hem ol "ösen orta asyrlar" diýlip atlandyrylyp, bu döwür XIV asyryň ahyrlaryna çenli dowam edýär. Orta asyrlaryň soňky döwri "giçki orta asyrlar" diýlip atlandyrylyp, ol XV –XVII asyryň ortalaryna çenli döwri öz içine alýar. Bu döwürler Ýewropada orta asyrlar döwriniň tamamlanýan wagtydyr.

Dünýä taryhynyň orta asyrlar döwründen soň başlanýan eýýamyna Täze taryh diýip at berýärler. Bu döwri Täze taryh diýip atlandyrsalar-da, onuň başlaryna çenli (takmynan XVII asyryň ortalary) dünýä ýurtlarynyň we yklymlarynyň ösüş derejesi dürli-dürlidi. XVII-XIX asyrlarda täze durmuş-ykdysady we syýasy gatnaşyklar diňe Ýewropanyň we Demirgazyk Amerikanyň ösen ýurtlarynda berkarar bolupdy.

Bu döwürde ýewropalylar taryhy ösüşde dünýäniň beýleki yklymlaryndan öňe saýlanmagy başardylar. Olar öz serhetlerinden çykyp, dört ummanyň giňişliklerinde ýüzüp, öňki açylmadyk ýerleri özleşdirýärdiler.

Ýewropada ylmyň, tehnikanyň ösmegi netijesinde Täze taryhda önümçilik gatnaşyklary üzül-kesil üýtgedi, ykdysadyýetde täze pudaklar peýda boldy. Bu döwürde tehnikanyň gazananlarynyň köp ulanylyp başlanandygy üçin Täze taryh döwrüni "maşyn asyry" diýip hem atlandyrýarlar.

Alymlaryň arasynda Täze taryhyň haçan başlap, haçan gutarandygy barada dürli pikirler hem bar. Muňa garamazdan, Täze taryhyň başlanýan döwri hökmünde Iňlis buržuaz rewolýusiýasy esas edilip alyndy, bu döwrüň gutarýan wagty hökmünde bolsa 1914-1918-nji ýyllarda bolup geçen birinji Jahan urşy kabul edildi. Täze taryhyň şeýle wagt çäginde seneleşdirilmeginiň öz sebäpleri boldy. Çünki iňlis buržuaz rewolýusiýasyndan soň diňe bir Angliýada däl, eýsem Ýewropanyň beýleki ýurtlarynda hem täze durmuş-ykdysady we syýasy gatnaşyklar kemala geldi. Bu bolsa adamzat taryhynyň ösüşinde täze döwrüň başlanýandygyny aňladýardy.

Taryhçy alymlar Täze taryhy öz içinde iki döwre bölýärler: birinjisi XVII-XIX asyrlaryň ortalary, ikinji döwri bolsa XIX asyryň ikinji ýarymyndan XX asyryň başlaryna çenli döwürler.

Täze taryhyň esasy aýratynlylarynyň biri-de, XVIII asyryň ahyrynda - XIX asyryň başynda Italiýada senagat öwrülşigi bolup geçdi. Bir ýurduň çäginde bolup geçen bu jemgyýetçilik hadysasy soňra Günbatar Ýewropa ýurtlarynyň ykdysadyýetiniň ösüşine ägirt uly täsir etdi. Senagatyň ösüşi Ýewropa sebitinde oba hojalygynyň ösüşine hem öz täsirini ýetirdi. XIX asyryň ahyrynda senagat öwrülşigi Aziýa ýurdy bolan Ýaponiýada hem başlanýar. XIX asyryň ahyrynda Ýewropa ýurtlarynda we ABŞ-da industrial siwilizasiýa kemala geldi we onuň hereketlendiriji güýji tehniki ösüş bolup hyzmat etdi.

Täze taryh Ýewropanyň we Amerikanyň öňde barýan ýurtlarynda önümçilik gatnaşyklarynda iri maýa goýumlarynyň emele gelmegi hem-de berkleşmegi bilen häsiýetlendirilýär. Ýewropa döwletleriniň içinde Angliýa, Ispaniýa, Portugalýa, Gollandiýa, Fransiýa, azrak soň Germaniýa, Awstro-Wengriýa,Italiýa, Russiýa ýaly uly ýurtlar dünýäniň dürli sebitlerinde köp ýerleri basyp alyp, ägirt uly kolonial döwletlere öwrüldiler.

Iň täze. taryh, ýagny XX-XXI-nji asyrlardaky esasy wakalary, dünýä taryhynda Italiýa eýeleýan orny öz içine alyar.

## Rim respublikasynyñ emele gelmegi we Rimiñ Italiŷany basyp almagy.

### § 1. Iñ gadymy Rim we onda respublikanyñ berkarar bolmagy

**1. Apennin ŷarym adasynyñ tebigaty.** Balkan ŷarym adasyndan günbatarda Apennin ŷarym adsy ŷerleşŷär.

Ŷarym adanyñ bütin uzaboŷuna dag gerşi - Apennin daglary uzalyp gidŷär. Daglar ŷapgyt bolup tokaŷlyklara bürelip otyr.

Daglar bilen deñziñ arasynda düz kenar ŷakalary ŷylyp ŷatyr. Apennin ŷarym adasynda demir, mis magdanlarynyñ, gurluşyk daşynyñ, gowy toŷnuñ zapaslary bar eken.

Belent Alp daglary ŷarym adany demirgazyk sowuk şemallaryndan goraŷar. Ŷarym adanyñ maŷyl klimaty bar. Gadym zamanda Gresiŷa garanda bu ŷerde ŷagyş kop ŷagŷar eken. Kenar ŷakalarynyñ we dag jülgeleriniñ mes topragy bar eken. Dag eññitlerinde gür otly øemenlikler bolupdyr.Öz watanynyñ gurak örülerine öwrenişen grek kolonistrleri Apannin ŷarym adasyna baranlarynda bu ŷerde ösümlikleriñ boldugyny we dowarlaryñ köpdügini group haŷran galypdyrlar. Olar ŷarym adanyñ günorta bölegini- “göleleriñ ŷurdy” –

Italiŷa diŷip atlandyrypdyrlar. Soñ-soñlar bu at byarym ada degişli bolup galypdyr.

Ŷarym adanyñ günbatar we gündogar kenar ŷakalarynda gämi durar ŷaly amatly buhtalar bar eken. Ŷarym ada galtaşŷan deñizlerde bolsa ownuk adalar örän az. Ŷarym adanyñ günorta çetinde uly Sisiliŷa adasy edil utgaşŷan ŷaly bolup dur. Sisiliŷanyñ klimaty has maŷyl, ösümligi bolsa Apennin ŷarym adasynda garanda has baŷ.

**2. Rim şäherininñ döreŷşi.Patrisiler.**Apennin ŷarym adasynyñ orta böleginden Tibr derŷasy akyp geçŷär. Tibr öz gözbaşyny daglardan alyp, baŷyrly düzligiñ içi bilen deñze tarap akyp geçŷär.Gadym zamanda onuñ kenar ŷakalary batgalyk eken, baŷyrlary bolsa ŷaprakly agaçlar bilen örtülen eken.

Şu düzlikde *latyn* taŷpalary ŷaşaŷan eken. Derŷanyñ çep kenarlarynyñ baŷyrlarynda Tibriñ aŷagyndan 25 kilometrlikde kiçeñräk Rim şäheri döräpdir. Rowaŷata görä, onuñ düŷbi b.e öñ VIII asyryñ ortasynda tutulypdyr. Rimiñ iññän gadymy ŷaşaŷjylarynyñ nesillerine patrisiler diŷŷär ekenler. Olar obşina bolup ŷaşaŷar ekenler, obşinanyñ öz ekerançylyk ŷerleri we öri meŷdanlary bar eken. Partisilleriñ her bir maşgalasyna obşinanyñ ekin meŷdanyndan ŷer uçastogy berilär eken we olar öz mallaryny obşinanyñ öri meŷdanlarynda baker ekenler.

Gadym wagtlarda partisiler ekin meŷdanlarynda we öŷde özleri işläpdirler. Hojaŷynlary bilen bilelikde az saly gullar hem işläpdirler.Olar magala çlenleri hasap edilŷär eken, olara latynça “Familiŷalar” diŷŷär ekenler. Olaryñ öz hojaŷynlary bolen bir saçagyñ başynda oturyp, nahar iŷen wagtlary seŷrek bolmandyr.

Patrisileriñ öŷlerini sada hem ŷönekeŷ bolupdyr. Adatça öŷde bir uly otag bolŷar eken. Soñ-soñlar şol otagyñ ortasynda ŷagyş suwy ŷygnanar ŷaly yer edip başlapdyrlar, ŷagyş suwy jaŷyñ ŷokarsyndaky deşikden oña akyp durŷar eken. Öŷüñ içinde ŷagty hem şol ŷerden düşŷär eken.

Patrisileriñ kethudalaryndan “ŷaşulylar soweti” düzülŷär eken, oña latynça senat diŷŷär ekenler. Rimi paryşa bilen senat dolandyrŷar eken. Senaryñ çlenlerine senarorlar diŷŷär ekenler. Halk ŷygnagy setanda-seŷrada çagrylŷar eken. B.e.öñ VI asyryñ başlarynda Rimde döwlet döräpdir.

**3. Rimiñ dowam eden ilkinji asyrlarynda onuñ ösüşi. Plebeŷler.** Rimiñ ŷerleşŷän ŷeri amatly eken. Şäheriñ daş-töwereginde mes toprakly ŷerler ŷaŷylyp ŷatan eken. Tibr derŷasynyñ deñze goŷŷan ŷerinden duz çykarŷar eken. Şol ŷerden Rimiñ üsti bilen Italiŷanyñ şümmişine tarap söwda ŷoly gidŷär eken. Şähere tarap senetçiler we täjitler göçüp baryp ugrapdyrlar. Rimliler goñşy şäherjikler boŷun egdirip, olaryñ ilatynyñ bir bölegini Rime göçüripdirler. Şäheriñ ilaty çalt ösüp başlapdyr.

Belent *Kapitoliŷ baŷrynyñ* üstünde gala salypdyrlar. Ilat ŷagy çozanda onuñ içinde gizlenŷän eken. Rimliler baŷyrlaryñ arasyndaky batgalyk ŷeri çalykdyrypdyrlar-da, ol ŷerde bazaar meçasyny gurupdyrlar, oña latynça forum diŷilŷär eken. Forumdan daş düşelmedik egrije köçeler iki-beke gidŷär eken. Şol Köçejikleriñ ugrynda garyplaryñ üsti suwalan ŷa-da çerepisa bilen basyrylan, laŷdan we agaçdan salnan garypja bar eken. Forumyñ özünde we köçelerde zähmet gurallaryny, ŷarag ŷasaŷan demirçe ussalar, aŷakgap tikŷän ussalar we beŷleki senetçiler işläpdirler.

Rime beŷleki ŷerlerden göçüp baranlary we olaryñ nesillelini *plebeŷler* diŷip atlandy-rypdyrlar. Olar goşunda gulluk etmeli bolupdyrlar, emma obşinanyñ meŷdanyndan olara ŷer berilmändir. Olaryñ arasynda garyplar köp bolupdyr, emma baŷ adamlara-da duş gelmek bolŷar eken. Bergisiniölemedik garyplary gula öwürŷän ekenler.

**4. Respublikanyñ berkarar bolmagy.** B.e.öñ VI asyryñ aŷagynda Rimde diŷseñ rehimsiz bir patyşa dolandyrypdyr. Rimliler B.e.öñ 509-njy ŷylda ony tagtdan düşüripdirler we patyşa hökimetini ŷok edipdirler.

Şondan soñ halk ŷygnagy her ŷyl patrisilerden iki sany häkime – konsullary we olara kömek edŷän beŷleki wezipeli adamlary saŷlapdyrlar. Konsullar bir ñ dowamynda Rimi dolandyrypdyrlar we sudŷalyk edipdirler, uruş wagty bolsa goşuna komandirlik edipdirler. Ŷokary wezipäni eŷeleŷän pattrisiler sonar senatyñ çlenleri – senatorlar bolupdurlar.

Senaryñ ägirt uly häkimeti bolupdyr. Parahatçylykly günlerde konsullar ähli meseleleri senat bilen maslahatlaşmaly bolupdyrlar Senat gazna ygtyŷar edipdir, uruş we ŷaraşyk meselelerini çözüpdir. Ol halk ŷygnagyna eŷŷäm taŷŷar edilen kararlary ses bermek üçin hödürleŷär eken.

Patrisiler Rimiñ saŷlawly dolandyryşyny "umumy halk işi" diŷip atlandyrypdyrlar, muña latynça "respublika" diŷipdirler.

Plebeŷler respublika berkara edilenden soñ hem hukuksyz bolmaklaryndan galmandyrlar. Olar özleriniñ ŷagdaŷynyn gowulandyrmalydygyny tutanŷerlilik bilen talap edipdirler.

1. Italiŷanyñ peŷzajy.

2. Etrus sazandalary.(gadymy Freska.) Etruslar –Alpennin ŷaşan gadymy taŷpalar

Jaŷ şekilindäki toŷundan edilen gadymy gap.

Patrisiler – "pater" – ata diŷen latyn sözünden ; patrisiler öz atalarynyn şäheriñ düŷbini tuntandyklary üçin guwanypdyrlar.

3. Kapitoliŷadaky ene möjek. (B.e.öñ VI asyryñ statuŷasy.)

B.e.öñ III asyrda kümüşden zikgelenen Rim teññesi, onuñ ŷüzünde ene möjek bilen çagalar şekillendirlipdir.

Respublika- belli bir möhleti saŷlanan adamlar tarapyndan dolladyrylŷan döwlet.

## §2. B.e.öñ V-III asyrlarda Rim respublikasy.

**1. Pleŷbeŷler bilen patrisileriñ göreşi.** Pleŷbeŷler grajdan hukuklaryny gazanmak ugrunda uzak wagtlap we kyn göreş alyp barypdyrlar. Patrisiler olara obşina ŷerlerinde peŷdalanmaga we Rim respublikasyna dolandyrmaga

gatnaşmaga hötjetlik bilen ŷol bermejek bolupdyrlar. Pleŷbeŷler goşunda gulluk etmekden boŷun gaçyrypdyrlar. Rimden bütinleŷin çykyp gitjekdigini we özlerine täze şäher gurjakdyklary bilen haŷbat atypdyrlar. Patrisiler goşunuñ gowşatmagyndan gorkuk, pleŷberlere eglişik etmäge mejbur bolupdyrlar.

Baryp b.e.öñ V asyryñ başynda plebeŷler her ŷyl öz aklawçylary bolan halk tribunallary saŷlamak hukugyny gazanypdyrlar. Tribun konsullaryñ we senatyñ
Plebeŷler hakynda çykaran kararlaryny ŷatyryp bilŷäreken. Munuñ üçin oña “weto” goŷmak ŷeterlik eken (weto latynça “gadagan edŷärin” diŷmek). Plebeŷ islendik pursat özine arka tapyp biler ŷaly tribunanyŷaşaŷan jaŷynyñ gapysy gije---de, gündiz-de açyk eken. Tribunanyñ öldürilmegi iñ agyr jenaŷat hasap edillipdir.

Halk tribynlary pleŷberleriñ serdarlary bolupdyrlar. Plebeŷleriñ goldawyna daŷanyp, tribunlar olaryñ peydasyna hyzmat etjek kanunlary öñe sürŷär ekenler.
Plebeŷrler konsullyk wezipäni we beŷleki wezipeleri eŷelemek, obşinanyin meŷdanyndan ŷer almak hukugyny gazanypdyrlar. Bergisi üçin olary gula öwürmek gadagan edilipdir.

*Plebeŷleriñ patrisilere garşy 200 ŷyldan dowrak wagtlap dowam eden göreşi plebeŷliriñ ŷeñmegi bilen gutarypdyr. B.e.öñ III asyryñ başynda çenli olar Rimiñ boly hukukly grajdanlary bolupdyrlar.*

**2. Rimde aristokratlaryñ agalygy.** B.e.öñ III asyrda Rimiñ her bir grajdany döwletdäki islendik wezipä saŷlanyp biler diŷilip hasap edilŷär eken. Emma wezipeleri ŷerine ŷetirmeklige hiç hili hak tölemändir. Şonuñ üçin hem özüni we maşgalasyny eklemek üçin üzynly gün zähmet çekmäge mejbur bolan garyplar şeŷle wezipelerde işläp bilmändirler.
Baŷ rimliler indi öz mülklerinde işlemändirler. Olaryñ ŷerlerini gunlükçiler ŷa-da Rime getirilen gullar işläp bejerŷär eken, şeŷle gulllaryñ sany bolsa ep-esli köpelipdir. Baŷ patrisileri we

plebeŷleri ŷylyñ-ŷylyna ŷokary wezipelere saŷlapdyrlar.Senat hem şolardan düzülipdir.

Şeŷlelik bilen, ŷeri we gullary bolan, döwleti dolandyran has baŷ patrisileriñ we plebeŷleriñ onlarça familiŷalary rimleriñ arasynda saŷlanyp çykyp dyrlar. Olar döwletiñ ilatynyñ iñ ŷokary gatlagyny- rim beglerini emele getiripdirler.

*Rimdäki respublika gul eçilik respublikasy we aristokratik respublika bolupdyr.*

**3. B.e.öñ III asyrda Rim goşuny.** Rim aristokratlry ŷerleri, gullary we beŷleki oljalary basyp aljak bolup urşupdyrlar. Şoña görä-de respublikanyñ harby güŷçlerini pugtalandyrmaga çalşypdyrlar. Goşun harby gulluga çagyrylŷan daŷhanlardan ybarat bolupdyr.

Her legionda 4500 urşujy bar eken. Söweşi ŷeñil ŷarag bilen ŷaraglanan urşujylar başlapdyr. Olar dun hatarlaryny bozmak üçin ŷaŷlaryndan ok ŷagdyrŷar ekenler, daş we drotik – gysgajyk naŷza zyñŷar ekenler Soñra olar çaltlyk bilen yza çekilmäge-de, legion esasy güŷji bolan agyr ŷaragly pyŷada urşyjylara orun berŷär ekenler. Legionerler duşmana naŷza zyñyp, elleri gylyçly onuñ üstüne çozupdyrlar. Garpyşykly şykda olaryñ gysga gylyçlary elhenç ŷarag bolupdyr.

Atly goşun pyŷda goşunyñ yzyndan kowupdyr.

Legion dine bir açyk maŷdançada däl, eŷsem tokaŷda, daglarda hem söweşmäge ukyply kiçeñräk otrŷadlara bölünipdir.

Rim goşunynda gazaply düzgün-nyzam bolupdyr. Ŷaragyñy ŷitirenligi we posta uklanlygy üçin jezalandyryp öldürilipdir.

**4. Rimiñ Italiŷany basyp almagy.** Italiŷada halkyŷetleriñ azyndan 12-si ŷaşaŷar eken. Rimiñ olara garşy uruşlary iki ŷüz ŷyldan gowrak wagt dowam edipdir. Rim legionerleriniñ ŷaragy, tälimi we düzgün-nyzamy duşmanlaryñkydan has oñat bolupdyr. Rimliler Italiŷadaky halkyŷetleri yzly-yzlyna boŷun egdiripdirler. B.e.öñ III asyryñ başynda olar Günorta Italiŷadaky grek şäherlerini basyp alypdyrlar.

Rimliler ŷeñlenleriñ sürümli ŷerleriniñ we örüleriniñ 2/3 bölegine çenlisini ellerinden alypdyrlar.şol ŷerleriñ köp bölegini Rim aristokratlary özlerine alypdyrlar.Beŷleki ŷerlerde bolsa Rim öz az ŷerli daŷhanlary üçin koloniŷalary esaslandyrypdyr.

Italiŷada latyn dili,grek elipbiŷi esasynda işlenip düzülen latyn elipbiŷi giñden ŷaŷrapdyr.

Boŷun egdirilen halkyŷetleriñ Rime garşy birleşmeklerine ŷol bermezlik üçin senat olary bir-biri bilen tersleşdirmäge çalşypdyr. “Agzyny alart-da höküm sür!” diŷen düzgün senatyñ kadasy bolupdyr.

B.e.öñ III asyryñ birinji ŷarymynda Rim Italiŷany basyp almagy tamamlapdyr. Onuñ mülkleri Sisiliŷa adasyna çenli baryp ŷetipdir, emma bu ŷerde ol beŷleki bir kuwwatly basybalyjy – Karfagen bilen çaknyşypdyr.

**1. Karfagen şäheri we onuñ eŷelik eden ŷerleri.** Karfagen şäheri uzak aralyga, deñziñ içine süsñäp girip duran daşly burnuñ üstünde ŷerleşipdir.Ol deñiz-de köp söwda alyp barypdyr.Karfageniñ çuñ we amatly gämi duralgalarynda gämilere ŷük ŷüklenipdir we olaryñ ŷükleri düşürilipdir, kenar ŷakasynda harytlar saklanylŷan uly skladlar bolupdyr.Gämi kürekleŷjiler we portda ŷük ŷükleŷänler hem düşürŷänler gullar eken.

Şäheriñ töweregindäki mes toprakly ŷerler karfagenli baŷ gul eŷelerine degişli bolupdyr. Gullar olaryñ ekin meŷdanlaryny we üzüm baglaryny işläp bejeripdirler.

Karfageniñ baŷlygy oña güŷçli harby floty we esasan hem hakyna tutulan adam-lardan ybarat bolan uly goşuny saklamaga mümkinçilik beripdir.Şäheriñ daşyny daşdan örülen minaraly gala diwarlary gorapdyr. Karfagenliler Orta ŷer deñziniñ kenar ŷakalaryndaky we adalaryndaky giñ territoriŷalary eŷeläpdirler.

**2. Göreşiñ başlanmagy.** Rim hem, Karfagen hem baŷ Sisiliŷa adasyny basyp almaga çalşypdyrlar.Munuñ özi b.e.öñ III asyryñ ortasynda olaryñ arasynda urşuñ turmagyna

getiripdir.Karfagenliler rimlilere punlar diŷŷär ekenler, şonuñ üçin hem bu urşa Puni urşy diŷip at beripdirler.Uruş gury ŷerde we deñizde alnyp barlypdyr. Urşuñ başynda rimliler güŷçli deñiz flotuny gyrypdyrlar,şu flot karfagenlileriñ flotuny çym-pytrak edipdir.

Uruş 20 ŷyldan gowrak dowam edipdir we Rimiñ ŷeñmegi bilen gutarypdyr, Rim Sisiliŷany eŷeläpdir.

Emma Karfageniñ entek ägirt uly güŷji bardy.Rimlileriñ Sardiniŷa we Korsika adalaryny basyp alan wagty, karfagenliler Ispaniŷada uly territoriŷalary basyp alypdyrlar.Basybalyjylaryñ ikisi hem Orta ŷer deñziniñ günbatar ŷakasynda agalyk etmek ugrunda täze urşa taŷyarlanypdyrlar.

Karfageniñ Ispaniŷadaky goşunlaryna talantly serkerde Gannibal komandirlik edipdir.Gannibalyñ ömürbaky Rimi ŷigrenjekdigi hakynda baryp oglanka kasam edendigini gadymy taryhçylar habar beripdirler.

**3. Gannibalyñ Italiŷa çozup girmegi. B.e.öñ 218-nji ŷylda** rimliler Karfagene uruş yglan edipdirler. Karfagenlileriñ Ispaniŷada basyp alyşlary muña bahana bolupdyr. Ikinji Puny urşy başlanypdyr.

Rimliler uruş hereketleri Ispaniŷada we Afrikada bolar diŷip çak edipdirler, emma Gannibal rimlilere duŷdurman öz urşujylaryny we söweş pillerini Ispaniŷadan Italiŷa sürüpdir.Alp daglarynyñ üstünden sürçek buzly ŷodalar bilen geçilende karfagenlileriñ ŷarysy we pilleriñ ählisi diŷen ŷaly heläk bolupdyr. Gannibal öz aman galan urşujylary bilen Demirgazyk Italiŷadaky Po derŷasynyñ jülgesine çykypdyr.Bu ŷerde ŷaşaŷän gallaryñ taŷpalary Gannibala goşulypdyrlar, bu bolsa onuñ selçeñleşen goşunyny ep-esli güŷçlendiripdir.

Karfagenliler gandöküşikli birnäçe söweşde rim legionlaryny çym-pytrak edipdirler. Gannibal öz goşuny bilen demirgazykdan günorta bütin Italiŷanyñ içinden geçipdir, rimlileriñ obalaryny rehimsizlik bilen tozdurypdyr. Emma ol öz

tarapyna çekmek maksady bilen,Rim tarapyndan boŷun egdirilen halkyŷetlere degmezligi buŷrupdyr. Gannibalyñ mertligini we onuñ serkerde hökmünde görnükli ukyplarynyñ bardygyny hatda duşmanlar hem ykrar edipdirler.

**4. Kannynyñ ŷanynda bolan söweş.** B.e.öñ 216-njy ŷylda Kanny obasynyñ golaŷynda Rimiñ goşuny bilen Karfageniñ goşuny ŷene duşuşypdyrlar. Rim goşunynda 80 müñ pyŷada goşun we 6 müñ atly goşun bolypdyr, Karfageniñ goşunynda bolsa 40 müñ pyŷada goşun we 10 müñe golaŷ atly goşun bolupdyr.

Konsullar özleriniñ köp sanly pyŷada goşunynyñ zor salmagy bilen duşmany kül-peŷkun etmek isläpdirler.Olar özleriniñ pyŷada goşunyny ägirt uly dörtburçlyk edip, söweş nyzamyna düzüpdirler.Onuñ flanglaryny atly goşun gorapdyr.

Gannibal rimlileriñ pirimini añypdyr we rim goşunyny gabamagyñ batyrgaŷ planyny düzüpdir. Ol öz goşunynyñ duşmanyñ zor salmagyna uzak wagtlap çydap bilmejegine düşünipdir.Emma öz pyŷada goşunynyñ flanglaryny we tylyny goramakçy bolanlarynda rimlileriñ aŷak çekmeli boljakdyklaryny ol bilipdir.Gannibal öz pyŷada goşunyny duşmana tarap ŷüzlenen ŷarym aŷ şekilinde nyzama düzüpdir,onuñ flanglarynda bolsa pyŷada we atly goşunynyñ iñ gowy otrŷadlaryny goŷupdyr.

Rimiñ pyŷada goşuny haŷbat bilen öñe sürnüpdir, ol karfagenlileriñ merkezini gysyp başlapdyr-da, olaryñ jümmüşine çuñ aralaşypdyr.Emma ol şeŷle etmek bilen öz flanglaryny açypdyr.Gannibalyñ saŷlantgy otrŷadlary bolsa haŷal etmän olaryñ üstüne çozupdyr.Karfageniñ atly goşuny Rimiñ atly goşunyny dargadypdyr-da, duşmanyñ pyŷada goşunynyñ üstüne onuñ tylyndan çozupdyr.Rimlileriñ ykjam nyzamly hatarlary garym-gatym bolupdyr, olaryñ goşuny duşman tarapyndan halka alnyp gysylan başly-barat märekä öwrülipdir. Daşy gabalan rimlileri rehimsizlik bilen gyryp

başlapdyrlar.Karfagenliler onlarça müñ rimlileri gyrypdyrlar we ŷesir alypdyrlar.

**5. Ysgyndan düşürmeklige niŷetlenen uruş.** Karfagenlileriñ Kannynyñ ŷanyndaky ŷeñşinden soñ Italiŷanyñ günortasyndaky şäherler olaryñ tarapyna geçipdir.Bu şäherler ozal Rim tarapyndan boŷun egdirilipdi.Rimlileriñ ŷagdaŷy örän agyr bolupdyr.Emma senat ŷaraşyk baglaşmak üçin gepleşiklere başlamagy teklip eden karfagenli ilçini dñlemegem islemändir.

Karfagenliler Rimiñ alkymyna gelipdirler.Rimliler goranyşa taŷŷarlanypdyrlar.Emma oñat berkidilen uly şäheri gabamaga we ony zabt etmäge Gannibalyñ ŷeterlik güŷji bolmansoñ,ol ŷene-de Italiŷanyñ günortasyna tarap çekilipdir.

Rimliler harby gulluga ŷarawly erkek adamlaryñ hemmesini goşuna çagyrypdyrlar-da, köpsanly urşujylary ŷygnapdyrlar.Öz obalaryny we maşgalalaryny goran daŷhanlar karfagenlilere garşy mertlerçe söweşipdirler.Rim serkerdeleri uly söweşler gurmakdan çekinipdirler-de, duşmanyñ ownuk otrŷadlarynyñ üstüne birsyhly cozupdyrlar, karfagenlileriñ tarapyna geçen şäherleriñ daşyny gabapdyrlar, olary goldamak üçin gelŷän güŷçleri ŷok edipdirler.Şeŷle uruş Gannibal üçin heläkçilikli bolupdyr.Onuñ goşuny ysgyndan gaçypdyr,Rimiñ güŷçleri bolsa artypdyr.Rimliler harby işi ep-esli kämilleşdiripdirler we şol döwürde iñ gowy goşun döredipdirler.

**6. Ikinji Puny urşunyñ gutarmagy.**B.e.öñ 204-nji ŷylda serkerde Ssipionyñ baştutanlygynda rim goşuny Afrika eltilip düşürilipdir. Karfageni goramak üçin Gannibal Italiŷany taşlap gitmeli bolupdyr.

B.e.öñ 202-nji ŷylda Zama şäheriniñ golaŷynda aŷgytly şöweş bolupdyr. Bu gezek rimlileriñ atly goşuny has agdyklyk edipdir. Rimiñ pyŷada goşuny bilen Karfageniñ pyŷada goşunynyñ arasynda tutanŷerli göreş barŷarka rimlileriñ atly goşuny karfagenlileriñ üstüne tyldan çozupdyr. Gannibalyñ goşuny derbi-dagyn edilipdir.

**B.e.öñ 201-nji ŷylda** ikinji Puni urşy gutarypdyr. Karfagen Rime öz harby flotuny bermeli, köp mukdarda pul tölemeli we özüniñ eŷelik eden ähli ŷerlerinden diŷen ŷaly el çekmeli bolupdyr.Gannibal Alynky Aziŷada gaçabatalga gözlemäge mejbur bolupdyr.Senat onuñ tutulyp berilmegini talap edipdir.Gannibal öz öŷüniñ daşyny gaban duşmanlaryñ eline düşmejek bolup awy içip ölüpdir.

Ikinji Puni urşunda Rimiñ ŷeñmegi ony Orta ŷer deñziniñ Günbatar sebitinde hojaŷyna öwürmekden başga, oña täze basyp alyşlar geçirmäge-de ŷol açypdyr.

## § 3. B.e.öñ II asyrda Rimiñ basyp alyşlary.

**1. Karfageniñ weŷran edilmegi.** Harby flotundan we goşunyndan mahrum bolansoñ Karfagen Rim üçin howply bolmandyr. Seŷle-de bolsa rim aristokratlary we täjirleri öz ŷigrenŷan şäherini ŷok etmäge hem-de onuñ baŷlygyny eŷelemäge çalşypdyrlar.Karfageniñ ganym duşmany, täsirleri bir senator her gezek öz sözüni “Karfagen weŷran edilmelidir” diŷen sözler bilen tamamlaŷar eken.

**B.e.öñ 149-njy ŷylda** rim goşuny ŷene-de Afrika eltilip düşürilipdir we Karfageniñ daşyny gabapdyr.Ǘçünji Puni urşy başlanypdyr.Rimlilere garanda öz güŷçleriniñ has azdygyna garamazdan, karfagenliler üç ŷyl öz mähriban şäherini gahrymanlarça gorapdyrlar, ŷarag ŷasapdyrlar, zyŷan ŷetirilen gala diwarlaryny dikeldipdirler. Aŷallar uzŷn saçlaryny gyrkyp, ondan zyñyjy maşynlar üçin ŷup işipdirler.

Karfagenliler açlyk we kesel zerarly güŷçden gaçanlaryndan soñ, diñe şonda Karfagene çozup girmek rimlilere başardypdyr.Ýaş urşujy Tiberiŷ Grakh ilkinji bolup şäher diwaryndan geçenligi üçin altyn wenok sylag alypdyr.Otlanan Karfagen gyzyl ot bolup ŷanypdyr.Şäheri goraŷjylar ŷangynyñ ala tüssesini bürenişip oturan öŷlerde we köçelerde tutuş hepde

söweşmeklerini dowam etdiripdirler.Söweşiñ hat-da gijelerine-de arasy kesilmändir; duşman taraplar ŷangynyñ şöhlesinda söweşipdirler.

Senatyñ karary boŷunça Karfagen şäheri ŷer bilen ŷegsan edilipdir; rimliler şäherde abat galan jaŷlary weŷran edipdirler we karfagenlileriñ 50 müñüsini gul edip satypdyrlar.

**2. Siriŷa patyşalygynyñ derbi-dagyn edilmegi.** Rim gul eŷeleri Orta ŷer deñziniñ Günbatarynda özleriniñ agalyk etmegi bilen kanagatlanmandyrlar.Rim legionlary Balkan ŷarym adasyna hem çozup giripdirler.

Rimlileriñ Gündogara tarap süŷşmegi Siriŷa patyşalygyna garşy urşa getiripdir, çünki Siriŷa patyşalygynyñ goşuny hem Balkan ŷarym adasyna çozup giripdi. Rimliler bu ŷerde hem başga halklar barada özleriniñ “agzyny alart-da höküm sür!” diŷen kadasyny başarjañlyk bilen ulanypdyrlar.Olar grekleriñ we makedoniŷalylaryñ kömegi bilen Siriŷa patyşasynyñ goşunyny Kiçi Aziŷa gysyp çykarypdyrlar, sonar bolsa uruş hereketlerini şol ŷere geçiripdirler.

Patyşanyñ köp sanly goşuny, söweş pilleri, aññally kolesnisalary, duŷeli urşujylary bolupdyr. Bu leşger patyşa boŷun egdirilen birentek halklaryñ arasyndan ŷygnalan eken.Ol rim goşunyna garşy söweşde çym-pytrak edilipdir. Patyşa Rime ägirt köp mukdarda pul tölemeli, flotuny bermeli bolupdyr.Patyşa özüniñ Kiçi Aziŷada eŷelik eden ŷerlerinden mahrum bolupdyr, tiz wagtdan soñ bolsa Siriŷa patyşalygy ownuk döwletlere dargapdyr.Rimlileriñ ŷeñiş gazanmagy Balkan ŷarym adasyny basyp almaga ŷol açypdyr.

**3. Makedoniŷanyñ we Gresiŷanyñ basylyp alynmagy.** Rimliler güŷçli Makedon patyşalygyna garşy göreşde greklere garaşsyzlygy wada berip, olary öz tarapyna çekipdirler. Aŷgytlaŷjy söweşde makedon falangasy bilen Rimiñ legionlary duşuşypdyrlar. Müñlerçe urşujysy bolan falanga hüjüme geçipdir. Naŷzalary geçip bolmajak diwar- galkan dek penalap duran falanga rimlileriñ üstüne çozupdyr. Falanga duşmany

gysyp başlapdyr. Hat-da tejribeli rim serkerde-leri hem özleriniñ şeŷle elhenç zady ozal görmändiklerini boŷun alypdyrlar.

Emma tekiz däl ŷerde hereket edende falanganyñ nyzamy bozulypdyr; rim otrŷadlary olaryñ hatarlaryna giripdirler. Makedoniŷalylaryñ uzyn naŷzalarynyñ peŷdasy degmändir we falanga derbi-dagyn edilipdir. Rimliler Makedoniŷany basyp alypdyrlar.

Makedon patyşalygy ŷykylandan soñ, grekler özleriniñ garaşsyzlygyny gorap saklamaga synanyşypdyrlar. Rimliler olaryñ garşylygyna çaltlyk bilen basyp ŷatyrypdyrlar we **b.e.öñ 146-njy ŷylda** Gresiŷanyñ üstünden öz häkimiŷetini gyrypdyrlar. Rimliler özlerine görkezilen garşalyk üçin jeza hökmünde grek medeniŷetiniñ merkezleriniñ biri bolan Korinf şäherini weŷran edipdirler. Korinf şäheriniñ ilatyny gula öwrüpdirler.

**4. Ýeñlenleri rimlileriñ talamagy.** Rim basyp alan halklaryny rehimsizlik bilen talapdyr. Rimliler ŷesirleri gul edip satypdyrlar. Bazarlarda alyp satmak üçin ŷesirleri satyn alŷan söwdagärler goşunyñ yzyna düşüp ŷörüpdirler. Rimliler diñe bir ŷörişden soñ 150 müñ adamy satypdyrlar.

Adatça şäheri eŷelänsoñ serkerde ony öz urşujylaryna talamaga berŷär eken. Ele salnan oljanyñ bir bölegi Rimiñ gaznasyna giripdir.

Oljanyñ galan bölegini komandirler we urşujylar öz aralarynda paŷlasypdyrlar. Serkerdeler uruşdan baŷlaşyp gelipdirler.

Senat ŷeñiş gazanan serkerdäni hormatlap, triumf gurapdyr. Triumf geçiriji dört sany at goşulan kolesnisa münüp, öz goşunyna baş bolup Rime dabaraly girŷär eken. Uruşda talanyp alnan oljany we zynjyr salnan ŷesirleri triumph geçirijiniñ öñüne salyp getiripdirler.

**5. Rim welaŷatlarynyñ ŷagdaŷy.** Rimiñ basyp alan ŷurtlaryna *welaŷatlar* diŷip at beripdirler. Olary çäksiz häkimiŷeti bolan rim namestnikleri dolandyrypdyrlar.

Ýurdy talamaklyk onda uruş gutarandan soñ hem dowam edipdir.

Rimliler welaŷatlardaky magdan känlerini, iñ gowy sürümli ŷerleri we öri meŷdanlaryny basyp alypdyrlar. Sisiliŷadan we Demirgazyk Afrikadan Rime arzan galla daşapdyrlar.

Welaŷatlaryñ ilatyna ägirt uly salgyt salypdyrlar. Salgydyny töläp bilmedikleri maşgalasy bilen bile gulçulyga satypdyrlar. Kiçi Aziŷanyñ oblastlarynyñ birinde gulçulyga satylandyklary üçin uly ŷaşly erkek adamlaryñ ŷekejesiniñ hem galmandygyny habar beripdirler. Mundan başga-da, namestnikler ŷerli ilatyñ emlägini zorluk bilen öz peŷdasyna alŷar ekenler. Olar welaŷatlarda 3-4 ŷyllap hojaŷynçylyk eden wagtynyñ dowamynda ummasyz baŷlyklary toplapdyrlar.Bir namestnik barada şeŷle diŷipdirler: “Ol baŷ welaŷata garyp bolup geldi we garyp welaŷatdan baŷ bolup gitdi”.

*B.e.öñ III-II asyrlarda Rimiñ talañçylykly uruşlary netijesinde Orta ŷer deñziniñ birentek halklary onuñ häkimiŷeti astyna düşüpdirler.*

1. **B.e.öñ II-I asyrlarda Rimde hojalygyñ ösmegi we gullaryñ zähmetiniñ peŷdalanmagy.** Welaŷatlardan talanyp alnan baŷlyklaryñ köp bölegi rim gul eŷeleriniñ eline düşüpdir. Olar şol serişdeleriñ hasabyna öz mülklerinde dowar sürülerini, üzüm agaçlaryny, baglary ösdürip ŷetişdiripdirler, şäherlerde ussahanalary gurapdyrlar, uly gämileri gurupdyrlar.

Köp adamlaryñ gula öwrülmegi hojalygy artykmaç işçi güŷji bilen üpjün edipdir. Orta ŷer deñziniñ sebitinde ähli ŷerlerde gul satylŷan bazarlar bolupdyr. Bir gezek bazarda 10 müñ adam satylypdyr.

Ispaniŷadaky kümüş känlerinde gullaryñ 50 müñe golaŷy işlapdir. Uly gämilerde kürekleŷji gullaryñ 150-200-si bolupdyr. Gurluşyk işleri bilen hem gullar meşgullanypdyrlar.

Italiŷanyñ oba hojalygynda gullar ylaŷta-da köp bolupdyr. Rim aristokratlary obşinanyñ ekin meŷdanlaryndaky ŷerleri basyp alypdyrlar, daŷhanlaryñ uçastoklaryny satyn alypdyrlar ŷa-da ellerinden alypdyrlar. Olaryñ mülklerinde esasy işleri gullar ŷerine ŷetiripdirler: ŷer sürüpdirler, ekin ekipdirler, hasyl ŷygnapdyrlar, döwek döwüpdirler, mynçgalap üzümiñ suwuny we zeŷtunyñ ŷagyny alypdyrlar, mal sürülerini bakypdyrlar.

Gullaryñ köpüsi baŷ rimlileriñ hyzmatkärleri bolupdyr.

**2. Gullaryñ ekspluatirlenmegi.** Rimde "lal" zähmet gullary- meselem, araba, plug, "molaŷan" zähmet gurallary- öküzler we "gepleŷän" zähmet gurallary-gullar bar diŷipdirler. Gul öz adyny ŷitiripdir. Oña haŷsy-da bolsa bir lakam, köplenç wagtlar ŷigrenji lakam dakylypdyr ŷa-da Persiŷaly, Siriŷaly, Gall diŷip onuñ adyny tutupdyrlar.

Hasyl ŷygymy wagtynda gullary 17-18 sagatlap işlemäge mejbur edipdir. Aç gul bir gysym uny agzyna ataŷmasyn diŷip, onuñ boŷnuna agaçdan ŷasalan tigir geŷdiripdirler. Hojaŷyn gula ŷylda bir Köŷnek beripdir, ol hem ŷylyñ ahyryna ŷyrtylyp sal-sal bolŷar eken. Emma guluñ şol köneesgä eŷelik etmägede hukugy bolmandyr, olardan gurnama ŷorgan tikipdirler.

Ysgyndan gaçan, işden galan gullary satypdyrlar ŷa-da Tibr derŷasyndaky çola ada äkidip taşlapdyrlar, ol ŷerde gullar açlygyndan ölüpdirler. Gul eŷesi olara derek täze gullary satyn alypdyr.

**3. Gladiatorlaryñ söweşleri.** Has çakgan we güŷçli gullara mekdep-zyndanlarda ŷarag ulanmagy öwredipdirler we olary bir-birleri bilen söweşmäge mejbur edipdirler. Olara *gladiatorlar* diŷip at beripdirler.

Gladiatorlaryñ söweşleri üçin biziñ häzirki sirklerimize meñzeş *amfiteatrlar* gurupdyrlar. Onuñ ortasynda çäge düşlen meŷdança- *arena* bar eken. Tomaşaçylaryñ oturŷan orunlary

basgançak-basgançak bolup, ŷokarlygyna galyp gidŷär eken. Baŷramçylyk günleri arenalarda gladiatorlaryñ arasynda başa-baş söweşler hem-de tutuş otrŷadlaryñ söweşleri bolŷar eken. Ýeterlik derejede mertlik bilen göreşmeŷän gladiatorlary gamçylap hem-de ŷiti naŷzalar bilen gorkuzyp söweşdiripdirler.

Ýeñlen, emma entek diri gladiatoryñ ykbalyny tomaşaçylar çözŷär eken. Eger tomaşaçylar ellerini galdyrsalar, ŷeñlen öldürilmän galdyrylypdyr, eger olar elleriniñ başam barmaklaryny aşak goŷbersler, onda ŷñiji ŷeñleni naŷza bilen sanjyp öldüripdir.

Ýeñiji indiki söweşe çenli türmä gaŷtarylyp äkidilipdir, oña-da, belki, ölüm garaşŷandyr.

Gladiatorlaryñ ŷolbarslap, gaplañlar we beŷleki wagşy haŷwanlar bilen başa-baş söweşleri hem guralypdyr.

**4. Gul eŷeleri gullary boŷun egmäge nähili mejbur edipdirler.** Gözegçiler gullara berk gözegçilik edipdirler. Gul eŷeleri gullar göreşmek hakynda dilleşerler öŷdüp gorkupdyrlar, şoña görä-de olara öz aralarynda gepleşmäge gadagan edipdirler- gul ŷa-ha işlemeli, ŷa-da ŷatmaly bolupdyr. Hojaŷynlar dürli ŷurtlardan getirilip, bir-birleriniñ diline düşünmeŷän gullary satyp almaga çalşypdyrlar. Gullar gaçyp gitmez ŷaly, gijesine gul eŷesiniñ jaŷyny gulplaŷar ekenler. Gedemräk gullar demirden ŷasalan, sürtüp bedenine ŷara salŷan bukaw geŷdirilgi işläpdirler we ŷatypdyrlar. Guluñ ŷüzüne köplenç gul eŷesiniñ tagmasyny basypdyrlar.

Ýazgarylan gullary gynapdyrlar: gamçy bilen saŷgylapdyrlar, bogunlaryny ŷazdyrypdyrlar. Gul eŷeleriniñ pikiriçe, “bu ŷygyndydan ŷygnananlary gorkuzman dolandyrmak mümkin däldi”. Gul eŷesi guly öldürip hem bilŷär eken- onuñ elini, aŷagyny gerip, haja çüŷläp öldürŷär eken. Adam şeŷle edilende günüñ ŷakyp barŷan şöhleleriniñ astynda uzak wagtlap gynalap, gyzgyny bolup ölŷär eken.

*Rimdäki ŷaly, gullaryñ şeŷle köplügi we rehimsiz ekspluatirlenmegi gadymy dünŷä ŷurtlarynyñ hiç birinde-de bolmandyr. Bu ŷerde gullaryñ öz ezijilerinegarşy göreşi ylaŷta-da dartgynly, gazaply hem-de köpçülikleŷin bolupdyr. Gul eŷeçilik gurluşy Rimde iñ ŷokary ösüş derejesine ŷetipdir.*

Baryp b.e.öñ II asyrda Rimiñ welaŷatlarynda gullaryñ gozgalañlary turupdyr. Sisiliŷa adasynda turan gozgalañ has-da dartgynly bolupdyr we uzaga çekipdir. Bu gozgalañ alty ŷyl dowam edipdir we rimliler ony uly kynçylyk bilen basyp ŷatyrypdyrlar.

## § 4. B.e.öñ II asyrda Italiŷada daŷhanlaryñ ýagdaýy. Sezaryñ Rimde häkimiŷeti basyp almagy.

**1. Italiŷanyñ daŷhanlarynyñ tozmagy.** Rimiñ basybalyjykly uruşlary Rimiñ gul eŷelerini baŷlaşdyrypdyr, emma Italiŷanyñ daŷhanlaryny tozdurypdyr.

Ýaş daŷhanlar köp ŷyllap Ispaniŷada we Gresiŷada, Aziŷada hem-de Afrikada söweşipdirler, olaryñ birentegi uruşda wepat bolupdyr. Uruşdan sag-aman gaŷdyp geläŷende-de, Daŷhan öz hojalygynyñ bütinleŷ pese gaçandygyny ŷa-da özüniñ ŷerini baŷ goñşusynyñ eŷeländigini görüpdir.

Italiŷa gullaryñ dyngysyz köp getirilmegi daŷhanlary öñküden-de beter tozdurypdyr. Gullaryñ güŷji bilen ŷerleri işläp bejermek we mal bakmak arzan düşüpdir. Daŷhanlar öz zähmet çekip öndüren oñumini ŷerleşdirip bilmändirler we özleriniñ gul eŷelerine arzan bahasyna satmaga mejbur bolupdyrlar. Ozallar daŷhanlaryñ ŷaşan ŷa-da ol ŷerler gul eŷeleriniñ mülküne öwrülipdir.

Tozdurylan daŷhanlar Rime we beŷleki şäherlere gidipdirler: olar şol ŷerlerde gazanç edip bilmändirler, çünki bu ŷerde-de işleriñ hemmesini diŷen ŷaly gullar ŷerine ŷetiripdirler. Şäherlerde öŷsüz-öwzarsyz we işsiz on müñlerçe adam ŷygnanypdyr.

**2. Tiberiŷ Grakhyñ ŷer hakyndaky kanuny teklip etmegi.** Daŷhanlaryñ ŷerleriniñ elden giderilmegi netijesinde harby gulluga çagyrylŷan adamlaryñ sany azalypdyr. Munuñ özi Rim goşunynyñ gowşamagyna getiripdir. Goşun rimlileriñ agyr süteminden azat bolmaga çalşan welaŷatlardaky gozgalañlary zordan basyp ŷatyrypdyr.

Daŷhanlaryñ tozdurylmagynyñ we öz ezijilerini ŷigreniŷän köpsanly gullaryñ magdan känlerinde we mülklerde has köp jemlenmeginiñ Rim üçin howplydygyna käbir gul eŷeleri düşünipdirler.

Asly beg plebeŷler maşgalasyndan bolan doganlar Grakhlar muña oñat düşünipdirler. Mertligi we ak ŷürekliligi üçin Rimde olara uly hormat goŷlupdyr.

**B.e.öñ 133-nji ŷylda** halk ŷygnagy doganlaryñ ulusyny – Tiberini halk tribuny edip saŷlapdyr. Tiberiŷ täze kanun kabul etmegi teklip edipdir, şol kanun boŷunça bolsa rim maşgalalarynyñ her biri döwlet ŷerleriniñ 250 gektaryndan köp peŷdalanyp bilmändir; artyk ŷerler gaŷtarylyp alnyp, garyplaryñ özlerine paŷlanyp berilmelidi. Şol ŷeri satmak gadagan edilŷärdi, ol daŷhanyñ elinde hemişelik galdyrylŷardy.

Döwlet ŷerlerini bikanun eŷelän iñ baŷ gul eŷelerinden ybarat bolan senat muny gahar-gazap bilen garşylapdyr we bu teklibi ret edipdir.

**3. Ýer hakyndaky kanun ugrunda göreş we Tiberiniñ heläk bolmagy.** Tiberiŷ halka ŷüzlenipdir. Italiŷanyñ ähli ŷerlerinden Rime gelen köp sanly garyplaryñ ŷygnanyşygynyñ öñünde aŷdyñ söz sözläp, ol özüniñ hödürleŷän täze kanunynyñ adalatlygyny subut edipdir.

Ýygnanyşykda gyzgalañly çekişmeler bolupdyr. Jaŷlaryñ diwarlarynyñ, sütünleriniñ ŷüzi ŷazgylardan dolupdyr, olarda garyplar Tiberini aŷgytly hereket etmäge çagyryp-dyrlar. Halk öz tribunyny goldapdyr. Tiberiŷ tarapyndan çagyrylan köp adamly ŷygnak ŷer hakyndaky kanuny kabul edipdir.

Senat halkyñ gahar-gazabyndan gorkup, ŷygnagyñ kararyna aç-açan garşy çykmaga milt edip bilmändir.

Tiberiniñ baştutnlygyndaky komissiŷa artyk ŷerleri alyp, olary garyplara paŷlap başlapdyr.

Tiberiniñ duşmanlary ol patyşa bolmak isleŷär diŷip, oña töhmet ŷöñkäpdirler. Olar Rimde çagyrylan halk ŷygnagynda Tiberä söz sözlemäge maŷ bermän, uly goh turzup-dyrlar.

Senatorlar öz ŷigrenŷän tribunyndan öç almak üçin şol töhmetden peŷdalanypdyrlar. Senatorlaryñ baştutany beŷlekileri “respublikany halas etmäge” çagyrypdyr. Olar ŷygnak bolŷan ŷere bolŷan ŷere ylgap barypdyrlar. Adat boŷunça jemagat senatorlaryñ öñünden sowlup, olara geçmäge ŷol beripdir. Senatorlar serdessedir taŷak bilen ŷaragsyz Tiberini we onuñ 300 sany tarapdaryny urup öldüripdirler. Öldürilenleri Tibr derŷasyna taşlapdyrlar. Diñe jenaŷat eden adamlaryñ meŷitleri şeŷdilŷär eken.

**4. Gaŷ Grakhyñ Tiberiniñ işini dowam etdirmäge synanyşmagy.** Öldürilen Tiberiŷ Grakhyñ dogany Gaŷ Grakh halk tribunlygyna b.e.öñ 123-nji ŷylda saŷlanypdyr. Ol ŷer paŷlamagy dowam etdiripdir. Doganlar Grakhlaryñ işlän wagtynda garyplaryñ on müñlerçesi ŷer alypdyr.

Gaŷ senatyñ häkimiŷetini çäklendirmäge we döwleti dolandyrmaga garyplary çekmäge çalyşypdyr. Emma Grakhy goldaŷan ilatyñ bir bölegini ŷalan wada berip, öz tarapyna çekmek senata başardypdyr. Gaŷyñ tribunlyga saŷlanan wagty tamamlanandan soñ, senat bilen konsul Grakhyñ we oña wepaly adamaryñ garşysyna goşun iberipdir. Gaŷyñ kellesini kesip getirene onuñ agramyna barabar altyn bermegi senat wada beripdir. Rimiñ köçelerinde hakyky söweş bolupdyr. Gaŷ Grakh we onuñ 3 müñ tarapdary öldürilipdir.

Ýer paŷlamak bes edilipdir. Tiz wagtdan soñ daŷhanlaryñ döwletden alan ŷerlerini satmaga rugsat berilŷändigi hakynda kanun çykarylypdyr. Daŷhanlaryñ tozmagy we gul eŷeleriniñ olardan ŷerleri satyn almagy dowam edipdir.

Rimiñ garyplary öz tribunlaryny hoşallyk bilen ŷatlamagy unutmandyrlar. Grakhla-ryñ öldürimeginde günäkärleri şeŷle bir ŷigrenç döräpdir welin, olar Rimi taşlap gitmäge mejbur bolupdyrlar.

*Grakhlaryñ kanunlary Italiŷada daŷhanlaryñ tozdurylmagyny diñe sähel wagtlap haŷalladypdyr, emma bütinleŷ ony togtadyp bilmändir. Gul eŷeçilik gurluşynyñ ösmegi daŷhanlaryñ gutulgysyz tozmagyna getiripdir.*

**5.Rim goşunynyñ hakyna tutma goşuna öwrülip başlamagy.** Gurply daŷhanlaryñ sanynyñ azalmagynyñ dowam etmegi b.e.öñ II asyryñ aŷagynda ŷersiz garyplary hem goşuny almagy talap etdi.

Goşunda gulluk etmek 10 ŷyllap we ondan-da köp wagtlap dowam edipdir. Legionerlere ŷarag berlipdir, hak tölenipdir we olar harby tälim alypdyrlar.

Rim goşunynyñ söweşjeñ sypatlary ŷokarlanypdyr. Emma indi goşun esasan hem öz watanyny goramaga beŷle-de dursun, hut özüniñ şahsy taŷdan baŷlaşmagy hakynda aladalanŷan hakyna tutmalardan ybarat bolupdyr. Hakyna tutulan adamlar kim köp tölese, şoña gulluk etmäge taŷŷar bolupdyrlar.

**6. Spartagyñ baştutanlygynda gullaryñ gozgalañy.** Gozgalaña gatnaşanlaryñ gozgalañ hakynda berŷän ŷekeje maglymaty-da saklanyp galmandyr. Şoña görä-de gozgalañ turzanlaryñ birentek planlary we olaryñ durmuşynyñ jikme-jikleri mälim bolman gelŷär. Ýöne biz ol barada diñe onuñ duşmanlarynyñ- rim we grek ŷazyjylarynyñ beren gürrüñlerinden bilŷäris.

B.e.öñ I asyrda Italiŷada gullaryñ sany artmagyny dowam etdiripdir. Olaryñ ŷagdaŷy öñküsi ŷaly çydamsyz agyr bolupdyr. Munuñ özi gullaryñ gul eŷeleriniñ garşy göreşiniñ mundane beŷläk-de güŷçlenmegine getiripdir.

Kapuŷe şäherinde gladiatorlaryñ uly mekdebi-zyndany bolupdyr. **B.e.öñ 74-nji ŷylda gladiatorlar** bu ŷerde gizlinlik bilen gaçmaga taŷŷarlanypdyrlar. Zyndanyñ sakçylary muny

añypdyrlar. Her niçigem bolsa gladiatolaryñ onlarçasyna zyndandan gaçmak başardypdyr. Olar Wezuwiŷ dagynda gizlenipdirler.

Gozgalañçylaryñ serdary *Spartak* bolupdyr, ol özüniñ örän güŷçlüligi, akyllylygy hem-de batyrlygy bilen tapawutlanypdyr. Spartagyñ asly Balkan ŷarym adasynyñ demirgazyk-gündogarynda ŷaşan frakiŷalylaryñ taŷpasyndan eken. Ony rimliler ŷesir alypdyrlar, gaçjak bolup synanyşypdyr weli, ony gladiatorlyga beripdirler.

Gozgalañçylar ilki diñe ujy ŷiteldilen taŷaklardyr aş pyçaklary bilen ŷaraglanan ekenler; olar üzüm çybygyndan özlerine galkan örüpdirler. Gladiatorlar baŷ mülkleriñ we geçip barŷan ŷükli arabalaryñ üstüne çozup, duşmandan basyp alnan ŷaraglar bilen ŷaraglanypdyrlar. Töwerekdäki mülkleriñ gullary hem Spartaga birigip başlanypdyrlar.

Rim urşujylarynyñ 3 müñüsi gullaryñ gaçybatalgasynyñ daşyny gabapdyr. Rimliler gaŷadan aşak inŷän ŷeke-täk ŷodany eŷeläpdirler. Olar açlyk gozgalañçylary boŷun egmäge mejbur eder öŷdüpdirler. Emma gullar ŷabany üzüm çybyklaryndan örüp, uzyn merdiwan ŷasapdyrlar-da, gije gaŷanyñ kert ŷerinden aşak düşüpdirler. Rimliler şeŷle gaŷadan aşak düşmek mümkin däldir öŷdüpdipdirler we ol ŷere gorag goŷmandyrlar. Gozgalañçylar rim otrŷadynyñ üstüne duŷdansyzlyk bilen çozup ony ŷok edipdirler.

**7. Azatlyk ŷolunda.** Gozgalañçylaryñ üstünlikleri baradaky habarlar ŷurduñ ähli ŷerine ŷaŷrapdyr. Öz başyna düşen ŷowuz külpet bilen ylalaşmak islemedik gullar Italiŷanyñ hemme ŷerinden Spartagyñ ŷanyna gaçyp barypdyrlar. Dürli dillerde gepleŷän we köplenç biri-birleriniñ diline düşünmeŷän onlarça müñ gul ŷygnanypdyr. Spartak rim goşunynyñka meñzeş edip, olardan pyŷada, atly goşun we razwedka gurapdyr. Gozgalañçylaryñ lagerinde demirçi ussalar gije diŷmän, gündiz diŷmän ŷarag ŷasapdyrlar. Senat gozgalañ turzanlaryñ goşunynyñ nähili elhenç güŷçdigine ahyrsoñy düşünipdir, şoña

görä-de gozgalañçylaryñ garşysyna goşunlary bilen konsullaryñ ikisini-de iberipdir.

Spartak gozgalañçylary Italiŷanyñ demirgazygyna äkidipdir, ol goşunda berk düzgün-nyzamy ŷola goŷupdyr. Spartagyñ girizen düzgün-nyzamy gullaryñ käbirlerine ŷaramadyk bolara çemeli. Gozgalañçylaryñ bir bölegi Spartakdan bölünip gidipdir we rehimsizlik bilen jezalandyrylypdyr – rimliler olaryñ üstüne çozup olary gyrypdyrlar. Konsullar gozgalañçylaryñ esasy güŷçlerine-de gabamak hem-de ŷok etmek isläpdirler. Emma Spartak konsullaryñ planyny añypdyr. Olary biri-biri bilen birleşmäge goŷman, ŷekeme-ŷekelikde çym-pytrak edipdir.

Spartak öz mähriban ülkelerine gaŷdyp baryp biler ŷaly, gullary Italiŷadan çykarma-gy göz öñünde tutan bolmaga çemeli. Gozgalañçylar söweşler bilen Po derŷasynyñ jülgesine çykypdyrlar. Azatlyga tarap ŷol açylypdyr. Emma Spartak birden-kä yzyna dolanypdyr. Ähtimal, gullaryñ köpüsiniñ Italiŷadan çykyp gitmek islemedik bolmagy mümkin.

Spartagyñ gaŷdyp gelendigi baradaky habar rimlileriñ arasynda howsala döredipdir. Olar gozgalañçylardan şeŷle bir gorkupdyrlar, hat-da Spartak ŷakynlaşanda şöhrat gazanan rim goşunynyñ tutuş otrŷadlary gaçypdyr.

Ahyrsoñy rimliler döwletiñ ähli güŷçlerini gozgalañ turzan gullaryñ garşysyna aŷaga galdyrypdyrlar. Rim gul eŷeleri gyssanmaçlyk bilen täze uly goşun ŷygnapdyrlar. Baŷ *Krass* goşunyñ komanduŷuşisi bolupdyr. Senat oña kömek etmek üçin Ispaniŷadan we Balkan ŷarym adasyndan goşun çagyrypdyr. Krass goşunda düzgün-nyzamy dikeltmek üçin gozgalañçylardan gaçan otrŷadlaryñ urşujylarynyñ her onusyndan birini bije arkaly jezalandyryp öldüripdir.

Spartak öz goşunyny Italiŷanyñ günorta-günbataryndaky burna äkidipdir. Ol Sisiliŷadaky gullary hem gozgalaña galdyrmak üçin ol ŷere geçmek isläpdir. Deñiz garakçylary gozgalañçylardan hak alyp, bogazdan geçirmegi wada beripdirler, emma Spartagy aldapdyrlar. Gullar sal ŷasapdyrlar,

emma duŷdansyz turan gaŷ olaryñ sallary-ny dyr-pytrak edipdir. Sisiliŷa gaty golaŷ bolsa-da, olar oña geçip bilmändirler.

Krass Spartagyñ goşunynyñ üstüne çozmaga ŷürek edip bilmändir. Ol burna tarap barŷan ŷeke-täk ŷoluñ geçŷän ŷeri bolan insiz çatrygy eŷeläpdir. Deñiz çatrygynyñ bir kenaryndan beŷleki kenaryna çenli rimliler çuñ garym gazypdyrlar-da, onuñ öñüne belent seññer galdyrypdyrlar. Gozgalañçylar duzaga düşüpdirler. Olaryñ arasynda açluk başlanypdyr.

Spartak gozgalañçylara ŷüzlenip söz sözläp, “açlykdan ölenden ŷaragdan ölen ŷagşy-dyr” diŷipdir. Gyşyñ gaŷly gijesi Spartak öz goşunlaryny berkitmeleri zabt etmäge sürüpdir. Gozgalañçylar bir ŷerde öz öñlerindäki garymy gömüpdirler, seññeri eŷeläpdirler, duzakdan sypypdyrlar.

Gullaryñ bir bölegi ŷene-de Spartagyñ goşunyndan bölünip aŷrylypdyr. Krass olaryñ üstüne duŷdansyz çozupdyr-da ählisini gyrypdyr.

Edil şol wagt Balkan ŷarym adasyndan getirilen legionlar Italiŷada düşüp başlapdyr-lar we Ispaniŷadan *Pompeŷiñ* komandirligi astynda iberilen goşunlar hem gelipdir. Rim goşunlarynyñ birleşmegine ŷol bermejek bolup Spartak Krassyñ garşysyna ugrapdyr.

**B.e.öñ 71-nji ŷylda** Spartagyñ rim goşunyna garşy iñ soñky söweşi bolupdyr. Spartak rimlileri baştutansyz goŷmak üçin rim goşunynyñ hatarlaryny böwsüp Krassy öldürmäge synanyşypdyr. Spartagyñ kuwwatly zarbalaryndan duşmanyñ komandirleriniñ ikisi ölüpdir. Emma onuñ özi hem uŷlugyndan ŷaralanypdyr. Ýaralanan Spartak ŷeke dyzynyñ üstünde söweşmegini dowam etdiripdir. Rimliler ony diri tutup bilmändirler. Garpyşykly söweşde ony kerçäpdirler, hatda soñra söweş meŷdanynda onuñ meŷdi hem tapylmandyr.

Gozgalañçylar iñ soñky söweşde hem uly mertlik görkezip söweşipdirler. Emma gozgalañçylar tapdan düşüpdirler,

duşmanyñ güŷji gozgalañçylaryñkydan agdyk bolup-dyr. Gozgalañçylaryñ goşunyny çym-pytrak edilipdir, onuñ galyndylary dyr-pytrak bolupdyr. Pompeŷiñ ŷetip gelen legionlary söweşde diri galan gullary gyrypdyrlar. Rimliler ŷesir düşenleriñ ellerini we aŷaklaryny gerip haça çüŷläpdirler. Kapuŷeden Rime gelŷän ŷoluñ ugrunda çalajan gullar çüŷlengi sütünleriñ 6 müñüsi dikilip goŷlupdyr.

Rim gul eŷeçilik döwleti öz bar güŷjüni tijäp, kynlyk bilen öz esasy wezipesini ŷerine ŷetiripdir – gullaryñ ägirt uly gozgalañyny basyp ŷatyrypdyr.

W.I.Lenin gullaryñ gozgalañyna we Spartagyñ hut özüne ŷokary baha berdi. Ol şeŷle diŷdi: "… Spartak gullaryñ iñ uly gozgalañçylarynyñ birinji iñ görnükli gahrymanlarynyñ biri bolupdyr".

*Bütin gadym dünŷäde gullar synpy bilen gul eŷeleri synpynyñ arasynda barlyşyksyz göreş alnyp barlypdyr. Gul eŷeçilik gurluşynyñ has ŷokary derejede ösen ŷeri bolan Rimde gullaryñ synpy göreşi aŷratyn gazaply we tutanŷerli bolupdyr.*

**1. Rimde serkerdeleriñ häkimiŷetiniñ güŷçlenmegi.** Rim respublikasynyñ territoriŷasynyñ giñelmegi, ŷurda gullaryñ ägirt köp getirilmegi gul eŷeçilik döwletiniñ berkidilmegini talap edipdir. Her ŷyl çalşyrylŷan konsullar gullar bilen gul eŷeleriñ arasyndaky, garyplar bilen baŷlaryñ arasyndaky içerki göreş zerarly lerzana getirilen ägirt uly döwleti dolandyrmaga zordan hötde gelipdirler. Rimden müñlerçe kilometr uzaklykda bolŷan, uzak ŷyllar dowam etdirilŷän uruşlarda legionlara komandirlik etmek olar üçin has hem çylşyrymly bolupdyr. Goşunlara komandirlik etmegi konsullara däl-de, tejribeli goşunbaşylara ŷygy-ŷygydan tabşyrmaly bolupdyr.

Űstünlikli alnyp barlan basybalyjylykly uruşlar we goşunyñ hakyna tutma goşuna öwrülmegi Rimde serkerdeleriñ häkimiŷetini diŷseñ güŷçlendiripdir. Senatyñ tabşyrma-gy boŷunça olaryñ özleri goşun ŷygnapdyrlar. Legionerler diñe özleriniñ goşunbaşylaryna boŷun egipdirler, olardan hak

alypdyrlar we uruşda ele salnan oljanyñ bir bölegini alypdyrlar. Goşunbaşylar kim bilen söweşmegi boŷursa, legionerler şonuñ bilen hem söweşmäge taŷŷar bolupdyrlar.

Gul eŷeleriniñ birentegi konsullara garanda güŷçli goşuny bolan edermen serkerde gullaryñ we garyplaryñ garşylygyny rehimsiz basyp ŷatyrar öŷdüpdirler. Uruşlarda ŷeñiş gazanyp şöhratlanan we b.e.öñ 71-nji ŷylda gullardan rehimsiz öç alan Pompeŷ munuñ üçin amatly adam bolupdyr.

**2. Galliŷanyñ basylyp alynmagy.** *Ýuliŷ Sezar* hem Rimde häkimiŷet başyna geçmäge çalşypdyr. Onuñ asly patrisileriñ begzada maşgalasyndan eken. Sezar Rimiñ garyplaryny ŷigrenipdir, emma olary Rimde öz häkimiŷetini gurmak üçin peŷdalanypdyr. Şonuñ üçin hem ol garyplara mugt galla paŷlanylmagyny, ŷer uçastoklarynyñ berilmegini talap edipdir, olar üçin gladiatorlaryñ söweşine tomaşa etmegi gurapdyr. Sezar özüniñ konsul saŷlanmagyny gazanypdyr, soñra bolsa Galliŷa welaŷatynyñ namestlikligine bellenipdir.

Gallar Po derŷasynyñ jülgesinden başga-da häzirki Fransiŷanyñ territoriŷasynda hem ŷaşaŷar ekenler. Olar bir-birlerine duşmançylykly köp sanly taŷpalara bölünipdirler. Galliŷanyñ diñe günorta bölegi rimlileriñ elinde eken. Sezar gallaryñ bütin ŷurduny basyp almak üçin olaryñ garşysyna urşa başlapdyr.

Rimliler tokaŷlyk we batgalyk ŷerlerde kyn uruş alyp barmaly bolupdyrlar. Sezar özüni ŷadawsyz urşujy we zehinli serkerde hökmünde tanadypdyr. Ol batyrgaŷ we gujurly hereket edipdir, öz legionlary bilen garaşylmaŷan ŷerlerde peŷda bolupdyr. Gal-lar özleriniñ garaşsyzlygy ugrunda mertlerçe söweşipdirler. Galliŷada uruş sekiz ŷyllap dowam edipdir. Gallaryñ başly-barat leşgerleri söweşlerde taplanan rim legionlaryna garşy durup bilmändirler.

Rimliler ŷüzlerçe müñ ŷesir alypdyrlar we olary gulçulyga satypdyrlar. Olar gallaryñ mukaddes ŷerlerini talapdyrlar, şol ŷerlerde bolsa hudaŷlara sadaka berlen altyn saklanŷar eken.

Ele salnan oljanyñ hasabyna Sezar öz urşujylaryna tölenÿän haky artdyrypdyrlar. Ol urşujylara ÿer bermegi hem wada beripdir. Rimde Sezaryñ adyndan şagalañlar geçirilipdir we garyplara galla paÿlanypdyr.

**3. Rimde häkimiÿeti basyp almak ugrundaky uruşlar.** Galliÿany basyp alandan soñ Sezaryñ güÿçli, özüne wepaly goşuny bolupdyr. Onuñ görnükli serkerde hökmünde şöhraty we ägirt uly baÿlygy bolupdyr. Sezar goşuna daÿanyp, ÿokary häkimiÿeti basyp almagy, senaty özüne boÿun egdirilmegi ÿüregine düwüpdir.

**B.e.öñ 49-njy ÿylda** Sezar öz goşunlary bilen Rimiñ üstüne ugrapdyr. Galliÿanyñ serhedinden – Rubikon derÿasyndan heçmek respublika garşy dildüwşük diÿen ÿaly bolupdyr. Sezaryñ öñünde: ÿa Rimiñ üstünden agalyk etmek, ÿa-da masgaraçylykly jezalandyryp öldürilmek durÿardy. Sezar sulsadyny durzup uzak wagtlap oÿlanypdyr we ahyrsoñy: “Bije atyldy” diÿipdir we derÿa tarap ugrapdyr.

Senatyñ goşuny ep-esli köp bolupdyr, ÿöne olar welaÿatlarda pytraññy eken. Senat goşuna komandirlik etmegi Pompeÿe tabşyrypdyr. Sezar şeÿle çalt hereket edipdir weli, Pompeÿ garşylyk görkezmegi gurap bilmändir we howlukmaçlyk bilen Rimden çykyp gidipdir. Gul eÿeleriniñ bir bölegi we garyplar Sezaryñ tarapyna geçiripdirler: rim garyplary Sezar özleriniñ ÿagdaÿyny gowulandyrar diÿip tama edipdirler. Sezaryñ goşunlary hiç bir gaÿtawula duş gelmän diÿen ÿaly Rimi we bütin Italiÿany eÿeläpdir.

Pompeÿ Balkan ÿarym adasynda uly goşun ÿygnapdyr. Sezar ol ÿere öz legionlaryny iberipdir. Sezar söweşde Pompeÿiñ planyny añypdyr. Sezar başarjañlyk bilen buky gurap, öz goşunlarynyñ gabalmagyna ÿol bermändir. Sezaryñ saÿlantgy legionerleriniñ duÿdansyzlyk bilen eden okgunly hüjümi oña ÿeñiş getiripdir. Pompeÿiñ goşuny çym-pytrak edilipdir, onuñ galyndylary boÿun egipdir. Pompeÿiñ özi bolsa gaçypdyr, emma tiz wagtdan soñ öldürilipdir. Sezar bütin Rim

respublikasynda öz häkimiýetini gurmak üçin Aziýada, Afrikada we Ispaniýada ýene üç ýyl söweşipdir. Sezaryñ tarapdarlary bilen Pompeýiñ tarapdarlarynyñ arasynda bolan uruşlar bolupdyr. Olary *Rimde graždanlyk uruşlary* diýip atlandyrýarlar.

**4. Sezar Rimiñ hökümdary.** Sezar ýeñiş gazanandan soñ Rime gaýdyp gelipdir. Ol özüne wepaly goşunlara daýanyp, çäklendirilmedik häkimiýetden peýdalanypdyr. Senat we konsullar onuñ buýruklaryny gulak asyjylyk bilen ýerine ýetiripdirler. Sezar özüni "imperator" diýip atlandyrypdyr, munuñ özi latynça "hökümdar" diýmekdir.

Hökmürowan imperatory patyşa ýaly hormatlapdyrlar. Teññeleriñ ýüzüne onuñ portretini çekipdirler, onuñ statuýalarynyñ ýanynda goýupdyrlar. Ol senatda pil süñkünden we altyndan ýasalan kresloda oturýar eken. Sezar öz urşujylaryny sahylyk bilen sylaglapdyr, emma welin garyplaryñ eden tamasyny ödemändir. Ol Rimde hatda galla paýlanylyşyny-da azaldypdyr.

**5. Sezaryñ ölümi.** Senatorlaryñ bir topary Sezaryñ ýeke-täk hökümdarlygyndan nähili bolupdyrlar; olar Rimde aristokratik respublikany saklap galdyrmak we häkimiýeti öz ellerinde saklamak isläpdirler. Bu senatorlar dildüwşük gurapdyrlar. Şol dildüwşüge *Brut* baştutanlyk edipdir, ony Sezar öz dosty hasaplaýar eken. B.e.öñ 44-nji ýylda dildüwşüjiler senatyñ mejlis geçirýän wagtynda Sezaryñ daşyny gabapdyrlar. Olar geýimleriniñ aşagynda gizläp gamalaryny çykaryp, Sezaryñ 23 ýerinden ýaralapdyrlar, ol şol ýaralardan oturan ýerinde dessine ölüpdir.

Sezaryñ Rimde hemişelik ýeke-täk hökümdarlygy gurjak bolan synanyşygy şowsuz gutarypdyr, emma ol Rimdäki respublikanyñ o diýen berk bolmandygyny görkezipdir.

## §5. Oktawian Awgustyñ we onuñ mirasdarlarynyñ döwründe Rim imperiŷasy.

**1. Sezar ölenden soñ häkimiŷet ugrunda göreş.** Sezary öldüren dildüwşüjileri rimliler goldamandyrlar. Häkimiŷetiñ diñe aristokratlaryñ elinde bolŷan respublikany goramak islänler az bolupdyr. Dildüwşüjiler Rimden gaçyp gitmeli bolupdyrlar. Respublikaçylar gündogar welaŷatlarda goşun ŷygnapdylar. Olar öz güŷçlerini Makedoniŷada jemläpdirler. Öldürilen imperatoryñ kömekçisi *Antoniŷ* we Sezaryñ ŷaş garyndaşy hem-de mirasdary *Oktawian* olara garşy çykypdyrlar. Antoniŷ uzyn boŷly we güŷçli pälwan, tejribeli urşujy eken. Emma keselbent we igli Oktawianyñ tejribesi-de, goşunbaşylyk ukyby-da bolmandyr. Emma ol örän mekir we seresap adam eken hem-de özüne talantly kömekçileri saŷlap almaga başarypdyr.

Antoniŷ bilen Oktawian bir-birlerini ŷigrenipdirler, emma respublikaçylara garşy göreşmek üçin öz adalarynda soŷuz baglaşypdyrlar. Olar goşunlaryny Rime girizipdirler, öz duşmanlarynyñ birnäçe müñüsini gyrypdyrlar we öldürenleriñ emlägini eŷeläpdirler. Soñra Antoniŷ we Oktawian öz goşunlary bilen Makedoniŷa geçipdirler. *Filippi* şäheriniñ golaŷynda bolan söweşde olaryñ goşunlary respublikaçylary ŷeñlişe sezewar edipdirler. Brut özüni gylyjyñ üstüne oklap öldüripdir. Rimdäki aristokratik respublikanyñ ykbaly gutarnykly çozülipdir.

Ýeñijiler Rim döwletini dolandyrmagy öz aralarynda paŷlaşypdyrlar. Antoniŷ gündogar welaŷatlary dolandyrypdyr. Ol Müsür patyşasynyñ gyzy *Kleopatra* öŷlenipdir-de Müsüriñ paŷtagty Aleksandriŷada ŷaşapdyr. Oktawian döwletiñ günbatar bölegini dolandyrypdyr.

Birnäçe ŷyldan soñ olaryñ arasynda uruş başlanypdyr. B.e.öñ 31-nji ŷylda deñizde Aksiŷ burnunyñ ŷanynda aŷgytly söweş bolupdyr. Oktawianyñ has çalt hereket edŷän gämileri söweşde

artykmaçlyk edipdir. Antoniŷ ŷeñlipdir we gämä münüp, Aleksandriŷa gaçyp gidipdir, onuñ floty we goşuny bolsa boŷun egipdirler.

B.e.öñ 30-njy ŷylda Oktawianyñ goşunlary Aleksandriŷany eŷeläpdirler. Antoniŷ bilen Kleopatra özlerini öldüripdirler. Müsür Rimiñ welaŷatyna öwrülipdir.

**2. B.e.öñ 30-njy ŷylda – b.e.öñ 14-nji ŷylynda Oktawian Awgustyñ dolandyryşy.** Rimde onlarça ŷyllar dowam eden graždanlyk urşy Oktawianyñ Antoniden üstün çykmagy bilen tamamlanypdyr.

Rim döwleti respublika diŷip atlandyrylmagyny dowam etdiripdir. Emma Oktawian imperator diŷen ady saklap galdyrmak we goşunlara komandirlik etmek bilen **b.e.öñ 30-njy ŷylda** Rimde özüniñ ŷeke-täk şahsy häkimiŷetini gyrypdyr.

Halk ŷygnagy her ŷyl konsullary, halk tribunlaryny we beŷleki wezipeli adamlary saŷlapdyr. Emma ol ŷa-da Oktawianyñ özüni ŷa-da onuñ görkezen adamlaryny saŷlapdyr. Imperatordan geñeşsiz öz kandidaturasyny konsullyga hödürlän rimlini zyndana salypdyr, ol şol ŷerde hem ölüpdir. Konsullar we tribunlar Oktawianyñ buŷruklaryny gürrüñsiz ŷerine ŷetiripdirler.

Rimde senat mejlis geçirilmegini dowam etdiripdir. Emma Oktawian senatdan öz duşmanlaryny kowupdyr we olaryñ ŷerine öz tarapdarlaryny belläpdir. Senatda ses berlende ol öz çözgüdini ilkinji bolup habar beripdir, şoña görä-de senatorlar imperatora ŷaramly kararlary Kabul edipdirler. Senat Oktawiana Awgust diŷen iññän hormatly at dakypdyr, bu bolsa "mukaddes" diŷmekligi añladŷar. Oktawian Awgust bütin ömründe dildüwşüklerden gorkupdyr. Senatda mydama onuñ töwereginde özüne wepaly adamlary oturŷar eken we ol geŷminiñ aşagyndan sowut geŷŷär eken.

Oktawian Awgustyñ Rim döwletinde girizen dolandyryş tertipleri ol ölenden soñ hem saklanyp galypdyr. Senat onuñ

öweŷ ogluny imperatorlyga saŷlapdyr, ony Oktawianyñ özi mirasdar edip belläpdir.

**3. Rimde imperiŷa, onuñ gul eŷeçilik häsiŷeti.** Rimi ŷa-ha häkimiŷeti miras alan, ŷa-da ony goşunyñ kömegi bilen basyp alan imperatorlar dolandyrypdylar.

*Rimde respublikan wezipeler saklanyp galan hem bolsa, hakykatda monarhiŷa gurlupdyr. Rim monarhiŷasyna imperiŷa diŷip at berŷärlar.*

*Imperiŷanyñ gurulmagy hut Rimiñ özünde we welaŷatlarda gul eŷleriniñ agalygyny berkidipdirler.*

Gullary gorkuzmak üçin rehimsiz kanun çykarylypdyr. Eger gul öz hojaŷynyny öldürse, onda şol kanun boŷunça, öldürileniñ öñünde ŷaşan gullaryñ hemmesine ölüm jezasy berilŷär eken. Bir gezek hiç hili günäsi bolmadyk gullaryñ 400-si birden jezalandyrylyp öldürilipdir. Gul eŷelerinden gaçan gullaryñ 30 müñüsini ele saldym we jezalandyrmak üçin gul eŷelerine gaŷtaryp berdim diŷip, Oktawian gopbamlyk bilen ŷazypdyr.

Welaŷatlarda Rimiñ häkimiŷetini pugtalandyrmak üçin imperatorlar öz gulluk möhletini tamamlan urşujylara ŷer bölüp beripdirler, şäherleridir galalary gurupdyrlar, ŷol çekipdirler. Ägirt uly goşuny bolan imperatorlar gullaryñ we garyplaryñ gozgalañlaryny rehimsizlik bilen basyp ŷatyrypdyrlar. Gul eŷeleri diñe bir Rimde däl, eŷsem welaŷatlarda hem inperatoryñ häkimiŷetini goldapdyrlar.

**4. Rim imperiŷasynyñ iñ soñky basyp alyşlary.** Dunaŷ derŷasynyñ kenar ŷakalaryndaky ŷeñişler bilen şöhrat gazanan tejribeli serkerde, imperator *Traŷan* **b.e.öñ 115 – 117-nji ŷyllarynda** Aziŷa ŷöriş geçiripdir. Onuñ goşunlary ençeme ŷeñişlerden soñ, Derŷaaralygyna çozup giripdirler hem-de Pars aŷlagyna çenli baryp ŷetipdirler. Rim legionlary ozal hiç wagt Gündogara şeŷle uzak aralyga gitmän eken.

Täze basylyp alnan ŷurtlarda hem, köne welaŷatlarda hem basybalyjylara garşy gozgalañlar turupdyr. Rim goşuny agyr

ŷitgilere sezewar bolup, yza çekilmäge mejbur bolupdyr, şol yza çekiliş mahalynda Traŷan ölüpdir. Rim imperiŷasy özüniñ basyp alan ŷerleriniñ hemmesini diŷen ŷaly ŷitiripdir.

Traŷanyñ ŷörişleri Rimiñ iñ söñky basybalyjylykly uruşlary bolupdyr.

Gozgalañlary basyp ŷatyrmak hem-de öz serhetlerini goramak üçin indi imperiŷa köp goşun gerek bolupdyr. Täze basyp alyşlar geçirmek üçin onuñ indi ŷeterlik güŷji bolmandyr. II asyryñ ortalarynda imperiŷa basyp alyşlardan öz ägirt uly mülklerini goramaklyga geçmäge mejbur bolupdyr.

**1. Rim şäheri biziñ eŷŷamymyzyñ ilkinji asyrlarynda.** Rim döwletiniñ ägirt uly döwlete öwrülmegi bilen onuñ paŷtagty – Rim Orta Ýer deñziniñ sebitinde iññän uly şäher bolupdyr. Biziñ eŷŷamymyzyñ ilkinji asyrlarynda onuñ bir milliondan gowrak ilaty bolupdyr.

Rim Tibr derŷasynyñ iki kenarynda hem giñden ŷaŷylyp ŷatypdyr. Kenarlaryñ ikisini birnäçe köpri birleşdirŷän eken. Suw prowodlarynyñ on birisi boŷunça dag çeşmeleriniñ suwy öz akymyna şähere gelŷär eken; olar sow prowodlary üçin ŷörite gurlan daş köprüler arkaly peslikden we derŷanyñ üstünden geçŷär ekenler. Şäheriñ köçeleri Rimiñ gadymy merkezi bolan forumda özara birleşŷär eken.

Özüni we paŷtagtyny şöhratlandyrmak üçin Sezardan başlap, imperatorlar rim forumynda we onuñ ŷanynda ŷadygärlikleri bina edipdirler, belent ybadathanalary we beŷleki jaŷlary gurupdyrlar.

Traŷanyñ Dunaŷ derŷasynyñ sebitinde gazanan ŷeñişleriniñ şanyna Rimde belentligi kyrk metre golaŷ sütün gurlupdyr. Ol aşagyndan tä ŷokarsyna çenli mermer relŷef bilen bezelipdir. Şol relŷefde goşunlaryñ Dunaŷdan geçişi, söweşler, ŷesir alnyşy we urşuñ beŷleki pursatlary şekillendirilipdir. Sütüniñ ŷokarsynda bolsa imperatoryñ öz statuŷasy oturdylypdyr.

*Dabara küñreleri* ylaŷta-da giñden ŷaŷran ŷadygärlikler bolupdyr, dabara wagty imperatorlar şol küñreleriñ içinden

geçip gidýär ekenler. Küñreler imperatorlaryñ ýeñişlerini şöhratlandyrmaly eken.

Forumyñ iñ gadymy Rimiñ ýönekeýje bazary bolanlygyndan paýtagtyñ örän oñat gurlan we ajaýyp bezelen merkezine öwrülipdir. Ol imperatoryñ baýlygy hem-de ýeñil-mezdigi baradaky pikiri adamlaryñ kalbyna guýmaly eken.

Forumyñ golaýynda *Palatin baýry* beýgelip durupdyr. Ol ýerde imperatoryñ altyn bezegler we mermer bilen lowurdaşýan köşkleri bar eken.

**2. Gul eýeleriniñ durmuşy.** Imperatorlaryñ köşkleriniñ golaýynda baý gul eýeleriniñ jaýlary ýerleşipdir. Olaryñ otaglarynyñ diwarlarynyñ ýüzi freskalar bilen bezelipdir. Polunyñ ýüzi mozaýka bolupdyr. Haýwanlaryñ we ösümlikleriñ bürünçden, altyndan, pil süñkünden ýasalan çeper şekileri mebelleri bezäpdir. Otaglarda we jaýlaryñ howlularynda bagjagazlarda grek hem rim skulptorlarynyñ ýasan statuýalardyr býustalary oturdylypdyr.

Baý rimlileriñ ýüzlerçe hyzmatkär gullary bar eken. Olaryñ arasynda lukmanlar, sazandalar, suratkeşler bolupdyr, köplenç olar öz hojaýynlaryndan hem has bilimli adamlar eken; olar esasan grekler eken. Begzada rimlileri gullar köçede nosilkada göteripdirler. Jaýyñ gapylarynda dañylgy saklanýan ite derek, zynjyra berkidilen sakçy gul oturypdyr. Gul eýeleriniñ meýlisleri üçin imperiýanyñ dürli künjeklerinden diri balyklar, seýrek duş gelinýän ir-iýmişler hem-de çakyr getirilipdir.

**3. “Çörek we tomaşalar”.** Rimde geñ galdyryjy zynat bilen hatarda, iñ bir gözgyny garyplyk hem dowam edipdir.

Şäheriñ tutuş raýonlarynda bäş-alty gat jaýlar gurlupdyr. Şu ýerdeki köçeler juda dar eken. Garypalr kiçijik otagjyklarda, jaýlaryñ üçeklerinde, ýerzeminlerde ýaşapdyrlar. Ýaramaz salnan jaýlar köplenç ýykylýar eken. Ýangyn hem köp bolýan eken. Ýygy-ýy-gydan adamlar ýumrulan jaýlaryñ aşagynda galyp ýa-da ýangynda heläk bolýar ekenler. Garyplaryñ

köpüsiniñ ŷaşaŷyş jaŷy bolmandyr, şoña görä-de olar köçelerde ŷatyp-turup ŷörüpdirler.

Aç garyplaryñ tolkunmaklaryna ŷol bermezlik üçin imperatorlaryñ adyndan olara çörek we az-kem pul paŷlapdyrlar. Rimde azyndan 200 müñ adama mugt çörek berlipdir. Imperatorlaryñ buŷrugy bilen ägirt uly *termler* – hammamlar gurlupdyr, olaryñ gyzgyn we sowuk suwly howuzlary bolupdyr, olaryñ gapysy erkin adamlaryñ hemmesi üçin açyk eken. Rimlileriñ uzynly gününi termlerde geçirŷän wagtlary seŷrek bolmandyr. Termleriñ ŷanynda dynç alynŷan zallar we kitaphanalar hem bar eken. Baŷramçylyk güñleri amfiteatrlarda we sirklerde tomaşalar guralypdyr. Garyplaryñ ŷüzlerçesi sadaka berer öŷdüp, baŷ adamlaryñ gapysyndan aŷrylmandyrlar.

Rimiñ mejbury bihepbelik we sadaka ŷygnamak zerarly sandan çykan garyplary zähmeti ŷatdan çykarypdyrlar, işlemek islemändirler. *Diñe bir gul eŷeleri däl, eŷsem garyplar hem zähmet çekmegi guluñ etmeli işi, erkin adamyñ mertebesini peseldŷän iş diŷip hasaplapdyrlar. Olar "çörek berilmegini we tomaşa görkezilmegini" imperatorlardan talap edipdirler.*

**4. Rimdäki tomaşalar.** Rimiñ teatrlarynda grek we rim awtorlarynyñ tragediŷalaryny hem-de komediŷalaryny görkezipdirler. Gresiŷada teatrlar bilen tanşandan soñ, Pompeŷ olaryñ nusgasynda Rimde daşdan ilkinji teatr gurdurypdyr. Emma baŷlaryñ hem, garyp-laryñ hem iñ gowy görŷän tomaşalary gladiatorlaryñ söweşi we kolesnisalaryñ çapyşmagy bolupdyr. Şeŷle tomaşalar imperiŷanyñ ilkinji günlerinde respublika mahalyndakydan hem has uly bolupdyr.

Awgustyñ buŷrugy boŷunça Rimiñ eteginde köl gazylypdyr. Şol kölde söweş guralypdyr, oña iri gämileriñ 30-synda we ençeme ownuk gämilerde 3 müñ adam gatnaşypdyr.

I asyrda Rimde Kolizeŷ amfiteatry gurlupdyr. Oña 50 müñ tomaşaçy ŷerleşipdir.

Traŷanyñ guraŷan baŷramçylyklary 123 günläp dowam edipdir. Amfiteatrlaryñ sahnasyna ŷyrtyjy haŷwanlaryñ 11 müñüsi çykarylypdyr. Rimlilere tomaşa görkezmek üçin gladiatorlaryñ 10 müñüsi bir-birleri we garşy haŷwanlar bilen söweşipdirler.

Iñ gadymy wagtlar Rimde Palatin baŷrynyñ günortasyndaky giñ meŷdanda at çapyşmagy geçirilŷär eken. Imperatorlaryñ döwründe bu ŷerde ägirt uly sirk – aŷlaw bolupdyr, onuñ on müñlerçe tomaşaçy üçin niŷetlenen tribunalary hem-de imperator we welmojalar üçin edilen kaşañ lojalary bar eken. Sirkiñ ŷodalarynda dört at goşulan kolesnisalaryñ ŷaryşy geçirilŷär eken.

## § 6. Gadymy Rimde sungat we ylym.

**1. Rim arhitekturasy.** Rimliler ellin arhitekturasynyñ tärlerini giñden peŷdalanypdyrlar. Mundan başga-da, rim arhitektorlary jaŷyñ üstüniñ küñresi basyrylgylaryny – *arkalary, gupbalary, gümmezleri* gurmagy hem öwrenipdirler, olary gyrdap biri-birine laŷyk getirilen daşlardan gurupdyrlar. Rimliler gatan soñ daş ŷaly berk bolŷan we uzak wagtlap saklanŷan *betony* oŷlap tapypdyrlar. Bularyñ hemmesi rimlilere ajaŷyp hem örän berk desgalary gurmaga müñkinçilik beripdir. Küñreler,köpri guranlarynda, onlarça kilometre etŷän suw prowodlaryny we häzire çenli saklanyp galan jaŷlary guranlarynda hem ulanylypdyr. Şol jaŷlaryñ swod – ŷarym aŷ şekilli potology bolupdyr. Ybadathanalaryñ we zallaryñ üstüniñ şeŷle usulda basyrylmagy olary belent hem-de haŷbatly edip görkezipdir.

Gümmez – jaŷyñ düñderilip goŷlan jam görnüşindäki potology. Rimde ähli hudaŷlaryñ biziñ günlerimize çenli saklanyp galan ybadathanasy bolan *Panteon* gümmezli gurluşygyñ iñ oñat nusgasydyr. Gümmeziñ ortarasyndaky ägirt uly tegelek äpişgeden geçŷän yşyk Panteonyñ belent hem-de giñ ymaratdygyny has-da oñat duŷmaga mümkinçilik berŷär.

**2. Rim skulpturasy.** Rimliler Gresiỳadan we Gündogaryñ ỳurtlaryndan ençeme statuỳalary diñe bir äkitmek bilen çäklenmän, eỳsem olaryñ mermer we bürünç nusgalaryny hem döredipdirler. Biz grek sungatynyñ baryp gadym wagtlar ỳok bolup giden ençeme eserlerini diñe olaryñ Rimde alnan nusgalary arkaly bilỳäris. Rim skulptorlary grek skulptorlaryndan tälim alypdyrlar we olara öỳkünipdirler. Olar imperatorlary köplenç hudaỳlar we rowaỳatlardaky gahrymanlar görnüşinde şekillendirilipdirler. Rimliler hem olimpiỳa hudaỳlaryna sežde edipdirler, emma olaryñ atlaryny üỳtgedipdirler. Meselem, Zewsi *Ýupiter,* deñiz hudaỳy Poseỳdony – *Neptun,* Gefesti – *Wulkan* diỳip atlandyrylypdyrlar.

Imperatorlaryñ ỳeñişlerini şöhratlandyrỳan statuỳalar, relỳefler, küñreler, sütünler imperatoryñ häkimiỳetiniñ hamala hudaỳ tarapyndygyny we kuwwatlydygyny ynandyrmaly eken.

Rim skulptorlary portret döretmekde öz grek halypalaryndan hem ozupdyrlar. Gadym wagtlar Rimde merhumlar üçin mumdan maska ỳasar ekenler. Şundan hem skulptura portretlerini döretmek sungaty ösüp başlapdyr. Rim portreti adamyñ daş keşbini takyk görkezmek bilen çäklenmän, eỳsem onuñ gylyk-häsiỳetlerini, akylyny, erk-islegini, rehimsizligini, gysgançylygyny we şuña meñzeşleri hem açyp görkezipdir.

**3. Rim poeziỳasynyñ "altyn asyry".** Rim edebiỳaty hem grek edebiỳaty bilen baglanyşykly bolupdyr. Grek ỳazyjylarynyñ eserleri latyn diline geçirilipdir. Rim şahyrlarynyñ özleri hem ençeme ajaỳyp poemalary we goşgulary döredipdirler.

B.e.öñ I asyryñ aỳagyny we b.e. I asyrynyñ başyny rim poeziỳasynyñ "altyn asyry" diỳip atlandyrỳarlar. Şu döwürde Rimiñ has görnükli şahyrlary öz eserlerini döredipdir-ler. Imperatoryñ häkimiỳetini pugtalandyrmakda sungatyñ ähmiỳetine düşünen Awgust şahyrlary öz tarapyna çekmäge çalşypdyr.

Meşhur şahyr *Wergiliŷ “Eneŷda”* poemasyny ŷazypdyr. Ol “Eneŷdanyñ” üstüne on ŷyla golaŷ işläpdir. Ol grek we rim rowaŷatlaryny öwrenipdir. Poemada Wergiliŷ Troŷany goraŷjylaryñ biri, aŷal hudaŷyñ ogly Eneŷ hakynda gürrüñ beripdir; ol gyzyl ot bolup ŷanyp duran şäheriñ içinden gymmat bahaly zatlary alman, öz gojalan atasyny gerdenine göterip çykanmyş. Geñ wakalary başyndan geçirenden soñ ol Italiŷada mekan tutanmyş. Eneŷ ölen atasy bilen duşuşmak üçin merhumlaryñ erasty patyşylygy-na baranmyş. Ol ŷerde parasatly gojanyñ ruhy öz nesilleriniñ Rimiñ düŷbüni tutjakdyk-laryny we halklaryñ kuwwatly hökümdarlary boljakdyklaryny oña aŷdanmyş: “Ahow, rimli, indi sen halklary dolandyr! Seniñ sungatyñ şeŷle bolsun: ähli eñleri gaŷgyr-da, gedemleri uruş bilen köşeşipdir”. Hudaŷ Wulkan Eneŷe galkan ŷasap berenmiş, şonda rim taryhynyñ geljekki boljak wakalaryny hem-de Awgustyñ dabaralanjakdygyny şekillendirenmiş, Eneŷ öz geljekki nesillerini görenmiş we olaryñ arasynda “hudaŷ tarapyn” Awgust hem barmyş. Ol Rimde parahatçylygy berkarar etjekmiş we hatda Rimden uzakdaky halklary hem eŷmenmäge mejbur etjekmiş.

“Eneŷda” poemasy dabaralary we akgyn şygyrlar bilen ŷazylypdyr. Wergiliŷ poemada merdanlygy, öz borjuna wepalylygy, ŷaşululary hormatlanmagy wasp edŷär. Şahyr imperiŷany we Awgustyñ özüni taryplamak üçin grekleriñ hem-de rimlileriñ dini ynançlaryny we gadymy rowaŷatlaryny başarjañlyk bilen peŷdalanypdyr.

**4. Lukresiniñ “Zatlaryñ tebigaty hakynda” atly poemasy.** B.e.öñ I asyrda ŷaşan beŷik rim alymy Lukresiŷ ölmez-ŷitmez hudaŷlaryñ bardygyny inkär edipdir. Ol dünŷäniñ, adamlaryñ emele gelşini, adamyñ ähli döreden zatlaryny ylmy taŷdan düşündürmäge çalşypdyr.

Lukresiniñ pikirine görä tebigat atomlardan ybarat. Olar bir-birleri bilen birleşip, asman jisimlerini, Ýeri, janly-jandarlary,

adamlaryñ ruhuny döredŷärler. Ol beden bilen ölüp gidŷän ruhuñ hamala ölmeŷändigini hakyndaky pikiri inkär edipdir.

Lukresiŷ iñ gadymy adamlaryñ ŷaşaŷşyny we daş-töwerekden tebigatyñ öñünde olaryñ alaçsyzlygyny örän aŷdyñ ŷazyp beŷän edipdir; ŷyldyrym çakyp, elhenç zarba bilen ŷeriñ üstüni çawlanda, weŷran ediji apy-tupan turanda, ŷer sarsyp gidende her kimiñ gorkusyndan ŷaña demi-demine ŷetmändir.

Entek oduñ tilsimini bimeŷärkä adamlar
Ŷabany haŷwanlary tokaŷda kowlap olar,
Topulypdyr awyna agyr serdesse bilen,
Ýatyrypdyr awyny gyŷçak-gyŷçak daş bilen.

Adamlaryñ nadanlygy hem-de gorkmagy netijesinde hudaŷlara bolan ynanç döredipdir.

Adamlaryñ peŷdalanŷan ähli zatlary - ot,ekerançylyk,sungat, hat-ŷazuw - hudaŷlaryñ rehimlilik bilen beren sowgady bolman, eŷsem adamyñ zähmeti hem-de paŷhasy arkaly döredilen zatlardyr.

Lukresiŷ dini adamlaryñ pikirini bökdeŷän, olary peseldŷän jylawa deñäpdir, şeŷle etmek bilen ol adamlary diniñ agyr süteminden azat etmek isläpdir. Öz pikirini okyjylara ŷetirmek üçin ol ony sazlaşykly şygyrlarda beŷän edipdir.

**5. Rimde kitaplar we ylym.** Rimde esasy ŷazuw materialy papirus bolupdyr, şonuñ üçin bu ŷerde hem kitaplaryñ köpüsi düŷrlenŷän görnüşde bolupdyr.

Şonuñ bilen bir hatarda, rimliler bize häzirki mälim bolan formada hem kitaplar taŷŷarlap başlapdyrlar: pergamentiñ endigan kesilen listlerini tikipdirler-de, olary daşyna gaŷyş çekilen agaç sahapda ŷerleşdiripdirler.

Rimde onlarça we ŷüzlerçe ekzempler kitap çykarŷan neşirŷatlar bolupdyr. Adatça, neşir edilŷän kitabyñ okalyp berilŷän tekstini mürzeleriñ – gullaryñ omlarçasy ŷazyp alŷar ekenler.

Çeper edebiŷat, meşhur oratorlaryñ sözlän sözleri, grek we rim taryhçylarydyr geograflarynyñ eserleri, oba hojalygy, arhitektura we beŷleki ylmy meseleler boŷunça kitaplar neşir edilipdir.

I asyrda rimli Plininiñ 37 kitapdan ybarat ŷazan “tebigat taryhy” saklanyp galypdyr. Şol kitaplarda gündogaryñ, grek we rim astronomlarynyñ, medikleriniñ, agronomlaryñ we beŷleki alymlarynyñ ŷazan eserleriniñ mazmuny beŷan edilipdir. Şeŷlelikde, Plininiñ kitaplarynda bütin Orta ŷer deñziniñ sebitindäki ŷurtlarda I asyrda döredilen ylmy bilimler toplanypdyr. Pliniŷ Wezuwiŷ wulkanynyñ atylyşyny öwrenmek maksady bilen, oña has ŷakyn baranda heläk bolupdyr.

**6. Rimiñ medeniŷetiniñ ähmiŷeti.** Imperatoryñ goşunlarynyñ welaŷatlarynda ŷerleşdirilmegi, rimlileriñ welaŷatlarda göçürilip eltilmegi rim däp-dessurlarynyñ hem-de latyn diliniñ giñden ŷaŷramagyna ŷardam edipdir. Welaŷatlaryñ begzadalary rimlilere öŷkünipdirler, olaryñ dilini öwrenipdirler.

Welaŷatlarda ŷollar, küñreli köprüler, suw prowodlary gurlupdyr.

Birentek halklar, şol sanda Pribaltika respublikalarynyñ halklary häzir hem latyn elipbiŷini peŷdalanŷarlar. Latyn dili italŷan, fransuz, rumyn we käbir beŷleki halklaryñ häzirki zaman dilleriniñ esasy bolup hyzmat edipdir. Rus diliniñ birentek sözleri, meselem, “klas”; “direktor” diŷen sözler latyn sözlerinden gelip çykypdyr. Marina, Sergeŷ, Witor diŷen atlaryñ we beŷleki ençeme atlaryñ asly rim atlarydyr.

Latyn dili uzak ŷyllaryñ dowamynda ylym dili bolup geldi. Günbatar Ýewropanyñ ähli bilimli admlary latyn dilinde geplärdirler we ŷazypdyrlar. Häzir hem ylymda minerallara, ösümliklere we haŷwanlara latyn dilinde at berŷärler. Keselleriñ we dermanlaryñ hem latyn atlary bar.

Ýuliŷ Sezaryñ tabşyrmagy boŷunça aleksandriŷaly astronomlar kalendar düzüpdirler. Rimde girizilen kalendara käbir düzedişler girizilip häzir hem ulanylŷar. Aŷlaryñ latyn

atlary hem saklanyp galypdyr: “sentŷabr” – “ŷedinji” , “dekabr” – “onunjy” aŷ (Rimde täze ŷyl martdan başlanypdyr) diŷmekligi añladŷar. Iŷul aŷy Ýuliŷ Sezaryñ hormatyna “iŷul” diŷlip, ondan soñky aŷ bolsa Awgustyñ hormatyna “awgust” diŷlip atlandyrylyp-dyr.

Lukresiniñ, Wergiliñ we beŷleki rim ŷazyjylarynyñ hem-de şahyrlarynyñ eserleri häzir hem neşir edilŷär.

Rimliler gurluşyk işinde, skulpturada, žiwopisde ägirt uly üstünlikler gazanypdyrlar.

*Grekleriñ we rimlileriñ medeniŷetine antik medeniŷet diŷip at berŷärler (“antikwus”- gadymy diŷen latyn sözünden gelip çykypdyr). Orta ŷer deñziniñ sebitindäki ŷurtlarda giñden ŷaŷrapdyr. Gündogara uzaklara aralaşypdyr. Antik medeniŷet diñe bir Ýewropanyñ däl, eŷsem dünŷäniñ beŷleki ŷurtlarynyñ hem medeni taŷdan mundane beŷläk-de ösmegine esas bolup hyzmat etdi.*

## § 7. II asyryñ aŷagynda – III asyrda gul eŷeçilik hojalygynyñ pese düşüp başlamagy.

**1. Gullar nähili işläpdirler.** Gullar öž işläp bejerŷän ŷeriniñ nähili hasyl bejerjekdigine ŷa-da özleriniñ näçe magdan gazyp alyp biljekdigine parhsyz garapdyrlar; olar bary bir, nähili işlänlerinde-de şol birmeñzeş ujypsyz iŷmit we ŷönekeŷ egin-eşik alŷar ekenler. Öz hojaŷynlaryny ŷigrenŷän gullar mümkin boldugy-ça ŷaramaz işlemäge çalşypdyrlar. Rim gul eŷesi gullaryñ zähmetini şeŷle ŷazyp beŷan edipdir: “Gullar ekin meŷdanlary-na üçürsizköp zyŷan ŷetiripdirler. Olar mallary erbet bakŷarlar. Ýeri ŷaramaz sürŷärler; olar ŷere sepilen tohumyñ gowy gögermegi barada aladalanmaŷarlar. Gullaryñ özleri hem däne ogurlaŷarlar we beŷleki ogurlaŷanlardan hem ony only goramaŷarlar”.

Gullary işlemäge mejbur etmek we olaryñ gaçyp gitmegine ŷol bermezlik üçin gul eŷeleri köp sanly gözegçileri,

garawullary saklamaly bolupdyrlar, özleri hem gullara gözegçilik etmeli bolupdyrlar.

Ýaramaz işlänligi üçin temmi hökmünde gula agyr bukaw geŷdirenlerinde, ol şeŷle ŷagdaŷda has hem haŷal hereket edipdir we öñküden hem beter ŷaramaz işläpdir.

Űzüm agaçlaryna we ir-iŷmişli baglara seretmek üçin pähimli we galjañ gullar gerek bolupdyr, gul eŷeleri weli şeŷle gullardan gorkupdyrlar. “Küteklik boŷun egmeklige, akyly ŷitilik – gabahatlyga golaŷ, näçe guluñ bolsa, şonça-da duşmanyñ bar” diŷip, olaryñ hojaŷynlary aŷdar ekenler.

**2. Gulçulyk hojalygyñ ösmegi üçin bökdençdir.** Rimde ylmy bilimleriñ ösmegi suw degirmenlerini gurmaga mümkinçilik beripdir. Emma olardan peŷdalanmak üçin mehanizme hem-de bende ak ŷürekli hem eserdeñ gözegçilik etmek gerek bolupdyr. Şoña görä-de gullar, ozalkysy ŷaly, dänäni el degirmenlerinde üwäpdirler. Topragy sürende agdarŷan çylşyrymly plug, öküziñ herekete getirmeginde orak orŷan gural, bagbançylykda ulanylŷan pyçaklar oŷlanylyp tapylypdyr. Emma gymmatly zähmet gurallaryny gullara ynanmandyrlar, olara işlemek üçin diñe gödek ŷasalan oraklary we köne agyr pluglary beripdirler. Daŷhanlaryñ gowy hasyl alan ŷerleri gullaryñ işläp bejermegi netijesinde kem-kemden gurpsyz ŷerlere öwrülipdir. Ylaŷta-da köp gullaryñ işleŷän ŷeri bolan uly mülklerde işiñ ŷagdaŷy ŷaramaz bolupdyr, gul eŷeleriniñ özleri bolsa olaryñ zähmetine gözegçilik edip bilmändirler. “Häzir ekin meŷdanlaryny aŷaklary gandally, elleri zynjyrly, mañlaŷlaryna tagma basylan adamlar işläp bejerŷärler. Biz bolsa olaryñ işiniñ netijesizdigini geñ gören bolŷarys”. Diŷip, rim alymy ŷazypdyr.

Magdan känlerinde, promysellerde işleŷän gullara hem diñe iñ ŷönekeŷ we gödek zähmet gurallaryny beripdirler.

Gulçulyk tehnikanyñ ösmegini bökdäpdir, oba hojalygynyñ pese gaçmagyna sebäp bolupdyr. Bu bolsa söwdanyñ zalmagyna getiripdir. Ylaŷta-da Italiŷada gullar gaty köp eken.

Bu ŷerde hojalyk has hem pese gaçypdyr. Gullaryñ zähmeti gul eŷeleri üçin peŷdasyz bolup başlapdyr.

**3. “Külbeli gullar”.** Käbir gul eŷeleri gullara kiçeñräk ŷer uçastoklaryny, zähmet gurallaryny beripdirler, olara külbe gurunmaga rugsat edipdirler. Olara “külbeli gullar” diŷipdirler. Şeŷle gullar öz hojalygynyna belli bir töleg tölemeli bolupdyrlar we öz zähmet önüminiñ bir bölegini oña bermeli bolupdyrlar, uçastokdan alnan önümiñ galany bosa onuñ özüniñki bolupdyr. Gul eŷeleri “külbeli gullar” gowy işlärler, öz hojaŷynlaryna zyŷan ŷetirmezler we gaçmazlar öŷdüpdirler. Şäherlerde käbir gullara ownuk ussahanalary we dükanlary edimäge rugsat beripdirler; olar öz gazanjynyñ bir bölegini hojaŷyna bermeli bolupdyrlar. Ýer uçastogyny alan ŷa-da dükan edinen gullar öz hojaŷynynyñ doly ygtyŷarynda bolupdyrlar.

**4. Kolonlar.** Uly mülk eŷeleri erkin garyplary ŷer işläp bejermeklige çekipdirler, öz mülklerini ownuk uçastoklara bölüp, olary kärendesine almaga rugsat edipdirler.

Rimde ownuk kärendeçilere *kolonlar* diŷip at beripdirler. Kolon ŷer eŷesine *kärende tölegini* töläpdir, zähmetiniñ beŷleki önümleri onuñ özüne degişli bolupdyr. Şoña görä-de kolon hasyl almaga çalşypdyr; gula garanda ol gowy işläpdir, mallary we zähmet gurallaryny aŷawly saklapdyr.

Adatça, garyplaryñ hojalyk edinmek üçin serişdesi bolmandyr, şonuñ üçin hem olar ŷer eŷelerinden zähmet gurallaryny, mallary we tohumy karz almaga mejbur bolupdyrlar.

Bergidar kolonlar mülki taşlap, başga ŷere gidip bilmändirler we öz hojaŷynyna doly elgarama bolup galypdyrlar. Garyplardan kärendesine işlemek islemedikler az bolmadyk-da bolsa II-III asyrlarda kolonlaryñ sany artypdyr. Ozal gullaryñ işlän ŷeri bolan iri mülkleriñ birenteginde gullar kolonlar bilen çalşyrylypdyr.

**5. Imperiŷada bolan gzogalañlar.** Gullaryñ we kolonlaryñ ŷagdaŷy örän agyr bolmagynda galypdyr. Welaŷatlaryñ ilatyna ägirt uly salgyt salnypdyr. Şonuñ üçin hem inperiŷanyñ dürli böleklerinde gozgalañlar turupdyr. Gozgalañlara gullaryñ hem, kolon-laryñ hem, şäher garyplarynyñ hem gatnaşan wagtlary seŷrek bolmandyr.

Iñ uly we tutanŷerli gozgalañlaryñ biri Galliŷada bolupdyr. Gozgalañçylar özlerini *bagaudlar* – göreşijiler diŷip, guwanç bilen atlandyrypdyrlar. Olaryñ pyŷada goşuny ekerançylardan, atly goşuny hem çopanlardan düzülipdir. Bagaudlar häzirki Parižiñ golaŷynda berk gala gurupdyrlar. Galliŷanyñ ähli ŷerlerinde gul eŷeleriniñ mülklerini otlapdyrlar.

Rimiñ özünde senetçiler we gullar gozgalañ turzupdyrlar. Olar şäherdäki baŷyrlaryñ birinde berkleşipdirler. Birnäçe legionlar gozgalañçylardan berkitmelerini zabt edipdirler. Goşunlar baŷry basyp alypdyrlar, emma agyr ŷitgilere sezewar bolupdyrlar.

Rim imperiŷasynda hojalygyñ pese düşmegi we gozgalañlaryñ turmagy bilen bir wagtda duşmanlarynyñ onuñ serhetlerine zor salmagy güŷçlenipdir.

**1. Imperiŷanyñ serhetlerine warwarlaryñ zor salmagy.** II-III asyrlarda imperiŷanyñ serhetlerine *warwarlaryñ* zor salmagy güŷçlenipdir.Ylaŷta-da Reŷn derŷasy bilen Elba derŷasynyñ arasynda ŷaşan germanlar ŷygy-ŷygydan we tutanŷerli çozuş edipdirler. Bu ŷerde gür tokaŷlyklaryñ we giñ batgalyklaryñ arasynda germanlaryñ urugçylyk posŷoloklary ŷerleşipdir.

Urugdaşlar ŷer uçastogyny bileleşip tokaŷlardan arassalapdyrlar. Kethudalar olaryñ her birine şol arassalan ŷerlerden ŷer uçastogyny bölüp berŷän ekenler. Germanlar arpa we süle ekipdirler. 2-3 ŷylyñ içinde ŷer arryklandan soñ, olar täze ekin meŷdanyny açypdyrlar. Tokaŷda mal bakypdyrlar. Olar üzümçiligi-de, bagbançylygy-da bilmändirler.

Beŷleki warwarlar ŷaly, germanlar hem imperiŷanyñ mes toprakly düzlüklerine we baŷ şäherlerine göz gyzdyrypdyrlar. Germanlar imperiŷanyñ mülklerine tutuş taŷpa-taŷ-pa bolup çozupdyrlar. Öñ hatarda ŷaraglanan erkek adamlar hereket edipdirler; ŷönekeŷ urşujylar pyŷada ŷöräpdirler, taŷpa serdarlary we olaryñ družinaçylary at münüp barypdyrlar. Erkek adamlaryñ yzysüre öküz goşulan agyr ŷükli arabalar ŷöräpdir. Şol arabalara bolsa aŷallar hem-de çagalar münüpdirler. Çopanlar öz mal sürülerini sürüp barypdyrlar.

Imperiŷa kuwwatlyga ol germalaryñ zor salmagynyñ öñüni alyp bilipdir. Rimliler warwarlaryñ birentegini ŷesir alypdyrlar we gula öwrüpdirler.

**2. Imperiŷanyñ gowşamagy we dargamagy.** III asyrda imperatorlaryñ häkimiŷeti gaty gowşak bolupdyr Legionerler imperatoryñ tagtyna ygtyŷar edipdirler, imperatorlary tagtdan düşüripdirler we köp hak tölemegi wada berenleri tagta çykarypdyrlar. Şol döwürde legionerleriñ tagta çykaran imperatorlaryna "soldat imperatorlary" diŷŷär ekenler. Imperatorlar her 2-3 ŷyldan, käte bolsa her 1-2 aŷdan soñ çalşyrypdyrlar. Olary adatça dildüwşüjiler ŷa-da topalañ turzan legionerler öldürŷär ekenler. Imperiŷada käte bir wagtyñ özünde birnäçe imperator bolupdyr,olar bir-birleriniñ garşysyna urşupdyrlar.

Goşundaky pitneler we imperatorlaryñ arasyndaky uruşlar imperiŷany gowşadypdyr. III asyryñ ortasynda Galliŷa, Ispaniŷa, Müsür, Aziŷadaky hem-de Dunaŷyñ aşaky akymyndaky ähli welaŷatlar diŷen ŷaly Rimden bölünip aŷrylypdyrlar.

Gowşan imperiŷa öz serhetlerini gorap bilmändir. Warwarlaryñ leşgerleri imperiŷanyñ territoriŷasyna çozup girip, ŷol ugrunda duş gelen ŷerleri talapdyrlar, tozdurypdyrlar. Birentek oblastlar boşap galypdyr, şäherler harabaçylyga öwrülipdir.

**3. Gozgalañlaryñ basyp ŷatyrylmagy we imperiŷanyñ birleşdirilmegi.** Goşundaky pitneleri, ilatyñ gozgalañlaryny we nägileligini basyp ŷatyrmak üçin imperatoryñ häkimiŷetini pugtalandyrmak zerur bolupdyr.

Diñe Italiŷanyñ gul eŷeleri däl, eŷsem welaŷatlaryñ hem gul eŷeleri gullaryñ we kolonlaryñ üstünden olaryñ agalygyny goldaŷan imperiŷanyñ saklanyp galmagyny isläpdirler. Şonuñ üçin hem olar öz häkimiŷetini pugtalandyrmaga çalyşŷan imperatorlara goldaw beripdirler. **284-nji ŷylda** legionerler *Diokletiany* imperator diŷip jar edipdirler. Onuñ asly garyp maşgalasyndan bolupdyr, gullugy ŷönekeŷ legioner bolup başlapdyr,emma ukyply hem-de gujurly goşunbaşy hökmünde çalt öñe çykypdyr.

Diokletian aŷgytly we örän gazaply hereket edipdir. Ol pitne turzan urşujylary rehim-sizlik bilen jezalandyrmak arkaly goşunda tertip-nyzamy pugtalandyrypdyr. Imperator goşuny köpeltmek üçin gaty köp adamlary gulluga alypdyr. Imperatoryñ ägirt uly goşu-ny Galliŷa çozup giripdir, ol ŷerdäki obalara otlapdyr we ilaty gyrypdyr.

Bagaudlar mertlik bilen söweşipdirler, emma ŷeñlişe sezewar bolupdyrlar; olaryñ ga-lanlary öz galasyna yza çekilipdirler. Legionerler galany zabt edip alyp bilmändirler, emma ony gabapdyrlar we açlyga sezewar edip, bagaudlary boŷun etmäge mejbur edip-dirler. Ýesir alnanlaryñ bir bölegi öldüripdir, galanlary bolsa öz aŷallary we çagalary bilen gulçulyga öwrülipdir.

Imperatoryñ goşunlary beŷleki welaŷatlarda turan gozgalañlary hem ŷerli baŷlaryñ kömegi bilen basyp ŷatyrypdyrlar. Gul eŷeleri Diokletiany hudaŷ hökmünde taryplapdyrlar.

Rimliler uzaga çeken we tutanŷerli uruşlardan soñ imperiŷanyñ territoriŷasyna çozup giren warwarlary gysyp çykarypdyrlar. Rimliler imperiŷany goramak üçin onuñ serhetlerindäki köne galalary dikeldipdirler we täze berk

galalary gurupdyrlar. Bir gala-dan beÿleki gala çenli garym gazypdyrlar, seññer galdyrypdyrlar, seññerleriñ daşyna bir ujy ÿonulan sütünlerden agaç haÿat salypdyrlar. Seññerleriñ uzaboÿuna biri-birinden ÿakyn aralykda diñ ÿasalan, garawullar şonuñ üstünden daş-töwerege gözegçilik edipdirler. Şeÿle berkidilen çyzyklarda dyngysyz diÿen ÿaly uruş hereketleri alnyp barlypdyr.

Rim legionlary we harby gulluga alnan warwarlar imperiÿanyñ serhetlerini beÿleki warwarlaryñ çozuşlaryndan gorapdyrlar.

**4. Diokletianyñ wagtynda imperatoryñ häkimiÿeti.** Diokletian döwleti öz bellän çinownikleri arklay dolandyrypdyr. “Bilesigelijiler” diÿip atlandyrylan köp sanly añtaÿ-jylar nägile adamlary añtapdyrlar. Imperatoryñ buÿrugy bütin imperiÿa üçin kanun bolupdyr. Ony bozÿanlara ölüm howpy abanypdyr.

Diokletian özüni hudaÿ Ýupiteriñ ogly diÿip yglan edipdir. Ybadathanalarda onuñ statuÿalary goÿlupdyr. Imperatory “hökümdar” diÿip atlandyrypdyr. Hatda welmojalar hem onuñ aÿagyna ÿykylyp, tagzym etmeli bolupdyrlar. Imperatoryñ bar ÿerinde hiç kim oturmaga milt edip bilmändir. Imperator merhemet hökmünde öz gymmat baha daşlar bilen bezelen aÿakgabyny ÿa-da zerkeşdeli eşiginiñ syÿyny ogşamaga rugsat edipdir.

Diokletian imperiÿany 21 ÿyllap dolandyrypdyr. Ol galagoply hem köp adamly Rim-de ÿaşamak islemändir. Ol özi üçin imperiÿanyñ gündogar böleginde ajaÿyp köşkleri, galalary gurdurypdyr. Kaşañ köşkleri, ägirt uly goşuny, köp sanly çinownikleri we añtaÿjylary saklamak üçin ol salgytlary öñküden-de artdyrypdyr, bu bolsa Italiÿanyñ we welaÿatlaryñ ilatynyñ gerdenine agyr külpet bolup düşüpdir.

*Imperatora we gul eÿelerine imperiÿanyñ zähmetkeş ilatynyñ üstünden öz agalygyny birnäçe wagtlap saklamak başardypdyr.*

**1. Täze diniñ döremeginiñ sebäpleri.** Rim imperiŷasynda ezilenleriñ gozgalañlary rehimsizlik bilen basylyp ŷatyrylypdyr. Rimiñ “demir” legionlary ŷeñilmez, imperiŷa bolsa ŷanbermez bolup görnüpdir. Ezilenler ezijilere garşy göreşde azatlygy gazanmak umydyny ŷitiripdirler. Guly agyr zähmetden, kemsidilmelerden we ŷenjilmelerden diñe ölüm dyndarypdyr. Ezilenler özleriniñ ŷagdaŷyny hiç hili ŷeñledip bilmedik öñki hudaŷlara bolan ynamlaryny-da ŷitiripdirler. Olar öñki hudaŷlary we özleri tarapyndan ŷigrenilŷän rim imperatorlaryny asla ykrar etmek islemändirler.

Ekspluatatorlara garşy göreşde alaçsyz ezilenleriñ kalbynda diñe özlerini süteminden azat etjek we görgi berŷänleri jezalandyryp biljek adalatly we kuwwatly hudaŷa bolan ynam saklanypdyr. Olar şeŷle “rehimdar hudaŷyñ” tizräk gelmegine sabyrsyzlyk bilen garaşypdyrlar.

**2. Iisus Hristos hakyndaky rowaŷat.** I asyrda hamala Palestinada adam keşbinde hudaŷyñ Ýerde ŷaşandygy hakynda rowaŷatlar peŷda bolupdyr. Oña *Iisus Hristos* diŷip at beripdirler. Ol bir obadan beŷleki oba baryp, tiz wagtdan soñ hudaŷ adalatlylygy ber-karar edip diŷip öwredenmiş. Iisus hamala suwy çakyra öwrenmiş, ölenleri direldenmiş, başga geñ-tañ zatlaram edenmiş. Rimliler onuñ elini-aŷagyny gerip, agajyñ ŷüzüne çüŷ-länmişler, ol kuwwatly hudaŷ bolan hem bolsa şu jebri-jepalara kaŷyl bolup çydanmyş--da ölenmiş. Ǘçünji gün ol direlenmiş-de asmana göterilip gidenmiş, emma ol tiz dolanyp gelip dirilere we ölülere sud etmegi wada berenmiş.

Iisus, hamala, ähli adamlaryñ – imperatorlaryñ, baŷlaryñ, garyplaryñ, gullaryñ ruhy öz öñünde “elhenç sudda” bolar diŷip aŷdanmyş. Her bir adamyñ etmişi we hatda oŷ-pikirleri terezä salnyp çekiljekmiş, Iisusy hudaŷ diŷip ykrar edip, oña ynanan, ähli jebir-jepalary başdan geçiren adamlary ŷalkap, o dünŷäde olaryñ jennete düşmegini, haŷsy halkdan gelip çykandygyna garamazdan, ol ŷerde olara mydamalyk eşreti sahylyk bilen

eçilmegi wada edenmiş. Beŷleki adamlaryñ, ylaŷta-da beŷleki hudaŷlara sežde eden gy-ñyr hem-de gazaply adamlaryñ ruhy bolsa dowzahda mydamalyk jebir-jepa çekmeklige höküm ediljekmiş.

Iisus Hristos hakyndaky rowaŷatlar ölen we direlen hudaŷlar, o dünŷe patyşalygynda adamlaryñ ruhy hakyndaky gadymy rowaŷatlar esasynda döräpdir.

I asyryñ aŷagynda – II asyrda Iisus Hristos hakyndaky şol rowaŷatlar ŷazuwa geçiri-lipdir. Rowaŷatlaryñ bu ŷazgysyna "ŷewangeliŷe" ("injil") diŷip at beripdirler. "Ýewangeliŷe" diŷmek grekçe "hoş habar" diŷmegi añladaŷar. Dürli ŷewangeliŷelerde Iisusyñ ŷaşaŷşy hakynda dürli-dürli gürrüñ berilŷär. Olarda gapma-garşylykly hem-de ynanyp bolmajak zatlar köp bolupdyr. Bular ezilenleriñ şol sabyrsyzlyk bilen garaşŷan habarlary bolupdyr.

**3. Hristiançylygyñ ŷaŷrap başlamagy.** Ilki-ilkiler garyplar hem-de gullar hristian bolupdyrlar. Olar öz çeken jebir-jepalary üçin ŷalkanjakdyklaryny we olara görgi görkezenleriñ bolsa temmi aljakdygyny wada berŷän köşeşdiriji gürrüñlere ynanypdyrlar. Iisus Hristos hakyndaky rowaŷatlara ynanan adamlar özlerini *hristianlar,* dinlerini bolsa hristiançylyk diŷip atlandyrypdyrlar.

Hristiançylygy *wagyz edijiler* şäherden-şähere, ŷurtdan-ŷurda aŷlanypdyrlar, özleriniñ bu baradaky hatlaryny iberipdirler. Hristiançylyk Rim imperiŷasynyñ ähli ŷerine ŷaŷrapdyr. Hristianlaryñ arasynda dürli halklaryñ wekilleri: ŷewreŷler, grekler, rimliler, müsürliler, gallar we ençeme beŷlekiler bar eken. Hristianlar obşinalara birleşipdirler, obşina çlenleri bilelikde çokunypdyrlar, ŷewangeliŷe okalyşyny diñläpdirler, öz baŷramçylyklaryny belläpdirler. Bu baŷramçylyklar baryp gadymy dinlerde hem bolup-dyr, ŷöne olar täze dine uŷgunlaşypdyr. Meselem, Iisusyñ doglan gününi misli täze günüñ dogŷandygyny añladŷan ŷaly, günüñ uzalyp başlaŷan wagty bolan 25-nji dekabr-da baŷram edipdirler. Onuñ direlen

gününi baharda baŷram edipdirler. Tebigatyñ bahar-da janlanŷandygyny añladŷan bu baŷramçylyk ekerançylyk bilen meşgullanŷan halklaryñ ählisinde diŷen ŷaly bolupdyr. Hristianlar hudaŷyñ hamala dünŷäni alty günüñ içinde döredenligi, ilkinji adamy palçykdan ŷasandygy we oña dem salyp ruh be-rendigi hakyndaky gadymy rowaŷaty hem ykrar edipdirler.

Hristianlaryñ bir hudaŷy ykrar edip, imperatorlara sežde etmekden boŷun gaçyrandyklary sebäpli, Rimiñ häkimiŷetleri olaryñ ŷygnanyşyklaryny gadagan edipdir-ler. Şonuñ üçin hem obşinalar gizlinlikde ŷygnanŷan ekenler, adatça olar ŷer astynda, daşy goparylyp taşlanan ŷerlerde ŷygnanŷar ekenler.

**4. Baŷ adamlaryñ hristianlaryñ hataryna girmegi.** Baŷ we bilimli adamlar ilki-ilkiler gullaryñ we garyplaryñ dinine ŷigrenç bilen garapdyrlar. Rim ŷazyjysy hristiançylygy ädikçilerdir mawutçylaryñ dini diŷip, ŷigrenç bilen atlandyrypdyr. Emma III asyrda Rim imperiŷasynda ŷaşaŷyş örän gowgaly we howply bolupdyr. Gozgalañlar, pitneler wagtynda, warwarlar çozup girende, adamlaryñ diñe bir öz emläklerinden dynmagy-ha beŷlede dursun, eŷsem olar heläk hem bolŷar ekenler. Hiç kim ertirki gününe ynam edip bilmändir – hemmeler mydama biynjalyk ŷaşapdyr. Garyplar ŷaly, baŷ adamlar hem ölenlerinden soñ “baky eşretde” bolmak umydy bilen öz göwünlerine teselli berip-dirler. Űstesine-de, imperiŷanŷñ umuman pese düşmegi zerarly ylmyñ we magaryfyñ pese düşmegi dini ynançlaryñ ŷaŷramagyna ŷardam edipdir. Esasysy bolsa baŷ adamlar hristiançylygyñ özlerine nähili peŷdalydygyna düşünipdirler. Hristiançylyk çydamlyly-gy we boŷun etmekligi wagyz etmek bilen, gullaryñ we garyplaryñ ünsüni ekspluatator-lara garşy göreşden sowupdyr. Hristian wagyz edijileri “Gullar, hudaŷdan heder edip, hemme zatlarda öz hojaŷynlaryñyza boŷun boluñ!”, “Ýaramaz guly hristiançylyk gowy adama öwürŷär” diŷipdirler.

Imperiŷanyñ ähli ilatynyñ özüne doly boŷun bolmagyny talap eden imperator Diokletian hristianlary añtapdyr, zyndana salypdyr, sürgün edipdir, jezalandyrp öldürip-dir. Emma gazaply çäreler hem kömek etmändir. Hristianlaryñ sany garyplaryñ arasynda hem, baŷlaryñ arasynda hem artmagyny dowam etdiripdir.

**5. Hristian buthanasy.** “Öz ruhunu halas etmek üçin” obşinanyñ hajatyna pul sadaka edŷän baŷ hristianlary *swŷaşenniklige (mukaddeslige)* – obşinalaryñ ŷolbaşçylygyna we *ŷepiskoplyga* saŷlan wagtlary seŷrek bolmandyr. “Ýepiskop” dŷen söz grekçe gözegçi diŷmekligi añladŷar. Ýepiskoplar tutuş oblastyñ obşinalaryna “gözegçilik” edipdirler, ŷagny olaryñ başlyklary bolupdyrlar.

*Ýepiskoplar bir-birleri bilen aragatnaşyk saklapdyrlar. Müñlerçe obşinalary birleşdirŷän we ŷepiskoplar tarapyndan dolandyrŷan hristian guramasy emele gelipdir. Oña hristian buthanasy diŷip at beripdirler. Imperiŷanyñ ilatynyñ arasynda onuñ uly täsiri bolupdyr.*

## § 8. IV asyrda Rim imperiŷasynda ŷagdaŷyñ mundane beŷläk-de ŷitileşmegi.

**1. IV asyrda halk köpçüliginiñ ezilmegi.** Diokletianyñ dolandyryşyndan soñ ŷene-de serkerdeleriñ arasynda imperatoryñ häkimiŷeti üçin uruşlar başlanypdyr. Şu gan döküşikli göreşde *Konstantin* üstün çykypdyr. Ol özüniñ gujurlylygy, rehimsizligi hem mekirligi bilen tapawutlanypdyr. Konstantin häkimiŷeti basyp almak we häkimiŷet başynda saklanmak üçin kasamyndan dänipdir, öz soŷuzdaşyny haŷynlyk bilen öldürip-dir, tagty eŷelejek bolŷandyr öŷdüp, öz ogluny hem öldüripdir.

Konstantin imperatoryñ häkimiŷetini pugtalanydyrmakwe ŷoary götermek üçin goşu-nyñ, çinownikleriñ, añtaŷjylaryñ sanyny öñküden-de artdyrypdyr. Ol öñküden-de baŷ zynat

içinde ŷaşapdyr. Bularyñ hemmesi ummasyz köp serişdeleriñ harçlanmagyny talap edipdir – salgytlar öñküden-de artdyrylypdyr.

Konstantin zähmetkeş ilata rehimsiz garapdyr. Salgydyny tölemedikleri gamçylap ŷenjipdirler. Şäherliler salgyt tölemekden boŷun gaçyrmaz ŷaly, olara bir şäherden beŷ-leki şähere göçmek ŷa-da öz kärlerini üŷtgetmek gadagan edilipdir. Çagalar hem öz ene-atalarynyñ meşgul bolan hünärleri bilen meşgullanmaga borçly bolupdyrlar. Ýer eŷelerini işgärler bilen üpjün etmek maksady bilen, Konstantin kolonlara mülklerden gitmegi gadagan edipdir. Gaçan kolonlaryñ el-aŷagyny zynjyrlap gaŷtaryp getiripdirler. Guly öldir ŷaly ŷenjen gul eŷesi asylly iş edŷär diŷip hasaplanypdyr. Imperatoryñ ussa-hanalaryndaky işgärlere hem edil gullaryñky ŷaly tagma basypdyrlar.

**2. Rim imperiŷasynda hristiançylygyñ agalyk ediji dine öwrülmegi.** Konstantin örän gazaply çäreleri ulansa-da, diñe bir gamçylamak, zynjyrlamak we jezalandyryp öldürmek arkaly adamlary gürrüñsiz boŷun egmäge mejbur edip bolmajakdygyna düşü-nipdir. Beŷleki dinlere garanda, ekspluatirlenŷänleri tabynlykda saklamaga hristiançyly-gyñ oñat kömek edŷändigini ol görüpdir. Hristian buthanasynyñ garyplara we gullara örän uly täsiri bolupdyr, ol olara diŷen edijiligi we gulak asmaklygy öwredipdir.

Konstantin **313-nji ŷylda** hristianlara ŷygnanyşmaga we öz ybadathanalaryny gurma-ga rugsat etmägä beŷlede dursun, eŷsem olaryñ buthanasyny pugtalandyrmaga-da çalşypdyr. Hristian taglymatynda galp hem gapma-garşylykly zatlar örän köp bolandy-gy sebäpli, obşinalaryñ arasynda şol gapma-garşylyklara nähili düşünmelidigi hakynda gazaply jedeller gidipdir. Imperator ŷepiskoplara *sobora* (ŷygnaga) gelmegi, bütewi ka-dalary işläp düzmegi hem-de olaryñ ŷerine ŷetirilişine berk gözegçilik etmegi buŷrupdyr. Imperatoryñ hut

özi buthananyñ işine gatyşypdyr, özüne ŷaramsyz gözegçi-leri işinden aŷrypdyr.

Imperator we baŷ adamlar hristian buthanasyna ŷerleri, puly we gymmat baha zatlary peşgeş beripdirler. Bu baŷlyklardan ŷepiskoplar we swŷaşennikler peŷdalanypdyrlar. Döwlet bilen bir hatarda, buthana hem imperator häkimiŷetiniñ we ekspluatatorlaryñ agalygynyñ daŷanjy bolupdyr. Gazaply hökümdar we rehimsiz ekspluatator Konstantini hristianlar mukaddes diŷip yglan edipdirler.

*Hristian buthanasy imperatoryñ tabynlygyndaky örän baŷ we güŷçli gurama öwrülip-dir.*

**3. Paŷtagtyñ başga ŷere geçirilmegi.** Imperator *Konstantinopol* atly täze paŷtagt gur-magy buŷrupdyr. Munuñ özi “Konstantiniñ şäheri” diŷmekligi añladypdyr. Ony gurmak üçin Bosfor bogazynyñ Ýewropa kenarynda, tebigat tarapyndan berkidilen belent burnuñ üstünde ŷer seçilip alnypdyr. Bu ŷerde Ýewropadan Aziŷa gidŷän ŷollar, Orta ŷer deñzinden Gara deñze barŷan suw ŷollary birigŷär ekeni. Ozal şu ŷerde grekleriñ koloniŷasy bolan eken.

330-njy ŷylda paŷtagt Konstantinopola geçirilipdir. Şäherde imperiŷanyñ kuwwatly-dygyna şaŷatlyk edŷän ajaŷyp jaŷlar gurlupdyr. Olaryñ arasynda hristian ybadathanala-ry hem bolupdyr.

**4. Hristianlaryñ ylmy añtamagy we sungat eserlerini ŷok etmegi.** Konstantinden soñ ŷurdy dolandyran imperatorlaryñ ählisi diŷen ŷaly hrisian buthanasynyñ goldawyna da-ŷanypdyrlar we oña howandarlyk edipdirler. Hristianlar şundan peŷdalanyp, hudaŷyñ dünŷäni we adamy, ajaŷyplyklary ŷaradyşy hakyndaky dini rowaŷatlara, Hristosyñ as-mana uçup gidişi baradaky rowaŷatlara garşy çykŷan ylma garşy göreş alyp barypdyrlar. Olar Aleksandriŷanyñ meşhur kitaphanasyndaky golŷazmalaryñ köpüsini ŷakypdyrlar, beŷleki şäherlerdäki ylmy eserleri hem ŷok edipdirler.

Aleksandriŷanyñ köçelerinde hristianlaryñ märekesi öz bilimliligi bilen şöhrat gazan-ŷan alym aŷal Ipatiŷany gynap öldüripdirler.

Hristianlar beŷleki ähli dinlere barlyşyksyz garapdyrlar. Olar gadymy ybadathanalary öz buthanalaryna öwrüpdirler ŷa-da weŷran edipdirler. Afinynyñ ybadathanasy Parfenonda hem-de Rimiñ gümmezli meşhur ybadathanasy Panteonda hristian dininiñ gullugyny berjaŷ edipdirler. Hristianlar *"idollary"* – hudaŷlaryñ, gahrymanlaryñ, impe-ratorlaryñ statuŷalaryny döwüpdirler. Müsürde Osirisiñ ybadathanasyny hem weŷran edipdirler. Köp sanly sungat eserleri ŷok edilipdir.

IV asyryñ aŷagynda Rim imperiŷasynda hristian dininden başga ähli dinler gadagan edilipdir. Imperator hatda Zewse bagyşlap Olimpiŷa oŷunlaryny geçirmegi gadagan edipdir.

**5. IV asyrda synpy göreş.** Hristiançylyk garyplaryñ bir bölegini ekspluatatorlara garşy göreşden saklan hem bolsa, ezilenleriñ garşylygyny dini ynançlar hem, rehimsizlik hem doly başyp ŷatyryp bilmändir.

Mätäçlikden we temmi berilmekden ŷaña bizar- peteñi çykan gullar we kolonlar tokaŷlarda we daglarda gizlenipdirler. Salgytlary tölemäge gurby çatmadyk şäherliler hem şol ŷerlere gaçyp gidipdirler. Olar otrŷadlara ŷygnanypdyrlar, gaçgaklar çinownik-leriñ, gul eŷeleriniñ mülkleriniñ üstüne, hatda şäherlere-de çozupdyrlar.

*Imperiŷanyñ hojalygy bütinleŷ pese düşupdir. Rehimsiz çäreler zähmetkeşleri öñküden-de köp tozdurypdyr we olaryñ gahar-gazabyny getiripdir.*

**1. Warwarlaryñ zor salmagynyñ güŷçlenmegi.** Imperiŷa ysgyndan gaçdygyça onuñ serhetleriniñ üstüne warwarlaryñ çozuşy güŷçlenipdir. Warwar taŷpalary soŷuzlara bir-leşipdirler we begleriñ arasyndan özlerine serdar saŷlapdyrlar. Saŷlananlygy mynasybetli serdary alazenzele turzup we ŷaraglaryny şakyrdadyp, galkanyñ üstünde ŷokary göteripdirler. Olar başly-barat, emma ägirt uly leşgerleri bilen

imperiŷanyñ serhetlerini zabt edipdirler. Imperatorlar warwarlaryñ çozuşyndan altyn berip başlaryny gutarmaga mejbur bolupdyrlar ŷa-da olardan goranmak üçin warwarlaryñ beŷleki taŷpalaryny hakyna tutmaly bolupdyrlar.

Gara deñziñ demirgazygyna göçüp baran german taŷpalary – *gotlar* imperiŷanyñ has howply goñşusy bolupdyrlar. Olar IV asyryñ ikinji ŷarymynda Kaspi deñziniñ kenar ŷa-kasyndaky sähralardan Ýewropa tarap eñen çarwalaryñ çozuşyna garşy durup bilmän, Dunaŷyñ kenar ŷakalaryna tarap süŷşüpdirler.

**2. Gotlar imperiŷanyñ territoriŷasynda.** Gotlar imperiŷanyñ serhetlerini goramagy borç edinip, onuñ çolaryp galan oblastlarynda mekan tutmaga rugsat alypdyrlar. Gotlaryñ on müñlerçesi öz aŷallarydyr çagalary bilen içi-köwük sütünlere, sallara münüp, giñ Dunaŷ derŷasynyñ sag kenaryna geçiripdirler.

Imperatoryñ çinownikleri olary azyk bilen üpjün etmegi wada beren hem bolsalar, sözlerinde tapylman, olary aldapdyrlar. Got bir bölek rörek ŷa it eti üçin ogluny ŷa-da özüni gulçulyga bermeli bolupdyrlar. Açlyk çekŷän gotlar gozgalañ turzupdyrlar we Konstantinopola tarap ugrapdyrlar. Köpsanly gullar we kolonlar gozgalaña goşulypdyr-lar; 378-nji ŷylda gozgalañ Balkan ŷarym adasynyñ bütin demirgazyk-gündogaryny öz içine alypdyr. Imperator öz goşunlary bilen gotlaryñ garşysyna çykypdyr. Söweşde gotlar imperatoryñ goşunlarynyñ daşyndan aŷlanyp, olaryñ tylyndan çozupdyrlar; söweşde imperator hem wepat bolupdyr. Täze imperator gotlaryñ serdarlaryna diñe berim berip, uruş hereketleriniñ bes edilmegini gazanypdyr. Gotlarda Balkan ŷarym adasynyñ demirgazyk-günbatarynda ymgyr giñ ŷerler berlipdir. Köp sanly we uruşjañ warwarlaryñ imperiŷanyñ merkezinde mekan tutmagy onuñ üçin örän howply bolupdyr.

**3. Imperiŷanyñ bölünmegi. 395-nji ŷylda** Rim imperiŷasy iki dogan imperatorlaryñ arasynda bölünipdir. Iki sany imperiŷa – paŷtagty Konstantinopol şäheri bolan *Gündogar Rim*

imperiŷasy ŷa-da *Wizantiŷa we Günbatar Rim* imperiŷasy emele gelipdir. Italiŷa we Ýewropadaky hem-de Afrikadaky günbatar welaŷatlar Günbatar im-periŷanyñ häkimiŷeti astynda galypdyr. Gündogar imperiŷa bolsa Balkan ŷarym adasy, Müsür hem-de Rimiñ Aziŷadaky mülkleri giripdir.

Imperiŷa bölünmegi bu iki döwletiñ güŷçlerini öñküden-de beter gowşadypdyr. Şäherleri çolaryp galan, obalary tozdurylan, ŷygy-ŷygydan gozgalañlar turŷan Günbatar imperiŷanyñ ŷagdaŷy ŷlaŷta-da agyr bolupdyr.

**4. Gotlaryñ Rimi basyp almagy.** Gotlar imperiŷanyñ gowşaklygyndan peŷdalanypdyr-lar. Olar tejribeli urşujy *Alarihi* özlerini serdar saŷlanypdyrlar we onuñ baştutanlygynda Gresiŷany hem-de Makedoniŷany tozdurypdyrlar. Italiŷany goramak üçin Galliŷadan, Britaniŷadan we Ispaniŷadan legionlar çagyrylypdyr; goşuna hatda gullary hem alypdyrlar, emma şeŷle çärelerden soñ hem Apennin ŷarym adasyny warwarlardan diñe birnäçe ŷyllap goramak mümkin bolupdyr. Gotlar Italiŷa çozup giripdirler; Italiŷany go-rara adam tapylmandyr. Imperator biçak berk galada gizlenipdir; esasan warwarlardan ybarat bolan goşunlar ygtybarsyz bolupdyrlar we köplenç Alarihiñ tarapyna geçipdirler; imperatory ŷigrenen gullar we kolonlar gul eŷeleriniñ mülklerini weŷran edipdirler hem-de müñlerçe adam bolup gotlara goşulypdyrlar.

**410njy ŷylda** Alarih kuwwatly gala diwarlary bilen goralan Rimi zabt edip almagy ŷüregine düwüpdir. Oña gullar kömek edipdirler, gullar gije galanyñ derwezesini açyp-dyrlar weli gotlar Rime çozup giripdirler. Ýewropanyñ, Aziŷanyñ we Afrikanyñ halkla-ryny ŷüzlerçe ŷŷlaryñ dowamynda eŷmendirip gelen iñ gadmy şäheri warwarlar basyp alypdyrlar. Űç günläp gotlar Rimi talapdyrlar. Şondan soñ olar tozdurylan şäheri taşlap gidipdirler.

**5. Germanlaryñ Günbatar imperiŷa çozup girmegi.** Gotlar bilen bir hatarda, beŷleki german taŷpalary hem Günbatar Rim imperiŷasyna çozup giripdirler. Olar kem-kemden Galliŷany,

Italiŷany, Ispaniŷany basyp alypdyrlar hem-de Demirgazyk Afrika aralaşyp-dyrlar.

Warwarlaryñ ŷykyp-ŷumrup barŷan sil ŷaly bolup, imperiŷanyñ içinden geçiripdirler. German obşinalary mes toprakly ŷerlerde mekan tutup, süle we arpa ekmek üçin üzüm agaçlaryny gorapdyrlar, zeŷtun agaçlarynyñ tokaŷlaryny öri meŷdanlaryna öwrüpdirler. Germanlar gala salmak üçin köşkleriñ we ybadathanalaryñ diwarlaryny söküp, olaryñ daşlaryny alypdyrlar. Birentek şäherler bütinleŷ weŷran edilipdir we olaryñ harabaçylyklaryny otlar hem gyrymsy agaçlar basypdyr.

V asyryñ ortasynda *wandallaryñ* taŷpalary Afrikadan Italiŷa geçidpirler we Rimi añsatlyk bilen eŷeläpdirler. Bu gezek şäher iki hepdäniñ dowamynda has hem rehimsiz-lik bilen talanypdyr we weŷran edilipdir. Wandallar statuŷalary döwüpdirler, kitaplary ŷok edipdirler, jaŷlary otlanypdyrlar. Olaryñ çozuşyndan soñ Rimde bary-ŷogy 7 müñ adam aman galypdyr.

**6. Günbatar Rim imperiŷasynyñ heläk bolmagy.** Rim imperatorlary warwarlaryñ Ita-liŷada hojaŷynçylyk eden serdarlarynyñ elinde alaçsyz oŷnatga öwrülipdirler. Ahyrsoñy **476-njy ŷylda** german serdarlarynyñ biri iñ soñky Rim imperatoryny tagtdan düşüripdir we Günbatar Rim imperiŷasynyñ ŷok edilendigini yglan edipdir. Günbatar Rim imperi-ŷasyna garanda az derejede tozdurylan Wizantiŷa kynlyk bilen hem bolsa, warwarlaryñ zor salmagyny yzyna serpikdiripdir.

Gul eŷeçilik gurluşynyñ ösmeginiñ özi imperiŷanyñ güŷçlerini opurypdyr we onuñ gutulgysyz ŷykylmagyna getiripdir. Imperiŷany ezilenleriñ gozgalañlary we warwarlaryñ çozuşlary tozdurypdyr.

*Imperiŷanyñ ŷykylmagy bilen Günbatar Ýewropada gul eŷeçilik gurluşy hem ŷykylyp-dyr. Şonuñ üçin hem 476-njy ŷyly - Günbatar Rim imperiŷasynyñ ŷykylan ŷylyny gadymy dünŷä taryhynyñ soñy hasap edipdirler.*

**Orta asyrlar taryhyny öwrenýän taryh ylmynyň bölümi mediýewistika (orta asyrlar taryhyny öwrenýän, taryh ylmynyň bölümi.) “medium aevum” (orta asyr). Orta asyrlar taryhy kursy müňýyllykdan hem gowrak döwürde – V asyrda Günbatar Rim imperiýasy ýykylanyndan tä XVII asyryň II ýarymyna çenli ýagny feodal gatnaşyklaryň döräninden, feodal jemgyýetiň ösüşinden, onuň dargamagyny we has progressiw buržuaz jemgyýet üçin sosial – ykdysady we syýasy şertleriň döreýşini öz içine alýar.**

Orta asyrlar taryhy kursy III döwre bölýärler:

I döwür V – XII a. I ýarymy - Gul eýeçilik gatnaşygynyň dargamagy we feodalizm gatnaşygynyň döremegi.

II döwür XI – XV a.a. - Feodalizmiň gülläp ösmegi.

III döwür XVI – XVII a. I ýarymy - Feodalizmiň dargamagy we buržuaz gatnaşygynyň döremegi.

Gadymy germanlar, olaryň hojalyk, sosiial we syýasy gurluşy, edil şolaryň hususy hem jemgyýetçilik ýaşaýşynyň beýleki taraplary bilen hem biz esasan Sezaryň we Tasitin bize berýän maglumatlary boýunça tanyşýarys.

Gaý Ýuliý Sezar ( biziň eramyzdan öň 100 – 44 ýyllar) meşhur rim syýasy işgäri hem tanymal serkerdesi, biziň eramyzdan öň 58 –den 52 –nji ýyla çenli Galliýanyň ( häzirki Fransiýa) hökümdary bolupdyr we onuň basyp alnyşynyň gidişini bolsa ol özüniň ``Gal urşy hakyndaky ýazgylarynda`` beýan edipdir. Germanlara degişli bolan ähli material iki bölege bölünýär:

a) germanlaryň hojalygynyň, jemgyýetçilik gurluşynyň we durmuşynyň umumy etnografik ýazgylary;
b) Sezaryň aýry – aýry german taýpalary bilen harby çaknyşyklarynyň gidişiniň beýany.

Awtor şolary harby hereketleriniň gidişi barada riiim senatyna Galliýadan berilen maglumatlar görnüşinde düzüpdir. Maglumatlaryň bize gelip ýeten nusgasy soňra, megerem, edebi taýdan özgerişe sezewar edilipdir.

Edil şunuň ýaly doly maglumatlary bize rim taryhçylarynyň iň ulularynyň biri bolan, takmynan biziň eramyzyň 58 –nji ýyldan 117 –nji ýyla çenli ýaşan Publiý Korneliý Tasit habar berýär. Biziň eramyzyň 89 – 93 –nji ýyllarda Tasit Belgikanyň (häzirki Demirgazyk – Gündogar Fransiýanyň we Belgiýanyň territoriýasy) hökümdary bolup, şol welaýatyň serhetinde ýaşan german taýpalarynyň durmuşynny öwrenipdir. Munuň daşyndan Tasit Reýniň aňyrsynda bolup gelen täjirleriň we esgerleriň, şeýle hem asly german gullaryň gürrüňlerini diňläpdir. Şeýle hem ol Reýniň boýundaky araçäk goragynyň naçalnikleriniň aýba – aý hasabatlarybilen tanyşypdyr. Galyberse –de, Tasit meşhur rim taryhçysy Plininiň bize gelip ýetmedik, ýöne şol zamanda oňat belli bolan, ``German uruşlary`` diýen işi bilen tanyş bolupdyr. Gulluk borjy boýunça K. Tasit rim harby naçalnigi Mark Agrippa tarapyndan öz wagtynda düzülen Reýn ýerleriň kartasy bilen tanyşypdyr. Netijede Tasitiň german dünýäsi barada öz düşünjeleri döräpdir, şolary hem ol biziň eramyzyň 98 –nji ýylynda ýazan we ýörite oňa döwürdeş bolan germanlaryň ýaşaýşyny we durmuşyny ýazyp görkezmekligee bagyşlanan ``Germanlaryň gelip çykaşy we ýaşan ýerleri hakynda`` ýa-da gysga ``Germaniýa`` diýen eserinde beýan edipdir. Şu ýerde Tasitiň oňa ýat bolan ``wagşy`` dünýäsine, rim gul eýeçilik jemgyýetiniň terminologiýasyny ulanandygy hem bellemek gerek. Emma aýdyň stil, ýokary takyklygy ymtylmak we Tasit tarapyndan toplanan materialyň baýlygy ``Germaniýany`` şol döwre degişli ähli çeşmelerden iň möhüm hasap etmäge mümkinçilik berýär.

Rim awtorlary Dunaý derýasyndan demirgazyga tarap tä Skandinaw ýarym adasyna; Reýn derýasyndan gündogara tarap Wisla çenli ýaşan taýpalary germenlar diýip atlandyrypdyrlar. Elba (Laba) derýasyndan gündogar tarapda günbatar slawýanlar ýaşapdyrlar we olar hem germanlar tarapyndan gysylyp çykarylypdyr.

German taýpalary üç topara bölünipdrler:

1.Günbatarlylar (Reýn bilen Oder aralygynda), olaryň arasynda taýpa soýuzlarynyň döremegi başlanýar; şolaryň iň ulusy reýniň ýokarky akymyndan tä Elba çenli aralykda ýaşan Swew taýpa soýuzy bolupdyr. Bu ýerlerde diňe şolar mäkäm ornaşypdyrlar. Bu taýpa soýuzyna swionlar, germendarlar, markomanlar, langobardlar giripdirler.

2.Reýniň orta akymynda german taýpalary bolan sugambrlar we marslar agdyklyk edipdirler, olara bolsa hatlar, herusklar, batawlar tabyn bolýarlar. Bu taýpalaryň barysy Reýniň aňyrsyndaky belgiler bilen ysnyşykly aragatnaşyk saklap gelipdirler, bir bölegi bolsa Reýniň çep kenaryna göçüp gidýärler.

3.Reýniň aşaky akymynda we Demirgazyk deňziň kenarynda aşaky german taýpalary ýaşapdyrlar. Frizler, hawklar, anglar, sakslar, teftonlar, burgundlar, gottlar, wandallar, gautlar degişli bolupdyrlar.

Şeýlelikde, Sezar we Tasit döwründäki german taýpalarynyň Demirgazykda nemes we Baltika deňizleri, Günortada – Dunaý, Günbatarda – Reýn, Gündogarda – Elba bilen çäklendirilen ägirt uly territoriýany eýeläp gelendigini aýdyp bileris.

Bu territoriýada ýaşap gelen köp sanly germen taýpalary şu territoriýa gelen gelmişekler bolupdyr. Olar mydama hereketde we özara täsirde bolupdyrlar.

Ýokarda aýdylşy ýaly, gadymy germanlar hakynda ilkinji maglumatlary bize Ýu. Sezar ``Gall urşy hakyndaky ýazgylarynda`` habar berýär. Ol : ``Olar çörekden beter, esasan

suýt bilen şeýle hem malyň, hasabyna iýmitlenýärler; olar köp aw awlaýarlar``[1] diýip ýazýar.

Sezaryň sözlerine görä, germanlar ekerançylyk bilen az meşgul bolupdyrlar, esasan hem süýt, peýnir we et bilen iýmitlenýärler. Maldarçylyk we aw awlamak eger uruşlary hasaba almasaň, olaryň esasy kesbi – kärleri bolupdyr. Ekerançylygyň entek ýaňy dörän wagty bolupdyr, çünki durnukly oturymlylyk bolman soň, germanlaryň özleri heniz ýarym oturymly halk bolup görünýär. Hiç kimde belli bir çäk goýlan hususy meýdan ýok. Her ýyl taýpa häkimleri aýry – aýry urug taýpalaryna, şolaryň her birine zerur bolan mukdarda ýeri belleýärler we ýylyň gutarmagy bilen, olary başga bir ýere geçmäge mejbur edýärler.

Swewleriň söweşjeň taýpasynyň geň tertip – düzgünlerini beýan edip, Sezar olaryň durmuşynyň özboluşly gurluşyndaky ähli peýdaly taraplaryny belleýär (urşy ekerançylyk bilen şowly utgaşdyrmak). Emma ol, soňra bu tertip – düzgünleriň amatsyzdygyny hem belleýär. Bu amatsyzlyk, aň – düşünjeli rimliniň nukdaý nazaryndan hut her ýyl eýesiniň çalşyp durulmagy netijesinde, ýere hususy eýeçiligiň bolmazlygy hem-de harby nukdaý nazardan, bir ýerde bir ýyldan köp oturyp bolmazlyk amatsyzlygydyr. Her kim diňe ýekeje ýyl daýhan bolup bilýär. Indiki ýyl ol urşujy bolýar we öz meýdanyny başga birine berýär. Şeýle düzgünler ekerançylyk medeniýetiniň ösmegine päsgel berýärdi. Parahatçylykly döwürde taýpanyň umumy hökümeti bolmandyr. ``Haçan-da taýpa hüküm ediş ýa-da goranyş urşuny alyp baranda, onda harby serkerdeleriniň borçlaryny alyp barýan we taýpadaşlarynyň janyna hem ölümine erk etmäge hukugy bolan wezipeli adamlar (magistratus) saýlanylýar`` diýip, Sezar aýdýar.

Sezaryň duşuşan taýpalary mydama uruş ýagdaýynda bolupdyrlar, şonuň üçin hem harby häkimiýet graždanlyk

[1]Древние германцы. Сборник документов. М.,1937, С.18-19.

häkimiýetinden agdaklyk edipdir we ol ýygy – ýygydan özüne giň ygtyýarlyklary alypdyr. Şeýle kuwwatly harby serdaryň häkimiýetinden hem soňra korol häkimiýeti döräpdir.

Olaryň bütün durmuşynyň awda we harby okuwlarda geçýändigini, her günki harby maşklar bolsa olaryň güýçlerini berkidýändigini Sezar bize habar berýär. Munuň daşyndan gallar Sezara germanlar barada aşakdaky maglumatlary habar berýärler: ``… Germanlar ägirt uly boýly, adatdan daşary batyr we harby işde ýokary derejede tejribeli adamlar…`` [2]

Germanlaryň söweş alyp barmak taktikasyna degişlilikde Sezar olar barada aşakdaky ýly aýdýar:

``Olar 6 müň atly we şonça –da pyýada esgerli goşun bolupdyr, her bir atly öz goragy üçin ähli goşundan iň batyrlaryň we çalasynlaryň birini saýlap alýar eken. Olar söweş wagtynda atlylaryň ýany bilen gidipdirler; olaryň goragy astynda atlylar yza çekilipdirler; haçan-da atlylar kyn ýagdaýa düşende, (şolaryň goragyna) pyýada esgerler ylgaşyp gelipdirler, eger birisi agyr ýaralanyp, atdan ýykylan bolsa, olar onuň daşyny gollapdyrlar … Atly söweşler wagtynda olar ýygy – ýygydan atlaryndan böküp düşýärler we pyýada bolup söweşýärler; atlary bolsa olar şol ýeriň özünde durmaga endik etdiripdirler, zerurlyk bolan ýagdaýynda bolsa, olar çaltlyk bilen täzeden olaryň üstüne münýärler…`` [3]

Sezar bize germanlaryň dini barada hem käbir maglumatlary habar berýär: ``Germanlaryň durmuşy gallaryň durmuşyndan güýçli tapawutlanýar. Sebäbi, olarda ybadat etmegiň däp – dessurlaryna ýolbaşçylyk edýän druidler (din hyzmatçylary) ýok we olar sadaka bermekde aýratyn – yhlas bilen ýapyşmaýarlar. Hudaýlar hökmünde olar diňe güni, ody we aýy, ýagny diňe (öz gözleri bilen) görýänlerini (tebigatyň güýçlerini) hem –de olaryň ýakymly täsirine gözi ýetip

---

[2] Древние германцы. Сборник документов. М.,1937, С.14.

[3] Şol ýerde. – 16, 19 s.

ynanmaga mümkinçilik tapanlaryny hormatlaýarlar, beýleki galan hudaýlar barada olar hatda eşitmändirler hem`` [4]

Aw awlamak we maldarçylyk, uruş hasaba alynmanynda –da, olaryň esasy kärleri. Bu çopan halky, ýone eýýäm ösüşiň has ýokary stadiýasyna –ekerançylyga geçmäge taýýar. Maldarçylyk indi germanlynyň ýaşamaklygy üçin zerur ähli serişdeleri bermeýär we ýetmeýän zatlary ekerançylyk arkaly doldurmaly bolýar. Germanly indi ekerançylyksyz oňup bilmeýär. Ýöne ekerançylyk etmek diňe kömek beriji goşmaça iş. Hususy we asla başga bir ýer eýeçiligi ýok, çünki entek boş giňişlikler köp. Yer wagtlaýyn aýry – aýry garyndaş birikmeleriň peýdalanmagynda bolupdyr. German jemgyýetinde indi soial gatlaklara bölünişiň alamatlary döreýär, emma Sezar döwrüniň germanlarynda synplaryň peýda bolmagy barada gürrüň etmek entek bolmaýar. German taýpalarynyň syýasy gurluşy primitiw häsiýetde bolupdyr.

Parahatçylykly döwründe taýpanyň umumy häkimleri bolmaýar we diňe oblast knýazlary tarapyndan dolandyrylýar.

Germanlaryň günbatara tarap öňe süýşmekligi olary Rim bilen çaknyşyga getiripdir. Ilkinji çaknyşyklar baryp biziň eramyzdan öň II asyra degişlidir. 113-101 –nji ýyllarda tewtonlar we kimwrler taýpalaryGalliýanyň we Demirgazyk Italiýanyň üstüne çozuş edýärler hem Mariý tarapyndan derbi dagyn we bütinleý diýen ýaly ýok edilipdir. Swewleriň Gündogar Galliýadaky ýerleri basyp almak synanyşygy hem olaryň ýeňilmegi bilen tamamlanypdyr. Tiz wagtda german taýpalary Rimiň agressiw syýasatynyň obýektine öwrülýär. Germaniýa, ony tabyn etmek maksady bilen, rim serkerdeleriniň ýörişleri guralýar. Birnäçe wagt german taýpalarynyň serdarlary Reýnden Elba çenli ähli territoriýada rim imperatorynyň häkimiýetini ykrar etmeli bolupdyrlar. Emma german ýerlerini imperiýanyň sostawyna girizmek,

[4] Şol ýerde. – 27, 28 s.

germanlaryň tutanýerli garşylyk görkezmeginiň netijesinde başartmandyr.

## Tema 9. Wizantiýa V – XI asyrlarda

Rim imperiýasy 395 – nji ýylda gutarnykly iki bölege dargapdyr: Gündogar hem Günbatar. Gündogar Rim imperiýasy, onuň grek paýtagtynyň adyna görä Wizantiýa diýip atlandyrylypdyr. Grek dili we halkyýeti ilkinji hem höküm ediji orna eýe bolýarlar. Sudda, kansilýariýada, kanunlaryň beýan edilmeginde, köşkde latyn diliniň ulanylmagy bes edilipdir. Hökümdar, imperator Awgust aýynyň ornuna bazilews (ýagny patyşa diýip, rus sözi ``sar`` - gysgaldylan ``sezar``) – çäksiz häkimiýetli patyşa, apostollara deň bolan diýip atlandyrylypdyr. Emma imperiýa öňki Rim deržawasynyň dowamy hasap edilipdir, onuň ilaty bolsa ozalkysy ýaly, romeýalylar (rimliler) diýip atlandyrylypdyr.

Şeýlelik bilen, 395–nji ýylda imperiýanyň bölünmegi gündogar prowinsiýalaryň aýrybaşgalygyny gutarnykly resmileşdiripdir. Gündogar – Rim imperiýasy ýa-da Wizantiýa rewolýusion krizis we has güýçli, ``warwar`` çozuşlary [5] döwründe has az zyýan çekipdir. Onuň sostawyna gündogar bölegiň baý oblastlary giripdir: Müsür, Siriýa, Kiçi Aziýa, Balkan ýarymadasy.

Gündogar prowinsiýalarda tebigi hem klimatik şertler köp dürli bolupdyr. Deňiz ýakasyndaky raýonlarda, derýalaryň derelerinde we düzlüklerde bugdaý, arpa, rož, süle, zeýtun we beýleki miwe berýän agaçlar, üzüm ýetişdiripdirler. Mes toprakly we gür ilatly. Müsür esasy galla mesgeniniň roluny oýnapdyr. Imperiýanyň köp sanly ekerançylyk raýonlarynda

---

[5] Grekler we rimliler ilkidurnuş obşina gurluşynda ýaşan taýpalary şeýle atlandyrypdyrlar.

gadymdan bäri ýylda 2 – 3 hasyl alypdyrlar. Gündogarda meýdanlara suwaryşyň irrigasion sistemasyny uly ähmiýet berlipdir.

Imperiýa üçin maldarçylygyň ähmiýeti hem az bolmandyr. Kiçi Aziýanyň we Siriýanyň ýaýlarynda, Balkan ýarymadasynyň dag raýonlarynda iri we ownuk şahly mallary köpeldipdirler. Bu raýonlarda şäher hünärmentçiligi üçin köp mukdarda ýüň we çig mallaryň beýleki görnüşleri öndürilipdir. Günbatardakylar bilen deňeşdirilenende, Gündogar prowinsiýalar üçin häsiýetli aýratynlyk eýýäm IV asyrda ol ýerlerde kolonlaryň we erkin obşinaçylaryň esasy öndürijilere öwrülenligidir. Kolonlaryň köpüsi ýerlere berkidilipdir we öz jenaplarynyň eýem döwletiň peýdasyna borçlary ýerine ýetiripdirler. Erkin daýhanlar goňşulyk obşinalar (``mitrokomiýa``) bolup ýaşapdyrlar, olar ýere eýelik edipdirler we öz obalarynda özbaşdak dolandyrylypdyrlar. Erkin daýhanlar, harby borjy talap etmek üçin ýer paýlanan we barşinadan boşadylyp gelmişeklerden (greklerden, slawýanlardan we başgalardan) ýa-da duşmanlar tarapyndan weýran edilen we tozdurylan ýerlere gaýtadan ýerleşdirilen ekerançylardan emele gelipdir. Şeýle göçüp gelenlere köp ýeňillikler berlipdir.

Öz hususy ýerinde işleýän daýhanlar obşinalary düzüpdirler. Olarda tokaýlar we öri meýdanlar umumy peýdalanmakda bolupdyr, sürülýän ýerler bolsa, - aýry hojaýynlaryň ygtyýarynda bolupdyr. Olar şol oçastoklary başga daýhanlara hem işläp bejermäge (kärendesine) beripdirler, uçastogy obşinanyň öz içinde galmak şerti bilen çalyşyp bilipdirler. Eger kimdir biri öz emläginden närazy bolan bolsa ýa-da jedel ýüze çyksa, onda obşina umumy gaýtadan paýlama geçiripdir we hemmelere täze uçastoklar beripdir. Bir obşinanyň daýhanlary ``oba obşinasyny`` düzüpdirler we özlerine degişli işleri dolandyrypdyrlar. Obşina umuman borçlaryň öz wagtynda ýerine ýetirilişine jogap berýärdi.

Keseki ýerlerde işlän daýhanlar parikler (ýagny göçüp gelenler) diýip özleriniň oba okrugynyň (raýonynyň) garaşly obşinasynda jemgyýetçilik ýerinden paýy bolupdyr we şäheri ähli möhüm önümlerbilen üpjün edipdirler.

Şäherleriň sosial sostawy adatdan daşary dürli bolupdyr. Ýaşaýjylaryň köpüsi senetçilerden, söwdagärlerden, hakyna tutma işgärlerden durypdyr. Uly şäherlerde gullaryň zähmeti giňden ulanylypdyr, olar imperator we hususy ussahanalarynda, gurluşyk işlerinde, daş çykarylýan we magdan gazylyp alynýan ýerlerde peýdalanylypdyr. Uly şäherleriň ýaşaýjylarynyň öz sport guramalary – dimalary bolupdyr. Olar ýygnaklary. Olar ýygnaklary, we toýlary gurapdyrlar, uly emläklere eýelik edipdirler we ``sirk partiýalary``[1] diýip atlandyrylanlaryň agzalarynyň wznoslaryndan düzülýän uly hazyna ygtyýarly bolupdyr. Sirk partiýalarynyň agzalaryna ``ýaşyllar``, ``gökler``, ``gyzyllar`` hem ``aklar`` diýip atlandyrypdyrlar. Adatça, olar öz garaýyşlaryny we pikirlerini kä sirkde (aýlawda), kä buthanada bolup geçen ägirt uly ýygnaklarda aňladypdyrlar. Partiýalar ýygy – ýygydan imperatoryň syýasaty hem –de buthana garaýşy baradaky pikirlerinde çapraz gelipdirler.

a) Feodallaşmagyň wizantiýa ykdysadyýetiniň ähli pudaklaryna (ylaýta –da oba hojalygyna) aralaşýandygyna garamazdan, imperator häkimiýetiň merkezleşdirilen apparatyny saklap bilipdir. Ol salgytlar girdejisini üpjün etmäge borçly çinownikleriň mukdaryny köpeldipdir. Goşunyň kömegi bilen salgytlary ýygnamak adatdaky bir hadysa bolupdyr. Ýokary häkimiýet imperatora degişli bolupdyr. Ol aýratyn mukaddes adam hasaplanypdyr. Eýýäm III asyrda: ``Imperatora näme amatly bolsa, şol kanun güýjüne eýedir`` diýen prinsipi kesgitlenipdir. Hristianlygy resmi din hökmünde kabul

---

[1] ``Sirk partiýalary`` diýen atlar at ýaryşlarda paýtunçynyň geýminiň reňkine görä berilipdir.

edilmegi bilen (325 ý) häkimiýet buthananyň goldawyny hem aldy. Indi şeýle diýýärdiler: ``Imperator diňe hudaýdan aşakdyr we şu wagtyň özünde Hudaýa eýerýär``. Emma patyşanyň häkimiýeti absolýut bolmandyr. Ol dürli oblastlaryň we şäherleriň ýepiskoplarynyň gatnaşmagy bilen uly buthana ýygnaklarynyň pikirleri we kararlary bilen ylalaşmaly bolupdyr. Senat hem az boýunça toparlara (sehlere) bölünipdirler. Her toparyň belli bir harydy diňe taýýarlamaga ýa-da diňe satmaga (monopoliýa) hukugy bolupdyr, emma şonuň deregine hiç kimiň öz kärine başgany goşmaga ýa-da öz käri üçin artykmaç haryt satyn almaga hukugy bolmandyr. Senetçiniň satyn alyp biljek materialynyň mukdary berk kesgitli bolupdyr; senetçileriň her bir toparyna bazarda aýratyn ýer ýa-da aýratyn, köçe görkezilipdir. Harytlaryň köp bölegine häkimler tarapyndan anyk nyrhlar bellenilipdir, şonuň bilen hem senetçiniň alyp biljek girdejileri kesgitlenipdir. Bu düzgünleriň bozulmagy üçin berk pul we ten jezalary bellenilipdir. Eparh seh naçalniklerini belleýärdi, sehlere täze agzalary kabul etmäge rugsat berýärdi, düzgün bozujylary çykarypdyr. Jemgyýetçilik jaýlary gurmak barada, graždanlaryň durmuşyny gowulandyrmak barada (suw geçirjiler, esamamlar) we köçeleriň ýagdaýyny berk esewan bolmaga diňe onuň karar çykarmaga hukugy bolupdyr.

Imperiýanyň administrasiw apparaty örän uly bolupdyr. Administrasiw wezipeler köp sanly çinownikleriň elinde bolupdyr. Imperiýada salgytlaryň paýlanyşy we ýygnalyşy; harby we deňiz uprawleniýesi; döwlet poçtasy; sud, polisiýa gözegçiligi ministrlikleriň (sekretleriň) arasynda bölünipdir; şolaryň her birinde ägirt uly iş dolandyryjylyk jemlenipdir. Hemmesinden möhüm maliýe ministrligi (uly hazynanyň logofetiniň sekreti) bolupdyr.

Prowinsiýalary dolandyrmakda birinji orna harby edara eýe bolupdyr, sebäbi prowinsiýalaryň goranşyny üpjün etmelidir. Şol wagtyň özünde –de her prowinsiýanyň öz goşuny

bolupdyr: ony beýleki raýonlara (oblastlara) geçirmek düýpgöter gadagan edilipdir.

Prowinsiýalarda harby we graždanlyk dolandyryşy dürli adamlaryň elinde bolupdyr. Daýhan harby otrýadlarynyň sany azalypdyr; Indi IV – V asyrlarda esasy harby kontingentleri goňşy taýpalardan bolan hakyna tutanlar we federatlar bolupdyr.

Soňra taryhy çeşmeler prawoslaw ruhanylarynyň imperatoryň hökümetine edýän ägirt uly syýasy täsiri barada habar berýärler. Diňe paýtagtyň bir özünde 70 golaý monastyr bolupdyr. Müsüň 6 mln ýaşaýjysyna ýarym million monahlar we monahinler düşüpdir.

Şeýlelik bilen, hem dini hem dünýewi iri ýer eýeleri ýer paýlaryny köpeldip, özlerini merkezi häkimiýete garşy goýupdyrlar. Imperator häkimiýetiniň şolar bilen göreşmäge eden synanyşyklary netijesiz gutarypdyr.

Ýokarda aýdylanlar esasynda hem deňeşdirmek arkaly netije çykaralyň.

a) Günbatarda feodallaşdyryş prosesi, ýagny pomestýe we iri ýer eýeçiliginiň döremegiçalt depginler bilen barýardy, ``Warwarlaryň`` çozup girmegi netijesinde gul eýeçilik jemgyýetiniň syýasy guramalar düzgüni, onuň ykdysadyýetiniň düzgüni düýpgöter ýok edilipdir, salgytlar hem ýitirim bolupdyr, bular bolsa önümçilik güýçleriniň mundan beýläk ýokary göterilmegine şertler döredipdir.
b) Gündogarda feodallaşdyryş prosesi merkezi häkimiýetiň we ähli harby – býurokratik apparatyň saklanyp galmagynda bolup geçipdir. Şonuň üçin bu ýerde gul eýeçilik jemgyýetiniň galyndylary saklanypdyr. Feodallaşdyryş prosesi uzaga çekipdir, bu bolsa halk köpçüligine agyr täsir edipdir; oljuda haýal we jeberli bolupdyr.

V asyryň ahyrlarynda senator ýer eýeçilik aristokratiýasy güýçlenýär, we ol öz dikmesi Anastasini (491 – 518) tagta çykarypdyr. Onuň döwründe esasy soslawiýeler edara senat bolupdyr, şoňa hem ol daýanypdyr. Soslawiýeli edaranyň beýleki Konstantinopolyň baştutanlygyndaky buthana bolupdyr. V asyryň soňunda we VI asyryň başynda ýer eýeçilik gul eýeçilik begzadalary hem buthana – monastyr ýer eýeçiliginiň bähbitleriniň arasynda gapma – garşylyklar ýüze çykypdyr. Iri senator soslowiýesi Müsürde, Siriýada, Kiçi Aziýada ägirt uly ýer emläkleriniň eýesi bolup özbaşdaklyga ymtylypdyr. Şol maksat bilen ol monofizitler [1] diýip atlandyrylýan taglymata penalanýan şol oblastlaryndaky separatistik meýilleri goldapdyr.

527 –nji ýylda, tagta çykanda Ýustinianyň 45 ýaşynda bolupdyr; ol eýýäm döwlet işlerinde ep – esli tejribeli, akyl – paýhasly hem kämilleşen häsiýetli adam bolupdyr. Ol prowoslaw ruhanylarynyň ýewropa prowinsiýasyndaky ilatyň arasynda uly abraýa eýedigine örän oňat düşünipdir, şonuň üçin hem buthana syýasatynyň ugruny üzül – kesil üýtgedýär. 527 – nji ýylda Ýustinian ähli ýeresleri, şol sanda monofisitçiligi hem köki – damary bilen ýok etmek hakynda perman çykarýar. Üç aýyň içinde ýeretikler prawoslawiýa geçmeli bolupdyr, egerde şeýle edilmesi, olaryň ählisi yzarlamalara hem çäklendirmelere duçar edilýärdi. Şeýle hem ol köp senatorlaryň imperatorlaryň güýçli häkimiýetine otrisatel garaýandygyny görüpdir: olar özleriniň erkini ýerini ýetirýän gulak asyjy wasilýewe (imperator) hakynda arzuw edipdirler. Ýustinian bolsa, olary öz islegine tabyn etmek we senator oppozisiýasyny ýatyrmak isläpdir. Taryhda ``Nika`` (532 ý.) ady bilen belli gozgalandan soň, bu oňa başardypdyr. Ol ýer eýeleriniň – gul eýeliniň

[1] Monofizidler – (grek) Hristiançylykda bir akymyň – monofizitçiligiň tarapdarlary, b.e. V a. döräp, Hristiň (Isa pygamberiň) diňe Hudaý tarapyn tebigatynyň (hudaý adam (bogoçelowek)) bardygyny ykrar edip, hrist – adam hakyndaky düşünjäni inkär edýär.

ýerlerini köpçülikleýin konfiskasiýalaşdyrmak bilen olaryň ykdysady kuwwatyny mynjyradypdyr. Bu barada meşhur taryhçy Prokopiý Kesariýskiý özüniň ``Gizlin taryh`` kitabynda habar berýär.

Şeýlelik bilen, iri senator ýer eýeçiligine hüjüm etmek Ýustinianyň sosial – ykdysady syýasatynyň möhüm wezipeleriniň biri bolsa, ýokary begzadalaryň separatizmine we desentralizatorçylyk ymtylyşmalaryna garşy göreş bolsa, - onuň administrasiw syýasatynyň baş ugry bolupdyr.

Ýustinianyň agrar syýasaty köp derejede ownuk we orta ýer eýeleriniň hem gul eýeleriniň giň gatlagyny öz tarapyna çekmek islegi bilen kesgitlenýärdi. Olar bolsa imperatoru onuň Günbatardaky basybalyjylykly planlarynda gürrüňsiz goldadylar. Ilatyň orta gatlagy mümkin bolaýjak baýlaşmaklyga bil baglapdyr.

Ýokarda görkezilişi ýaly, Ýustinianyň içerki we daşarky syýasatynda has wepaly soýuzdaşy prawoslaw buthanasy bolupdyr. Merkezleşdirilmegiň güýçlenmegine we öz sosial bazasynyň berkemegine ymtylyp, Ýustinian döwleti dolandyrmagyň reformasyny geçirmeli bolupdyr:
Administrasiýany düzgüne salmak, býurokratiýanyň eden – etdiligini çäklendirmek we parahorlyk bilen aýgytly göreşmek. Administrasinyň esasy nogsanlaryndan biri bolan – döwlet wezipeleriniň satylmagyna rehimsiz uruş yglan edipdir. Şol wagt her bir wezipäni almak üçin ``däp`` diýip atlandyrylýan beremi ýagny wezipä bellenileni üçin we ony bellenýän wezipeli adama berilýän kanunlaşdyrylan parany tölemeli bolupdyr. Köp pul berip wezipe satyn alan çinownik prowinsiýa gelip, diňe bir öz çykdajysyny ödemek däl, eýsem baýamak maksady bilen ilaty aýratyn gazaplylykda talamaga girişýärdi. Bularyň barysy orta hem ownuk ýer eýeleriniň, ruhanylaryň, täjirleriň we senetçileriň, obada ýaşaýanlaryň hem şäherlileriň, ýagny imperiýanyň raýatlarynyň ýagdaýyna juda

agyr täsir edýärdi. 535 –nji ýylyň korruppiýa [1] garşy permany uly administrasiw reformalaryň başlangyjy hasaplanylýarOl administrasiw okruglary giňeldilipdir we iki prowinsiýany bir hökümdaryň häkimine tabyn etmek arkaly has mäkäm territorial birlikleri döredipdir. Bu bolsa senatorlaryň, halk köpçüliginiň we tabyn edilen halklaryň ýygy – ýygydan edýän çykyşlary bilen göreşmek üçin prowinsiýal namestnikleriň häkimiýetiniň berkleşmegine getirýärdi. Şeýle hem prowinsial aristokratiýanyň separatistik meýillerini ýok etmek we harby hem graždan häkimiýetlerini agzalarynyň (bäsdeşlikleriniň) soňuna çykmak üçin hökümetiň edýän tagallary uly rol oýnapdyr.

Ahyr sony, Ýustinianyň goşunyň berkemeginede çynlakaý üns berendigini bellemek gerek. Agressiw daşary syýasaty bilen oňa esgerleriň arasynda öz abraýyny ýokary galdyrmak başardypdyr. Goşuny saklamak üçin ol ägirt köp serişdeleri sarp edipdir. Salgytlary ep –esli artdyrmak gerek bolupdyr. Esasy agram bolsa daýhanalaryň we garyp senetçileriň gerdenine düşýärdi. Halk köpçüliginiň ýagdaýyny çinownikleriň zorluklary, eden – etdikleri hem ýaramazlaşdyrypdyr. Bularyň barysy gozgalaňa getiripdir. Şu gozgalaňa has dolurak seredip geçeliň.

Ýustinian patyşalyk eden dowründe başynda wenetlere arka durupdyr we oňa degişli ýaşlar – stasiotlar Konstantinopolda we Wizantiýanyň beýleki şäherlerinde kakabaşlyk edip başlapdyrlar. Bikanun eýe bolnan serişdelere olar zynatly durmuş obrazyny alyp barypdyrlar, jalataýlyga we azgynlyga ýüz urupdyrlar, giň, owadan bejerilen plaşlary geýipdirler. Olar öz ýanlarynda aç – açan ýarag saklapdyrlar we topar – topar bolup ýygnanyşyp, asuda ýaşaýan adamlaryň üstüne çozupdyrlar, hatda gündüziň günortany olary talap we

---

[1] Korruppiýa – (latyn) – satyn alma, azmaklyk, jemgyýetçilik we syýasy işgärleriň, hem wezipeli adamlaryň satlyklygy.

öldüripdirler. Wenetleriň göçgünligi paýtagtda ýaşaýan adamlary şeýle bir gorka goýupdyr, hatda olar gündüzine köçelerde kaşan geýimde görünmäge hem gorkupdyrlar, gijäniň başlany bilen öz öýlerinde gizlenipdirler diýip, Prokopiý ýazýar. Stasiatlar – wenetleriň zulumyndan hemmelerden köp olaryň syýasy garşydaşlary – prasinler ejir çekipdirler. Şäherleriň köçelerinde öz otrýadlaryny gurap, prasinler wenetleriň zorluklaryna aýgytly gaýtawul bermäge synanyşypdyrlar. Partiýalaryň ikisiniň çaknyşýan wagtlarynda hemmesinden köp şäherleriň asuda adamlary azap çekipdirler.

Käwagt yustinian merkezi hökümet üçin peýda almak maksady bilen iki partiýanyň göreşini bilgeşleýin tutaşypdyrlar. Ýöne, haçanda ilatyň giň gatlagy şol göreşi çekilende we şol göreş imperatora howp salyp başlanynda, hökümet derrew partiýalaryň ikisine –de çäreler görüpdir. Emma ýygy – ýygydan partiýalaryň  ikisiniň hem ilatynyň aşaky gatlagy birleşipdirler we ýigrenji hökümdarlara garşy bilelikde hereket edipdirler. ``Nika`` ady bilen belli, bolan Konstantinopoldaky 532 –nji ýylyň halk gozgalaňyny mysal bolup biler. Gozgalaň wagtynda paýtagtyň hemme ýerlerinde gozgalaňçylaryň çagyryş – paroly ``Nika``  (``Ýeň!``) eşidilipdir, şol boýunça olar biri – birlerini tanapdyr, şular sebäpli hem gozgalaň şol ada eýe bolupdyr. Nika gozgalaňynyň Wizantiýa hökümeti üçin aýratyn howplulygy,  şu gezek partiýalary agzala edip, bölmegiň başa barmagyndan hem –de gozgalaňyň imperatora hawp salýandygyndan ybaratdyr. Imperiýanyň paýtagty öz güýi hem gerimi boýunça görlip – eşidimedik hallk hereketiniň arenasy bolllupdyr we döwürdeşleriniň ýadynda çuňňur yz galdyrypdyr.

Nika gozgalaňy 532 –nji ýylyň 11 –nji ýanwarynda başlapdyr we tutuş sekiz gün dowam edipdir.  Örän uly kynçylyklar bilen Ýustiniana halk gozgalaňyny ýatyrmak başardýar. 30 müňe golaý adam gurban bolupdyr, şolaryň arasynda köp sanda aristokratlar we imperiýanyň edara edii

toparlarynda kem –kemden buthana gullukçylary we býurokratiýanyň ýokary gatlagy has uly täsire eýe bolup başlaýar.

Daşarky syýasatynda Ýustiniana ägirt köp pidalaryň we tagallaryň sarp edilmegi bilen Italiýany basyp almak başrdypdyr, ýöne Italiýanyň ilatyna agyr salgytlar salnypdyr we onuň üstünden häkimiýeti diňe ýaragyň güýji bilen saklamak başardypdyr. Bularyň barysy ylaýta hem basyp alyşlygyň berk bolmadyk ýagdaýynda, ýagdaýyň dartgynlylygyny güýçlendirýärdi. Gündogarda Ýustinianyň uruşlary şowsyz bolupdyr. Ol güýçli eýran şasy Hosrow Sasani bilen göreş alyp barmaly bolupdyr. Göreş Kawkazyň we Krymyň Gara deňiz kenaryna eýe bolmak üçin gidýärdi. Imperiýanyň ähli güýçleri, Wizantiýanyň möhüm söwda bähbitleri bolan Gara deňzine Eýrany goýbermezlik üçin gönükdirilipdir. Her halda Ýustiniana Krymyň günortasynda (Basporda hem Hersonesde) berkişmek başardýar. Ýustiniana we ondan soňky imperatorlara Mesopotamiýanyň, Siriýanyň, Ermenistanyň hemişelik çozuşlaryndan halas etmek başartmandyr.

Ýustinian döwründe Wizantiýanyň dunaý araçäginde hem uly howp peýda bolupdyr. Olar slawýanlardyr. Başda gunnlar, awarlar bilen bilelikde, soňra slawýanlaryň özleri birsyhly Misiýanyň, Frankiýanyň, Iliriýanyň üstüne çozýarlar we şolary tozdurýarlar, hatda orta Gresiýa hem aralaşýarlar. Balkan ýarymadasynyň birsyhly koloniýälaşdyrylyp durmagy imperiýanyň ilatynyň etniki sostawynda uly üýtgeşmelere getiripdir. 528 –nji ýylda durmuşda bolup geçen üýtgeşmeleriň hasaba alynmagy bilen hukugyň ägirt uly kodafikasiýasynyň amal edilmegi başlanypdyr we 533 –nji ýylyň ahyrynda tamalanypdyr.

Kodeks dört bölümden ybarat bolupdyr:

1. Institusiýa – 1 tom.
2. Ýustinianyň kodeksi – 12 tom.
3. Digstler – 50 tom.

We netije 1 tom. Jemi 74 tom.

Ýustinianyň Kodeksi ikinji neşiri biziň günlerimize çenli saklanyp galypdyr we hut şol görnüşinde soňra bütindünýä meşhurlyga eýe boldy.

Hukuk reformasy hukuk alymlarynyň okadylmagynyň gowulandyrylmagyny talap edýärdi. Şonuň üçin, hukugy öwrenmek boýunça ýönekeý gollanma ýazmak zerur bolupdyr. Bu iş ``Instituýalar`` diýip atlandyrylypdyr, ýagny latynça ``okuw kitaby`` (``nastawleniýeler``) manyny aňladýardy. Ýustinian tarapyndan reformalaşdyrylan kanun çykaryjydygy esas edinip, olar düşnükli formada hukugyň häzirki ýagdaýyny beýan edýärdi. Şeýlelik bilen ol ýuristler üçin gündelik gollanma öwrülipdir.

Institusiýalaryň golýazmasynyň düzülen wagtyndaky asyl nusgasy, bize gelip ýetmändir. Emma has giçki golýazmalaryň (IX asyrdan başlap) ep –esli sany saklanyp galypdyr, bu bolsa Günbatar Ýewropa ýurtlarynda giňden ýaýran Institusiýalaryň ullakan meşhurlygy barada ýene bir gezek şaýatlyk edýär. Institusiýalar Wizantiýa imperiýasynyň hukuk mekdeplerinde okuw maksatlary üçin hem giňden peýdalanylypdyr hem –de aýry – aýry  sud işleri derňelende praktiki işde ulanylypdyr. Ähli öň bolup geçen rim häkimleriniň düzgüne salnan kanunlary 12 tomdan ybarat Ýustinianyň Kodeksi diýip atlandyrylana giripdir. 10 sany tejribeli döwlet işgärlerinden (ýuristlerden we hukuk professorlaryndan) ybarat bolan komissiýa irki döwründe döredilen Kodekslere täzeden seredip çykypdyr, şolardan iň zererlany, ilkinji nobatda talaplara laýyk gelýän we ýuridik praktika üçin möhüm konstitusiýaly saýlap alypdyr. Şeýle hem ýörite ýuridik işler peýdalanypdyr; saňra, öňki kodekslere girmedik imperatorlaryň kanunlary toplanypdyr hem düzgüne saklanypdyr. Komissiýa gapma – garşylyklaryň we gaýtmalary aýdypdyr.

Ýustinianyň kanun döredijiliginde imperiýanyň ähli erkin ilaty üçin döredilen hukuk düzgünleri ýeke – täk uniwersal

sistema birigýärler. Bu reforma hem ýuridik, hem syýasy aspektde ägirt uly progressiw ähmiýete eýe bolupdyr.

Merkezleşdirilen tendensiýasy kanun döredijilikde göz – görtele nygtalýar. Hut şonuň üçin, buthana tarapyndan ykrar edilen, çäksiz häkimiýete eýe bolan, diňe imperatoryň özüne garaşly bolan bütewi imperiýa ideýasy, ýuridik taýdan kemala gelýär. Imperatoryň başda durmagyndaky bütewi imperiýa, ýeke –täk kanun, eýeçiligiň, maşgalanyň ýeke –täk formasy, imperiýanyň ähli erkin raýatlary üçin graždanlygyň deň hukuklary, ýeke –täk din –ine kanun dörediji tarapyndan örän tutanýerli geçirilýän Ýustinianyň kanun döredijiliginiň esasy edeýalary.

XII asyrdan hemme orta asyr uniwersitetlerinde Ýustinianyň Kodeksi hökmany öwrenilmeli predmet bolupdyr. Hatda häzir hem ösen döwletlerde şahsy hukugyň esasynda Ýustinianyň ``Kanunlar ýygyndysy`` ýatyr.

Ýustinian ölenden soň, onuň ýakyn mirasdüşerleri ägirt uly daşary syýasy kynçylyklary çekýärler. Basybalyjylykly uruşlarda öz resurslaryny ysgyndan gaçyran Wizantiýa imperiýasy ne basyp alan, ne –de öňden gelýän ýerlerini saklap bildi. Imperiýanyň ilkinji ýitgileri Günbatarda bolupgeçdi. 600–nji ýyl töwereginde tutuş Demirgazyk Italiýa, şeýle hem onuň orta we günorta böleginiň köpüsi Dunaýyň kenarlaryndan gelen germanlaryň langobardlar taýpasy tarapyndan eýelenipdir. Imperiýanyň elinde diňe Italiýanyň kenar zolaklary, Italiýanyň günortasy we Sisiliýa, Rawenna galypdyr. Ýöne bu ýerleriň imperiýadan garaşlylygy gowşak bolupdyr. Demirgazykda, Gara deňiz we Dunaý tarapdan, imperiýanyň Konstantinopola ýakyn oblastlaryna, talan salyp duran uly tölegleri alan awarlar gysypdyr, Awarlar bilen bilelikde, awarlara tabyn bolan slawýanlar hem söweşipdirler. Çarwalar tarapyndan gysyp çykarylýan slawýanlar, özleriniň köne ýerlerinden uly toparlar bolup, günorta täze ýerlere göçüp barýarlar. Şeýlelikde, olar Balkan ýarym adasyna aralaşýarlar we Wizantiýadan onuň

bütin demirgazyk hem günbatar böleklerini alýarlar. Şeýle hem slawýanlaryň uly koloniýasy köne grek oblastlarynyň içinde, Makedoniýada mesgen tutupdyr we Gresiýanyň günortasyna çenli aralaşypdyr. Grek ilaty, bir tarapdan olar bilen garyşypdyr, ýene bir tarapdan –da şäherlere gysylyp çykarylypdyr.

Iň agyr ýitgileri imperiýa Gündogarda we Günortada, Aziýada hem Afrikada çekipdir. VII asyryň başynda imperator Irakliý (610-641-nji ýyllar) ägirt kynçylyklara döz gelip parslar bilen uzaga çeken hem tutanýerli göreşde, öň olar tarapyndan alnan oblastlary, Siriýany hem Müsüri yzyna gaýdyp alypdyr we şolar tarapyndan weýran edilen Iýerusalimiň mukaddes ýerlerini dikeldipdir. Emma on ýyl hem geçmänkä, şol ýerler täze, duýdansyz emele gelen arap – musulman (640 –njy ýyl töwereginde) döwletiň tarapyndan basylyp alnypdyr. Iran bilen bolan uruşlarda tapdan düşen Wizantiýa olaryň hüjümini saklap bilmändir. Galybersede halk köpçüliginiň imperiýa bolan ýigrenjji şeýle birgüýç bolupdyr, hatda araplary olar azat edijjiler hökmünde garşylapdyrlar. Paýtagt üçin ony galla bilen üpjün eden Müsüriň ýitirilmegi aýratyn agyr bolupdyr. Umuman, imperiýa iň baý oblastlaryny ýitiripdir. Ýarym asyr soňra araplar Afrikany basyp alýarlar. Imperiýa galan ýerlerini olara garşy durup zordan saklaýardy. Olar bir näçe gezek Kiçi Aziýany tozdurypdyrlar we flotly üç gezek Konstantinopola ýakynlaşypdyrlar.

700 –nji ýyla çenli imperiýa Ýustinian döwündäki möçberlerinden dört esse kiçelipdir. Onuň garamagynda diňe Balkan ýarym adasynyň günorta – gündogar bölegindäki ýerler we Kiçi Aziýa galypdy; günbatarda Sisiliýa we Italiýanyň bir bölegi. Şeýlelik bilen, ykdysady babatda iň güýçli oblastlar ýitirilipdir. Emma imperiýa heläk bolmandyr. Şu babatda slwýan we grek obşinaçylary aýgytly rol oýnapdyrlar. Wizantiýanyň mesgen tutup, olar ýurduň durmuşyny täzeläpdirler, özleri bilen täze obşina gatnaşyklaryny

getiripdirler we şonlukda erkin obşinaçylaryň mukdaryny köpeldipdirler. Hut şol azat daýhanlar – obşinaçylar Wizantiýa armiýasynnyňn öňki şöhratyny dikeldipdirler, bu bolsa Wizantiýa VII asyryň sarsgynlaryndan öňkiden hem has güýçli bolup çykmaga mümkiçilik beripdir. Saklanyp galan VIII asyryň ýadygärligi bolan Ekerançylyk kanunynda ``hiç ýerde krepostoý daýhanlar we kolonnnalar barada agzalyp geçilmeýär; daýhannnlaryňň köpüsi erkinn bolupdyr, ýere eýeçilik edipdirler we öz obalaryny özbaşdak dolandyrypdyrlar. Şol  wagt ownuk garaşsyz daýhançylygy berkleşmek we erkin daýhançylygynyň ýaýramak prosessi bolup geçýärdi. Şolaryň esasynda hökümet stratiotlaryňň güýçli harby – gullukçy gatlagyny döredipdir. Bu öz bolşuna görä, harby gulluk üçin berilýänn wagtlaýynn ýer sylaglary (benefisiler) bolupdyr. Benefisiler ölçegi we gymmaty boýunnça dürli – dürli bolupdyr. Täzelenme prosesi imperiýanyň sosial gurluşyny hem öz içine alypdyr. Ýerlerde harby – administrasiw okruglar – femlar sistemasy ýaýraýar, şolaryň başynda bolsa ýerli otrýadlaryň naçalnikleri durupdyrlar. Sud, maliýe, harby häkimiýet şolaryň elide bolupdyr. Bular strateglerdi. Hut şularyň özi döwlete stratiotlaryň opolçeniýalaryny düzüp berýärdi.

Rimlileriň ozalky prowinsiýalardan bölünip çykmak prosesi uzaga çekipdir. Iň uly femlar Kiçi Aziýada döredilipdir. Aslynda şolaryň strategleri Imperiýanyň ykbalyny kesgitleýärdiler.

``Ekologlar`` ady bilen kanunlar çykarmak arkaly täze Isawri dinastiýasy (717 ýyl) sud gurluşyna kämilleşdiripdir; plebsiň bähbitlerinde mugt girizilýar, sud işleriniň ähli çykdajylaryny döwlet öz üstüne alýar; sudýalara wezipesi boýunça aýlyklar bellenilýär. Mundan başga kanun sud öňünde begzada wekilleriniň we plebsiň deň hukuklygyny berkarar edýär. Isawrlar arahorlyga garşy aýgytly göreş aly barýarlar.

Şeýlelik bilen, imperatorlar erkin ownuk hususyýetçileriň ýagdaýyny ýeňilleşdirmäge ymtylýardylar, bu bolsa Wizantiýa imperiýasy üçin, onuň ýaşamagyna daşyndan güýçli duşmanlaryň howp salýan döwründe örän möhüm bolupdyr.

Isawrlaryň (Lew III we Konstantin V) reformalary hakykatdan hem ýurduň harby kuwwatyny ýokary göteripdir. Ýöne bu barada gürrüň etmezden öň VIII asyryň başyndaky Wizantiýada ikona çokunmaklyga garşy herekete seredip geçmek gerek. Şol wagt agalyk edýän synpyň çinde gapma – garşylyklar çulaşypdyr. Çinownikler hazynanyň girdejisini köpeltmäge ymtylypdyr, çünki olar şonuň hasabyna ýaşapdyrlar; şeýle hem prowinsiýalaryň üstünden edilýän kontrolyň güýçlendirilmegine ymtylypdyrlar; fem begzadalary obşinanyň ýerlerini eýeleýärdiler we paýtagtda öz täsirlerini artdyrmaga çalşypdyrlar. Stratigleriň güýjüni gowşatmak üçin, imperatorlar eýýäm VIII asyryň başynda femlar bölüşdirip başlaýarlar.

Ýöne dünýewi we ruhany bagzadalaryň, monahlar hem harby gullukçylaryň arasyndaky çaknyşyklar aýratyn ýitgi bolupdyr. Ruhanylaryň ägirt uly baýlyklaryň eýesi bolupdyr buthananyň hazynalaryna eýe bolmak dünýewi begzadalaryň gizlin arzuwy bolupdyr.

Şol wagt halk arasynda uly abraýa eýe bolan monahçylyk üýtgeşik güýç ösüpdir. Olaryň ýer, emläkleri, giň, köplenç ajaýyp ymaratlary, ägirt uly sürüleri tükeniksiz ösýärdi hem köpelýärdi. Şolaryň hossarlyk etmegi bilen köp adamlar borçlardan boýun gaçyrypdyrlar, çünki monastyrlar salgytlar barada köp ýeňillikleden peýdalanypdyrlar. Monahçylygyň güýçlenmegi döwletiň ýaşaýşyna howp salypdyr. Ähli serhetlerde, aýratyn hem araplara garşy, alyp barmaly bolmaly bolan agyr göreşde, imperiýa esgerlere hem pul serişdelerine mätäçlik çekipdir. Monastyrlar ilatyň köp bölegini harby gullukdan we zähmetden sowýardy; monastyrlar goýumlary goýup, baý adamlar öz maýalaryny hazynadan ýaşyrypdyrlar.

Galybersede, monahçylyk maşgalalaryň sanyny kemeldýärdi we ilatyň azalmagyna getirýärdi. Şonuň üçin imperatorlar VIII asyrda olar bilen göreşe girýärler.

Bu göreş ikona garşy göreş bilen utgaşypdyr. Musulmanlar – araplar bilen uruşda wizantiýalylar özlerini hakyky diniň goraýjylary diýip yglan edipdirler. Emma imperiýanyň öz içinde hem dini partiýalarynyň rehimsiz duşmançylygy tutaşýardy.

Buthanada ornaşan ikonalara, mukaddes predmetlere we şekillere hormat goýulmagyna garşy güýçli hereket başlanypdyr. Bu adatyň dürli garşydaşlary bolupdyr. Kiçi Aziýada ol pawlikian sektasy tarapyndan ýazgarylypdyr.

Insawlar dinastiýasyndan bolan ilkinji iki imperatoryň Lew III (717-741)ýyllar we Konstantin U (741-775) ýyllar ikisi hem serişdeler we harby güýjüň zerurlygy bilen aladalanyp, Ikona garşy göreşijileriň we monahçylyk duşmanlarynyň tarapyny alypdyrlar.Konstantinopoly uly arap flotynyň wegoşunynyň çozuşyndan halas eden Lew III, erkin daýhanlaryň bähbitlerinde reformalar geçiripdir. Onuň daşyndan, ol monahçylygyň diňe bir hoplulygyny göz ýetirmän eýsem özüni diniň esaslaryny berkarar etmäge hakly hasap edipdir, we şunlukda özüni Wizantiýanyň dini hem dünýewi hökümdary hökmündeykrar etmegi ündäpdir. Şonuň üçin döwletiň uly maslahatynda senatorlaryň weruhanylaryň gatnaşmagynda Lew III “Ikonalaryň taýýar egilmegi melgun sungatynyň işi bolan üçin olara edilmeli däldir” diýip aýdypdyr.Elbetde, bu bahanady. Ikonalary aýyrmaly, olary buthanalardan çykarmak barada buýruklar çykarylyodyr.Lew III-ä garanyňda onuň ogly Konstantin 5-nji aýgytlyrak hereket edipdir. Ol özleriniňesasy köpçüliginde Ikonalara duşmançylykly garan kiçi Aziýalylaryň bolmagyny isläpdie: ol köp Aziýaly pawlekianlary paýtagtda hem onuň töwereginde harby ýaşaýjy edip ýerleşdiripdir.Konstantin monahçylygyň barlyşyksyz duşmany bolupdyr: ol monastyrlary ýapypdyr we

olaryň jaýlaryny kazarmalara, arsenallara[2], atýataklara öwürüpdir. Köp monastyr ýerlerini imperator yzyna alypdyr we harby adamlaryna gulluk üçin sylag görnüşinde paýlapdyr; monastyr ýerleri pomestsýa-haristikiýa öwrülýärdi, şol hem ömürlük peýdalanmaga berlipdir. Monahlary nikalaşmaga we dünýewi geýim geýmäge mejbur edipdirler. Güýje boýun bolanlara wezipeler berlipdir, galanlary sirkde masgaraçylykly ýörişlere sezewar edilipdir, türmelere salypdyrlar, ýurtdan kowup çykarypdyrlar. Imperator goşuna daýanypdyr. Ruhanylaryň bir bölegi hem onuň tarapynda bolupdyr, çünki monahlar olara tabyn bolmakdan üzül-kesil boýun gaçyrypdyrlar hem-de doly özbaşdaklygyny saklamaga ýmtylypdyrlar.

Ikonalara hormat goýujylaryň maddy serişdelerini ulanyp, monahçylygyň hasabyna stratiotlary ýer bilen hem ýarag bilen üpjün edip Isawrlaryň zehinli serkerdeleri daşarky duşmanlara garşy göreşde uly harby üstünlikleri gazanypdyrlar.

800-nji ýyl töwereginde alym monah berk ustawly studiýa monastyrynyň igumeni [1] Fýodor Studit, imperatorlaryň buthana taglymatynyň we gurluşynyň meselerine gatnaşmaga haky ýokdur diýen pikiri gyzgyn gorapdyr. Ol hem Rim papasy ýaly, dini häkimiýet dünýewi häkimiýetden ýokardadyr diýip hasap edipdir; ruhanylar imperatory sud edip bilerler, emma weli imperator ruhanylary sud edip bilmez. Ol özüniň pikirlerini anyk aýdypdyr, şonuň üçin hem telim gezek türmä düşüpdir. Şeýlelik bilen, Fýodor Studit günbatar Oriýentasiýasynyň, ýagny Rim papasynyň we onuň ýepiskoplarynyň tarapdary bolupdyr.

Eýsem bolsa, wizantiýa jemgyýetiniň feodallaşmak prosesi dowam edipdir. Isawriýa dinastiýasynyň

---

[2] Arsenal – ýarag we ok – däri sklady, gorhana.

[1] Igumen-erkekleriň prowoslaw monastyrynyň nastoýateli. Grekçeden terjimesi – alyp barýan diýmekdir.

reformalarynyň üstünlikleri köne tipdäki dünýewi ýer eýeçiliginiň galapyn weýran edilenligi üçin hem mümkin bolupdyr. Daýhan obşinasyndan täze ýer eýeleri-dinatalar (wlasteller) saýlanýarlar, we olar öz hojalygyny feodal esaslarda gurapdyrlar. Şolar bilen täze harby-gullykçy begzadalary kratiýa hem bagly bolupdyr. Stratistlaryň, erkin daýhanlaryň gatlaklary bölünmegi olaryň garyplaşmagyna getirýärdi. Daýhanlar bilen dinatalaryň arasynyň bozulmagy aýdyňlaşýar. Dinatalar imperatoryň kömegi bilen erkin daýhanlaryň gowşak hojalyklaryny eýeläp, olary krepostnoýlara öwrüp başlaýarlar. Daýhanlaryň närazylygy Wizantiýada ilkinji köpçülikleýin antifeodal gozgalaňa (821 ý.) öwrülýär, şoňa bolsa Kiçi Aziýadaky harby komandirleriň biri bolan Foma Slawýanin baştutanlyk edipdir. Gozgalaňçylaryň sosial sostawy dürli bolupdyr:

Gullar, garaşly daýhanlar, göçüp gelenler, stratiotlar. Wizantiýanyň gowşamagyna ymtylýan araplar gozgalaňçylaryň goşunyny ýaraglandyrypdyrlar. Foma Slawýanine Anatolikanyň, Frankiýanyň ilatyny öz tarapyna çekmek başardypdyr. Gozgalaňyň hereketlendiriji güýçleri-Wizantiýanyň halk köpçüligi hökümetiň wekilleri bilen hüjüm edip Konstantinopoly basyp almaga synanyşypdyr, ýöne synanşyk şowsuz bolupdyr. Hökümet goşunlarynyň gazaply garşylygynyň hötdesinden gelip, Fomy Frakiýada düşüpdir we şol ýerde uly kömek alypdyr. Frakiýada hökümet tarapyndan zor edip göçürilip getirilen hem agyr şertlerde ýaşaýan köp ermeniler bolupdyr. Olaryň köpüsi pawlikianlar bolupdyr. Konstantinopolyň gabawy Gündogardan hem şowsuz bolup çykypdyr. Imperator Mihail II bolgarlar kömege çagyrypdyr, olar bolsa 823-nji ýylyň ýazynda Fomanyň goşunynyň üstüne tyldan duýdansyz çozupdyrlar. Bu bolsa gozgalaňyň gidişinde öwrülişige getiripdir. Bolgarlaryň urgusyndan soň Fomanyň goşuny indi aýnalyp bilmändir. Ylaýtada hem paýtagtda dinatlary we hökümeti halas etmegiň hatyrasy üçin agzalalyklar

unydylypdyr. Gozgalaňçylaryň arasynda bolsa agzalalyklar başlanypdyr. Foma wada eden demokratik reformalaryny, sosial çärelerini geçirmändir. Munuň üstünede araklaryň işleri hem Foma Slawýanini biabraý edýärdi.

823-nji ýylyň ýylyň tomsuna ol Konstantinopolyň gabawyna aýyrmaga we arkadionopola çekilmäge mejbur bolupdyr. Bozgaklyk başlanýar we Fomany wizantiýa hökümetine tutup berýärler. Gozgalanyň ýeňilmeginiň sebäbi paýtagt hem fema begzadalarynyň birleşmegi bilen baglydyr. Bularyň soňkusy gozgalaňçylaryň ýerlerini alýardylar. Ruhanylar – ikona hormat goýujylar we ikona garşy göreşijiler birleşipdirler. Fýedor Studit bolsa şeýle ýazypdyr: ``Indi öňki jedelleri täzeden başlamagyň wagty däl. Munuň özi bulagaýlyk getirýär. Indi ýeke-täk pikirdeşligi wagty``. Emma gozgalaň ýatyrylandan soň, jedeller gaýtadan başlanypdyr. Diňe iki onýyllykdan soň, 843-nji ýylda ikona hormat goýmaklyk dikeldilipdir. Konstantinopolda uly ylalaşdyrma gurnalypdyr: bütin imperiýadan monahlar we ýepiskoplar gelipdirler, ikonalar gutarnykly suratda dikeldilipdir. Munuň sebäpleri hem bolupdyr:

1. 821-823-nji ýyllaryň gazaply gozgalaňy agalyk ediji synpyň dürli toparlanşyklaryny mundan buýanky hereketleriň howpy astynda birleşmäge mejbur edipdir.
2. Indi dinatlary monastyr ýer eýeçilik problemasy we buthana ýeňillikleri gyzyklandyrmaýardy, galybersede eýýäm IX asyryň başynda monahlygyň ykdysady hem sosial kuwwaty opurlypdy, onuň ýerleri bolsa bir eýýäm harby-gullukçy begzadalaryň eline geçipdir.

Wizantiýa prowoslaw buthanasy barada aýdanymyzda, ol köneden gelýän däplerini saklap bilipdir, emma özbaşdaklygyny ymykly ýitiripdir: hut imperatorlar-ikona garşy göreşijiler ýa-da imperatorlar-ikona hormat goýujylar buthana

meselelerini özleri çözýärdiler, ýokary ruhanylary öz häkimiyeti bilen belläpdirler hem aýrypdyrlar. Wizantiýa prawoslaw buthanasynyň baştutanyny-patriarhy dünýewi şahslardan bellemek hem däbe öwrülipdir. Patriarh, hamala diýersiň imperatoryň ýanynda buthana işleri boýunça baş maslahatçysy hem ministri ýaly bolup, imperatoryň syýasatyna boýun egmeli bolupdyr. Köp monastyrlar monastyr eýeliklerinden gerdeji alýan dünýewi ýer eýeleriniň häkimligi astyna düşüpdirler. Girdejileriň diňe bir bölegi prawoslaw ruhanylaryny we monahlygy saklamak üçin sarp edilýärdi. Ikona garşy göreşijileriň ýatyrylmagy pawlikianlaryň hökümetden daşlaşmagyna getiripdir. Olar Wizantiýa imperiýasynyň gündogar serhetlerinde paýtagty Tefrika şäherine bolan garaşsyz respublikany döredipdirler we özleriniň Wizantiýa garşy ýörişlerinde Nikeýa çenli ýetipdirler. Imperatorlar pawlikianlara garşy jeza beriji ekspedisiýalary gurapdyrlar. Agalyk edýän synp halk köpçüliginiň garşylyk güýjüni artdyrýan artdyrýan ideologiýany gutarnykly ýatyrmak isläpdir. Kiçi Aziýa uly ygtyýarly strtigalaryň baştutanlygynda üç sany goşun iberilipdir. Olar pawlikianlary fiziki taýdan ýok etmäge ymtylypdyrlar: biriniň el-aýaklaryny haça çüýläpdirler, beýlekileriniň kellesini kesipdirler, üçünjilerini-gark edipdirler. Jeza beriji çäreleri emlägiň konfiskasiýasy bilen utgaşypdyr. Jemi ýüz müňe golaý pawliklan gurban bolupdyr. Olar batyrlyk bilen garşylyk görkezipdirler. Diňe 872-nji ýylda wizantiýa goşunlaryna kynlyk bilen pawlikionlary derbi-dagyn etmek hem Tefrikany weýran etmek başardypdyr. Gozgalaň ýatyrylandan soň, daýhanlaryň ýersizleşmek prosesi we olaryň ýerleriniň feodallaşýan begzadalaryň eline geçmegi çaltlaşypdyr.

Şol bir wagtda hem Isawrlaryň syýasaty feodallaşýan begzadalaryň bähbitlerine laýyk gelmeýärdi. Feodal gatnaşyklarynyň gutarnykly ornaşmagy üçin täze kanunlar zerur gerekdi. Şonuň üçin IX asyryň II ýarymynda Wizantiýada

häkimiýet täze Makedon dinastiýasyna geçýär. Ony esaslandyran Wasiliý I (867-886 ý.ý.), Isawriý dinastiýasynyň soňky wekili Mihail III öldürmek arkaly (867 ý.) tagta çykmaga başaran, ozalky makedoniýaly daýhan bolupdyr. Imperator Wasiliý I derrew Isawrlaryň ähli reformalaryny ýatyrypdyr: özüniň syýasatynda ol buthana we dinatlara daýanypdyr. Indi monahçylygyň mertebesi täzeden ýokary galyp ugraýar hem ikona garşy göreşijilik wagtynda çeken moral hem maddy ýitgileri üçin doly sylaglanypdyr. Ol ýüzlerçe monastyrlary açypdyr, olara ägirt köp ýerleri bagş edipdir. Dinatlaryň bähbitlerini nazara alyp, Isawrlaryň ``Ekloglary`` - Makedon dinastiýasynyň kanuny ``Wasilikalar`` bilen çalşyrlypdyr, şonda hem ilkinji gezek dinatlara daýhan ýerlerini eýelemäge, daýhanlaryň özleri bolsa pariklere, ýagny göçüp gelenlere öwürmäge ygtyýar berlipdir. Parikler ýer eýelerine ýokary natural obrogy tölemeli we barşinany ýerine ýetirmeli bolupdyrlar. Döwletiň peýdasyna alynýan merkezleşdirlen renta (salgyt) hem saklanýardy. Wizantiýa daýhanlary öz ezijilerine garşy gozgalaň turuzyp, krepostnoýlaşdyrylmagyna garşylyk görkezmegini dowam etdiripdirler. 932-nji ýylda Kiçi Aziýadaky daýhanlaryň çykyşy şol hereketleriň iň uly göwrümlisi hem tutanýerlisi bolupdyr. Daýhanlaryň başyna düşen guraklyk we elhenç açlyk şoňa gös-göni itergi bolupdyr. Gozgalaňçýlaryň başynda makedon daýhany Wasiliý Mis El (Mednaýa ruka) bolupdyr. Ägirt uly kynçylyklar bilen imperator Roman Lakapina (919-944 ý.ý.) gozgalaňçylary derbi dagyn etmek başardypdyr. Dinatlaryň güýçlenmegi dowam edipdir. Indi Makedon dinastiýasynyň hökümeti daýhanlary feodallaryň eden-etdiliginden garamak maksady bilen aýgytly çäreleri geçirmäge mejbur bolupdyr. Sebäbi regulýar goşuny saklamak ücin imperatorlaryň serişdeleri bolmandyr. Şonuň üçin keseki hakyna tutulanlar bilen bir hatarda, goşunyň esasy bölegini miras düşer harby gullugyna borçly daýhanlar tutupdyr. Olar döwletden diňe ýer uçastogyny

alýardylar, şony bolsa özleri işläp bejermeli bolupdyrlar we şonuň girdejisini öz maşgalasyny eklemelidi hem özüniň harby gullugy üçin ýarag bilen üpjün bolmalydy. Uçastoklar dürli mçberde bolupdyr, şoňa laýyklykda gulluk hem meňzeş bolmandyr. Uly uçastogyň eýesi at üstünde gelmeli bolupdyr iki esse kiçi uçastogyňky-harby flotda matros bolup gulluk etmeli, ýer paýlary mundan hem kiçi bolanlar bir näçe adamdan deknene edipdirler we her bir topar umumy hasapdan öz aralaryndan bir soldaty üpjün etmeli bolupdyrlar.

Şeýlelik bilen, daýhanlaryň-urşujylaryň tozmazlygy hem-de sanynyň azalmazlygy döwlet üçin örän möhüm bolupdyr. Şonuň üçin olar ýeňilliklerden peýdalanypdyr, emma şol bir wagtda belli bir şertler bilen hem bagly bolupdyrlar: olaryň öz uçastoklaryny taşlamaga hukugy bolmandyr, şolary satmaga, şolardan gidip, özlerine başga kär saýlamaga hukuksyz bolupdyr, üçastoklar döwletiň ýeri hasap edilýärdi, urşujylar bolsa döwletiň krepostnoýlary ýaly bolupdyr. Emma bu düzgüni saklamak örän çetin bolupdyr: stratiotlaryň mülkleriniň golaýynda uly pomestýeler emele gelipdir. Şolaryň eýeleri goşun ýolbaşçylary we döwlet çinownikleri bolupdyr. Emma bolsa möhletlere bölüp töläp almagy buýruk edýärdi. Emma dinatlar her hili ýol bilen garşylyk görkezipdirler we basyp alan ýerlerini saklamaga jan edipdirler. Köplenç özleri hem uly ýer eýeleri bolan Sudýalar we namestnikler şolaryň tarapynda bolupdyrlar. Dinatlar Merkezi häkimiýetden barha köp eglişikleri gazanýardylar. Möhlet mütddeti hakyndaky kanun hem olara päsgel bermändir, ýogsam şoňa laýyklykda daýhan kyrk ýylda bärde Dinata geçen öz ýerini yzyna alyp bilýärdi. Sebäbi hormat goýulýan hukukdan-da, möhlet müddeti hakyndaky kanundan hem dinatlaryň deňine çenli ýokary galan, emma daýhanyň ýuridiki statusyny [1] saklap galan obşinaçylaryň baýlaşýan bölegi peýdalanypdyr. 996-njy ýylyň

[1] Status – hukuk düzgüni, ýagdaýy.

kanuny bilen imperator Wasiliý II Bolgarboýes möhlet müddetini ýatyrypdyr, obşinalaryň ýerleri, olaryň ýitirilen möhletine garamazdan gaýtaryp bermäge degişli bolupdyr. Emma erkin daýhançylygyň, ýagny stratiotlary saklamagyň bu soňky synanyşygy hem uly netije bermeýär.

Olaryň garyplaşmak prosesini duruzmaga kanunlar güýçsiz bolupdyr. Bu özgerişleri boýun alyp, imperatorlar barha ýygy-ýygydan hakyna tutulanlary hem ulanyp başlaýar: ruslary, latynlary, normanlary, gruzinleri we ermenileri. Şeýle hem bolsa, XI asyrda stratiotlaryň-daýhanlaryň wizantiýa goşunynyň düzümine girendigini bellemek gerek.

Erkin salgyt töleýjiler barada aýdylanda bolsa, XI asyrda olar ýeterlikli bolupdyr. Olar hökümet tarapyndan takyk işlenip düzülen salgyt sistemasyny ýerine ýetirmäge borçlydyrlar.

Indi bolsa IX asyrdan täze ykdysady ýokary göteriliş başlanan wizantiýa şäherlerindäki ýagdaýa seredip geçeliň. Olar senetçiligiň we söwdanyň merkezlerine öwrülipdir. Wizantiýa üçin söwda uly ähmiýete eýedi. Ol Gara deňiziň Demirgazyk ýakalarynda uly hem möhüm bazarlara eýe bolýar. Wizantiýanyň söwda dolanyşyklary ýokary galypdyr. Gündogardan, musulman ýurtlaryndan gelýän harytlar, aýratyn hem ýuka matalar, hoşbaýlyklar konstantinopola ýygnanýardy. Şolaryň bir bölegi wizantiýalylar tarapyndan satyn alynýardy, beýlekisi mundan aňryk Günbatara ýa-da demirgazyga tarap gidýärdi. Emma grekleriň özi harytly uzaga gitmändirler. Söwda harytlary keseki täjirler tarapyndan satyn alnypdyr hem äkidilipdir, grekler bolsa köplenç äkidiş bahasynyň 10% barabar gümrükden peýdalanypdyrlar. Esasy satyn alyjylar italýan täjirleridi. Hut şolar Günbatardaky ýarmarkalary üpjün edýärdiler. Wizantiýadan papalar, italýan we nemes ýepiskoplary buthanalar üçin gymmat baha geýimleri, gap-gaçlary, çeper bürünç gapylary, çeper bürünç gapylary sargyt edip getirdýärdiler. Konstantinopol dünýä söwdasynyň merkezi we ertekidäki ýaly baýlyklaryň şäheri bolup galýardy.

Trapezund we Fessalonika şäherleri Gara hem Orta Ýer deňizlerindäki söwda gegemonlygynda uly rol oýnaýarlar.

Senetçiligiň we söwdanyň guralyşy bilen bizi X asyryň gyzykly ýadygärligi ``Eparhyň kitaby`` - eparhyň (häkimiň) kararlar ýygyndysy tanyşdyrýar. X asyrda Konstantinopolyň senetçilik önümçiliginde merkezi orny erkin senetçi, senetçilik ussahanasynyň eýesi bolupdyr. Paýtagtyň senetçileri we söwdagärleri hünärleri boýunça korporasiýalary [1] birleşdirilipdir. Olar orta asyr tehlerine meňzeş bolupdyrlar. Tapawudy bolsa, wizantiýa şäherinde hem gullaryň zähmetiniň hem, hakyna tutma işgärleriň zähmetiniň-de, ulanylmagydyr. Şehler deň bolmandyr. Pul çalyşýanlaryň zergärleriň, notariuslaryň we ýüpek mata satýan söwdagärleriň sehleri aýratyn hukukly hasaplanypdyr. Bulkaçylaryň, gassaplaryň, gençileriň, balykçylaryň we başgalaryň sehleri bolsa ýönekeý hasap edilipdir. Senet ussahanalaryndan we söwdagärlerden alynýan gümrüklerden köp girdeji alýan döwlet, harytlaryň hiline berk kontrollyk edipdir, önümçiligi reglamentirläpdir (çäklendiripdir) we nyrhlary belläpdir. Senetçilik korporasiýalarynyň üstünden amala aşyrylýan döwlet kontrollygy juda gazaplylygy bilen tapawutlanypdyr. Şeýlelik bilen, Wizantiýada seh guramasy diňe seh agzalarynyň däl, eýsem döwletiň hem bähbitlerine hyzmat edipdir.

IX-XI asyrlarda imperiýa edara etmek sistemasy has hem çylşyrymlaşypdyr. Inisuiatiwi Wasiliý I Makedonskä (867-886 ý.ý.) degişli bolupdyr, ol merkezi we ýerli býurokratik apparaty adatdan daşary giňeldipdir. Her edaranyň (wedomstwanyň) (olaryň sany 60 çenli bolupdyr) köp sanly kanselýariýalary bolupdyr. Iň möhüm hasap edilen edaralar (wedomstwolar):

1) Genikon – salgytlary ýerleşdirmek we ýygnamak boýunça edarasy (wedomstwosy);

---

[1] Korporasiýa (latynça) – professional ýa-da soslowiýe bähbitleriniň umumylygy bilen birleşdirilýän jemgyýet, soýuz, şahslar topary.

2) Harby – uruşyjylara aýlyk tölemegi amala aşyrýan, olaryň ýaraglylygyny we iýmitini üpjün edýäň;
3) Döwlet poçtasynyň we daşary aragatnaşyklarynyň edarasy (wedomstwosy), diplomatiýa we razwedka şonuň elinde bolupdyr;
4) Idik edarasy (wedomstwasy), imperator maşgalasynyň emlägini dolandyrypdyr.

Bu ähli çinownikçilik basgançaklaryň üstünde imperator köşgi durýardy. Imperator mukaddes adam hasaplanypdyr; ol ``Hudaýdan pesdedir we şol bir wagtyň özünde Hudaýyň yzyna düşýär`` diýip aýdýardylar. Inçelik (jikme-jiklik) bilen köşk durmuşynyň çylşyrymly ritualy [1] işläp taýýarlanylýar. Imperatoryň çykyşy adatdan daşary dabaraly hem ajaýyp bezelýär eken, patyşanyň durmuşy ruhanylaryň, ýokary çinownikleriň we halkyň gatnaşmagy bilen ençeme dabaraly çykyşlardan ybarat bolupdyr. Haçan-da ol buthana ugrunda, bütin köşk ýygnanypdyr, köçelerde güller hem ýakymly yslar taşlanypdyr. Imperatora ýüzlenenlerinde, ýüzinligine ýykylypdyrlar, onuň aýaklaryny ogşapdyrlar; imperator heýkellerine taňry hormatlary edilipdir. Şeýlelik bilen Makedon dinastiýasy döwründe, beýleki imperatorlaryň ymtylan jemgyýetçilik – syýasy we dini durmuşdaky formalizmi, däp – dessurlygy gutarnykly kemala gelýär.

Indi bolsa IX asyryň II ýarymynda – XI asyryň ahyrynda daşary syýasat ýagdaýyna seredip geçeliň.

IX-X asyrlarda Wizantiýa araplar bilen agyr göreşi dowam etdirýärdi. X asyryň ortalarynda şu göreşde öwrülişik bolýar, onuň sebäpleri bolsa: birinjiden, Wizantiýanyň ep-esli pul serişdelerini berýän Gündogar hem Günbatar bilen intensiw söwdasy;

---

[1] Ritual (latynça) – däp – dessur. Haýsy hem bolsa bir aktyň berjaý edilmeginiň adatça işlenilen hem bellenilen tertibi.

Ikinjiden, bu serişdelere hökümet hakyna tutulanlaryň kontingentini köpeldipdir, olara ýer paýyny beripdir, floty artdyrypdyr, uly berkitmeleri döredipdir;

Üçünjiden, Wizantiýnyň esasy duşmany-Bagdat halyflygy bir näçe feodal knýazlyga dargapdyr, bu bolsa araplaryň harby kuwwatyny ep-esli pese düşüripdir. Wizantiýa araplardan Krit adasyny, Kiçi Aziýanyň we Siriýanyň bölegini, Ýokary Mesopotamiýany urşup alypdyr. Wizantiýa döwletiniň serhetleri ýene-de gündogarda Tigriň we Ýefratyň kenaryna çenli ýetipdir. Onuň daşyndan Wizantiýa öz täsirini Ermenistana hem Gruziýa ýaýratmak başardypdyr. Balkanda Wizantiýa berkişen Bolgar patyşalygyndan ençeme agyr ýeňlişe sezewar bolupdyr. Ol dunaýyň aşak akymynda bolgar türk taýpasynyňgöçüp gelmegi netijesinde döräpdir. Olar günorta slawýanlaryň arasynda mesgen tutupdyrlar hem-de olara öz adyny beripdirler. VIII asyryň soňunda – IX asyryň başynda bolgarlar Balkandan geçýärler we birnäçe gezek Konstantinopola ýakynlaşypdyrlar. 311-nji ýylda patyşa Nikifor Foka bolgarlaryň ýurduna içgin aralaşypdyr, emma gabawa düşýärler we wizantiýalylaryň barysyny gyrypdyrlar, imperator hem heläk bolupdyr. Wizantiýalylar köp eglişiklere gitmäge mejbur bolupdyrlar. Konstantinipolyň ýerleşen burçundan we Egeý deňziniň kenaryndaky zolagyndan başga Balkanyň iki tarapyndaky ýerleriň barysy bolgarlara geçipdir. Wizantiýa köşgünde iň hormatly ýer özüni diýip atlandyran bolgar hanynyň ilçisine berlipdir. Bolgarlara paç tölenip başlanýar. Grek hökümeti rehimsiz goňşülarynyň garşysyna başga serişdeleri aýlap tapypdyr: olara hristian wagyz-nesihatçylary iberilipdir. 860-njy ýylyň töwereginde bolgar patyşasy Boris Wizantiýadan prawoslaw manysyndaky hristianlygy kabul edipdir. Bolgarlar greklerden edebiýaty öwrenip başlaýarlar, din taglymatyna degişli kitaplary we poeziýany terjime edýärler. Patyşalary we olaryň daş-

töweregindäki begzadalary Rimiň dünýäniň üstündenhäkimligi baradaky hyýallar bilen gyzyklandyryp başlaýar:

Boris patyşanyň miras düşeri Simeon (900-nji ýyl töwereginde) hatda ``rim hökümdary`` titulyny hem kabul edipdir. Simeon Konstantinopola örän ýakyn barypdyr, emma berkidilen, hemme tarapdan diýen ýaly suw bilen gurşalan paýtagty almaga alaçsyz bolupdyr. Diňe X asyryň II ýarymynda Bolgar patyşalygynyň içerki gowşamaklygy, Wizantiýa oňa garşy hüjüme geçmäge mümkinçilik beripdir. Wizantiýa patyşalaryndan iň güýçlisi Wasiliý II (976-1025 ý.ý.) bolgarlar bilen tutanýerli uruşlarda Birinji Bolgar patyşalygyny ýok edipdir. Ýyl ýazgylaryny düzüji ony ine şeýle häsiýetlendirýär: ``Durmuşda gazaply hem sada, geplemezek hem dilewar. Wasiliý II goşunlary bolgarlary elhenç ýeňlişe sezewar edipdir. 14000 ýesir köp edilipdi (Bolgar urşujysy – Bolgaroboýes lakamy hem şundan). Bolgariýa wizantiýa oblasty bolup galýar.

IX, ylaýtada X asyrda Wizantiýanyň gündogar slawýanlar bilen ykdysady, syýasy we medeni aragatnaşyklary barha intensiw ösüpdir. Bu aragatnaşyklaryň başy mundan has irki döwre degişlidi. IX ýüz ýyllygyň I ýarymynda Gara deňiz tarapyndan skandinawlaryň ýa-da Günbatarda olaryň atlandyryşy ýaly, normanlaryň ýa-da olary slawýanlardyr grekleriň atlandyryşy ýaly, warýaglaryň çozuşlary başlanypdyr. Warýaglar, garakçylar we söwdagärler Warýag (Baltika) deňzinden ugrapdyrlar we uly rus derýalary boýunça Newanyň aşak akymyndan başlap Dnepriň aşak akymyna çenli hereket edipdirler. 865-nji ýylda Kiýewli ruslar deňizden Konstantinopola çozupdyrlar, şäheriň bir bölegini otlapdyrlar we ýaşaýjylary gorka goýupdyrlar; kyrk ýyldan soň, 905-nji ýylda kiýew knýazy Oleg Wizantiýanyň üstüne täzeden uly çozuş edipdir, köp olja alypdyr we grekler bilen peýdaly söwda şertnamasyny baglaşypdyr: rus täjirleri öz harytlary bilen gümrüksiz söwda etmäge hukuk alýarlar. Hökümet olary

paýtagda şeýle hem ýolyň belli bir uzaklygynda azyk bilen üpjün edipdir. Ýöne şol wagtyň özünde-de grekler olaryň hereketini çäklendirmäge jan edipdirler: olar rus knýazlarynyň söwda etmek baradaky gol çeken gramotalaryny talap edipdirler. Ruslara şäherde aýratyn kwartal berlipdir, elmydam grek çinownikleri olaryň ýanlarynda bolupdyrlar, olar ýaraglaryny tabşyrmaly bolupdyrlar, olara 50 adamdan köp bolup ýygnanyşmaga ygtyýar berilmändir we gyşyna Wizantiýany, hatda Dnepriň aşak akymyny hem taşlap gitmeli bolupdyrlar. Rus täjirleri öz ýurtlaryndan sütükli deri, mis we mum şeýle hem harby ýesirlikdäki gullary getirýärdiler. Wizantiýada ýüpek matalary, çakyr, günorta miweleri we hoşboýlyklar äkidipdirler. X asyrda rus gämileri Orta Ýer deňzine geçip ugrapdyr we Siriýa, Rim, Ispaniýa bilen söwda edipdir.

Şeýlelik bilen, Wizantiýa Kiýew Rusyny çynlakaý ykrar etmeli bolupdyr. Onuň bilen soýuzda bolmak Wizantiýa üçin zerur bolupdyr, çünki ony Bolgariýa bilen göreşde peýdalanypdyr. Ruslar köpüsi wizantiýa imperatorynyň gwardiýasynda gulluk edipdirler. Kiýew knýazy Swýatoslawy olar, bolgarlaryň dunaý ýakasyndaky eýeliklerinde olja almak hasaby bilen gyzyklanypdyrlar, oňa 1500 kirwenke (funt 600 kg) gyzyl beripdirler, Swýatoslaw hem Konstantinopola howp Bolgar patyşalygyny derbi – dagyn edipdir. Emma Swýatoslaw Bolgariýadan çykyp gitmekden boýun gaçyranynda, wizantiýa imperatory Ioann Semishiý Swýatoslawy ýeňipdir we ony yzyna Dnepre gitmäge mejbur edipdir, şol ýerde hem knýaz peçenegleriň elinden heläk bolupdyr. Birnäçe ýyldan soň, 988-nji ýylda Swýatoslawyň ogly, knýaz Wladimir Kiýewskiý imperator Wasiliý II bilen garyndaş bolupdyr we öz halky bilen bilelikde grek ruhanylarynyň elinden hristianlygy kabul edipdir. Bu Wizantiýanyň uly üstünligi bolupdyr. Rus

buthanasy grekleriňkä garaşly bolup galýar. Kiýew mitropoliti [1] tassyklamany konstantinopol patriarhyndan alýar eken: Wizantiýadan ruslara ruhanylaryň (gelip çykyşy boýunça esasan bolgarlardan) bir bölegini iberipdirler. Ybadat etme bolgar dilinde ykrar edilipdir, şol dile bolsa eýýäm buthana kitaplary hem terjime edilipdir, şeýlelik vilen hem günorta we günbatar slawýanlar üçin ýazuwy döreden Kirilliň we Mefodiniň işinden gündogar slawýanlar hem peýdalanypdyrlar. Kiýew Knýazy Wizantiýanyň möhüm soýuzdaşy bolýar we ençeme gezek imperator üçin kömekçi goşunlary bolup berýär. 1043-nji ýylda rus floty ýaňadan Konstantinopoly gabawa salypdyr, ýöne ony-tupandan hem ``grek ot atyşyndan`` zyýan çekipdir. Emma ýörişiň gaýtalanmak howpy wizantiýalylary konfliktiň parahatçylykly çözgüdini gözlemäge mejbur edipdir. Täze şertnama Ýaroslaw Mudrynyň ogly Wsewolodyň imperator Konstantin IX Moçomahyň gyzyna öýlenmegi bilen berkidilipdir. Söwda we medeni gatanaşyklar ösmegini dowam edipdir. Rus şäherlerinde wizantiýa täjirleriniň faktoriýalary [2] peýda bolýar, Wizantiýa bilen söwda etmekde monopol hukugy bolan rus täjirleriniň kompaniýasy döredilipdir; Russiýanyň Wizantiýa bilen uzak wagtlaýyn hem ysnyşykly aragatnaşygy rus medeniýetiniň ösmegine ägirt uly täsir edipdir.

Imperator Wasiliý II (976-1025 ý.ý.) edara etmegi Wizantiýanyň daşarky kuwwatynyň ýokary derejesi bolupdyr. Emma, Wizantiýada daşarky syýasatdaky görünýän üstünlikler bilen bilelikde çalt depgin bilen feodal feodal gatnaşyklary ösýärdi. Wasiliý II soň imperatorlar gulluk üçin uly ilatly ýer uçastoklaryny sylag berip başlapdyrlar. Bular proniýalardi, ýagny gullugy üçin şol ýerde ýaşan adamlary bilen bilelikde ömürlik ulanmaga berlen ýerlerdi, şolar eýe bolan (pronion) harby gulluk etmäge we onuň hossarlygyna berlen daýhanlar

---

[1] Mitropolit – grek – prowoslaw hem katolik ýepiskoplarynyň ýokary ady.

[2] Faktoriýa – iňlisçe – söwda kontorasy ýa-da täjirler tarapyndan gurlan jaýlar.

üçin (algytlar tölemäge borçly edilipdir. Döwlet ýerleriniň çaltlyk bilen proniarileriň emele gelmegi sebäpli, döwlet proniler üçin daýhanlaryň obşina ýerlerini almaga rugsat beripdir. Şeýlelik bilen, daýhanlar özleri üçin möhüm bolan ätiýaçlyk ýerlerinden mahrum bolupdyrlar, şonuň bilen birlikde hem proniariler üçin obrok we barşina ýerine ýetiripdirler. Feodallar-hökümdarlar synpy şunluk bilen köpelipdir hem güýçlenipdir. Olara uly feodallar goşulypdyrlar, hökümdarlar bolsa öz hususy ýerlerinden özleriniň hyzmatkärlerine proniýalar bölüp beripdirler. Dinatlaryň kuwwatlylygy şeýle bir güýje eýe bolýar, hatda iň iri magnatlar [1] ýüze çykýar. Komninlar, Angeller, Paleologlar, Monomahlar, Kartakuzinler. Monastyrlar öz ýer paýlaryny köpeldýärler. Imperatorlar kuwwatly dinatlara we buthana garşy ençeme gezek çykyş edipdirler, ýöne olary permanlary ýerine ýetirilmändir, köplenç begzadalaryň we dinatlaryň zor salmaklary bilen permanlar imperatoryň özi tarapyndan ýatyrylypdyr. XI asyryň ortasynda imperiýa ýe-de goranyşa geçmäge mejbur bolupdyr. Wasiliý II ölenden 40 ýyl soň, Wizantiýa ençeme agyr ýeňlişlere sezewar bolýar we täzeden öz eýelikleriniň ýarysyndan köprägini ýitiripdir. Demirgazyk Fransiýaly normanlar Sisiliýada ornaşýarlar we şol ýerden araplary çykaryp kowupdyrlar. Soňra wizantiýalylary Günorta Italiýadan gysyp çykarypdyrlar. Şol wagtda hem imperiýanyň serhetlerinde peçenegler peýda bolýarlar, olar bolsa imperator Konstantin IX goşunlaryny derbi-dagyn edip, Wizantiýany ägirt uly salgyt tölemäge mejbur edýärler (1043 ý.) (50 müňden ybarat bolan gruzin goşunyny imperator dargatmaga mejbur bolupdyr).

1057-nji ýylda kiçi aziýaly harby begzadalar tagta Isaak Komnini çykarypdyrlar, ýöne ol hem ýagdaýy düzedip bilmändir. Gündogarda güýçli duşman türkmenler-seljuklar peýda bolupdyr, olar Bagdat haliflygyny derbi-dagyn edip,

---

[1] Magnat – baý, tanymal adam.

Siriýa, Mesopotamiýa, Kiçi Aziýa, Ermenistana okdurylýarlar. 1071-nji ýylda Ermenistanda Mensikertiň ýanynda iki güne çeken söweşde Alp-Arslan soltan özüne garşy çykyş eden wizantiýa imperatory Roman IV Diogeni derbi-dagyn edipdir we ony ýesir elypdyr. Türkmenler-seljuklar Kiçi Aziýada aňsatlyk bilen ornaşypdyrlar. Ýerli daýhanlar, olaryň bir bölegi musulmanlar, beýleki bölegi ýeretikler türkmen-seljuklary höwes bilen ykrar edipdirler, çünki täze jenaplar olary jan başyna salynýan salgytdan boşadypdyrlar.

Wizantiýanyň papa häkimiýeti bilen özara gatnaşyklary juda dartgynly bolupdyr. Papa tagty bilen konstantinopol patriarhynyň arasyndaky göreş Gündogarda hem Ýewropada täsir etmeklik üçin bolup, ol käte tutaşyp, käte sönüp ençeme asyrlaryň dowamynda alnyp barlypdyr. Göreş girdeji üçin hem alnyp barlypdyr. Konstantinopoly bilen Rimiň arasyndaky gatnaşyklar barha ýitileşip buthanalaryň gutarnykly derejede günbatarky (latyn dilinde ybadat edilýän) hem prowoslaw-wizantiýa (ene dilinde ybadat edilýän) buthanalara bölünmegi bilen tamamlanýar.

Bu waka 1054-nji ýylda bolupdyr. Rim we Konstantinopol biri-birine şeýle bir ýat bolupdyr, hatda indi hiç hili ylalaşyk bolmandyr. Buthanalaryň bölünmegi Wizantiýanyň Günbatar Ýewropa bilen, aýratyn hem haçly ýörüşler wagtynda aýdyň ýüze çykan, duşmançylykly gatnaşyklaryny çuňlaşdyrypdyr.

## Tema 10: Italiýa IX-XI asyrlarda.

**1. X – XI asyrlarda german döwleti.** 843 – nji ýylyň Werden şertnamasy boýunça Beýik Karlyň imperiýasynyň düzüminden Germaniya saýlanyp aýrylýar we özbaşdak döwlet bolýar. Şol ýerler Lýudowik Nemepkä ýetýär. Ýagny Reýniň aňyrsyndaky oblastlar we Bawariýa, şolaryň sostawyna bolsa Maýns, Worm, Şpeýner arhispiskop

häkimlikleri giripdir. Hakykatda bolsa görkezilen ýerler geljekki Germaniýanyň (IX asyryň ahyry) esasy ýadrosy boldy. Germaniýanyň ilaty özlerini teewtonlar ýa-da deýtş diýip atladyryp başlapdyrlar. Fransuzlar germaniýalylary alemanlar, ýagny fransuzlara ýakyn bolan nemes taýpasy alemanlaryň (boşlaryň) ady boýunça atlandyrypdyrlar. Slawýanlar germanlylara düşünmeýärdiler, şoňa görä hem slawýanliniň nukdaý nazaryndan ``nemesler`` sözi lal we düşnükli dilde gepläp bilmeýänler ýaly manyny aňladýardy.

Ykdysady we syýasy tarapdan Germaniýa bütewi däldi. Ol özüniň ykdysadyýeti, syýasaty, medeniýeti hatda dili boýunça hem birnäçe özbaşdak döwletlere (gersoglara) bölünýärdi. Gersoglarda ýaşaýan adamlar bir – birlerine daşary ýurtlylar hökmünde garapdyrlar. Ilki başda Germaniýa dört gersoglyga bölünipdir.

1. Reýn we Dunaý derýalarynyň ýokary akymlarynda ýerleşýän Alemaniýa ýa-da Şwabiýa;
2. Bawariýa (Leha derýasynyň basseýninde we Dunaý derýasynyň orta akymynda) ;
3. Frankoniýa (Dunaýyň orta akymy);

Saksoniýa we Týuringiýa (Reýn bilen Oderiň arasynda. X asyrda bu gersoglyklara ýene gatyşyk german we has beterräk krepostnoýlaşmaga we uly ýer eýeçiliginiň berkleşmeginnne ýardam edýärdi.

Şeýlelik bilen aýdyň iki gatlaga bölünmeklik bolup gelýär: harby – feodal rysarlyk we salgyt düşýän (krepostnoý) – feodallar tarapyndan ekspluatirlenýän daýhanlar.

Daýhanlaryň gutarnykly krepostnnoýa öwrülmegi X asyryň birinnji ýarymynda Demirgazyk, Günorta we Günbatar Germaniýada bolup geçipdir. Merkezde we Gündogarda şol prosess diňe XII asyrda tamamlanypdyr.

Aty bolan her kesi hem-de atly urşujyny harby gatlaga goşupdyrlar. Has erkin we gurply ýer eýeeleri rysar gatlagynna (nemes sözünden – at üstündäki adam) geçipdirler, iň az

üpjünçiligi bolannnlar bolsa, garaşly heem krepostnoý daýhanlar köpçüligi bilen garaşyp, salgyt düşýänleriň toparyna geçipdirler.

Feodallaşmaklyk Germaniýanyň syýasy gurluşyna hem degip geçýär. Döwlet apparaty täze, feodal başlangyçlarynda gurulýar. Sakson dinastiýasynyň korollary nesilden – nesle geçýän lençileriň (benefisiarileriň, odan soň uly nesil yzarlaýjy feodallaryň) üsti bilen edara edýärler. Korollygyň ozalky çinownigi – graf len ýer eýesine öwrülýär we ol özüni Germaniýada ykdysady hem syýasy taýdan garaşsyz hasap edipdir. Ondan başga –da korollar bilen mydama göreş alyp barýan gersoglar uly ygtyýarlar alýarlar. Diňe Otton I konfisklenen ýerleri öz garyndaşlaryna paýlaşdyryp, olar bilen öňli – soňly hasaplaşmak başardýar.Uly feodallar bilen göreşde Otton I ozaly bilen ruhanylara daýanýar. Emma şuňa garamazdan, korol monastyr ýerlerine hem giňden hojaýynnlyk edýärdi; olara goşmaça salgytlar salyp, din edaralaryny kyn ýagdaýa salýardy. Ondan başga –da, eger abbatyň (monastyryň nastoýateli) ýa-da episkopyň (katoliki buthananyň başlygy) wezipesini boş bolan bolsa, onda girdejiler korolyň peýdasyna gidýärdi. Bu, korol girdejisiniň uly çeşmesi bolupdyr. Spoliasiý, ýagnny ruhanynyň ähli gozgap bolýan emlägi, ölenden soň korolyň eýeçiligine geçýändigi başga bir çeşme bolupdyr.

Şeýlelik bilen, buthananyň ýerleri hökümet girdejisiniň çeşmesi bolup, korol mülkleriniň hiç bir hili tapawutlanmandylar. Korollar garaşsyz buthanna ýer eýeçiligini döretmäge synannnyşypdyrlar, muny bolsa amal etmek diňe Otton I (912-973) başardypdyr.

Buthana immunnitetiniň iki esse giňelmegi, Ottonyň tagallalary bilen özüniň ýuridik beýanyny tapypdyr. Şol çäreler boýunça territorial jähtden buthana immuniteti giňeýärdi: özboluşly, aýratyn hukukly ýapyk ummunitet okruglary döräpdir. Immunitet özüniň manysy boýunça hem giňeýärdi:

görkezilen okrugda buthananyň öz daýhanyny sud etmäge doly hukugy bardy. Şonuň bilen birlikde immunitet, buthana fogty diýip atladyrylýar, korol tarapyndan bellenilýän aýratyn çinownik arkaly korol häkimiýetine göni tabynlykdan goýulypdyr. Özüniň dünýewi feodallaryny köşeşdirip, hristian buthanasynybolsa tabynn edip, Otton I nazaryny Italiýa gönükdiripdir. Ozallar bu territoriýa bazar gersoglary göz dikýärdiler. Nemes korollary baý demirgazyk – italýan şäherlerine bahyllyk bilen garapdyrlar. Mundan soň Otton I orta ýer deňzinde Germaniýanyň söwda monopoliýasyny dikeltmäge ymtylypdyr. Galybersede, ol nemes ruhy knýazlaryny öz täsirine gutarnykly tabyn etmek üçin Rim papasyny ulanmaga umyt edipdir.

IX asyryň soňunda Italiýanyň territoriýasy köp saly, biri – biri bilen mydama duşmançylyk edip gelenn owuk we iri feodal knýazlyklar we biri – biri bilen bäsleşýän garaşsyz şäherler ýurdy bolupdy. Burgundiýanyň korolewasy Adelgeýda tagty dikeltmek üçin Ottona kömek sorap ýüzlenipdir. Şu bahanadan peýdalannyp, 951-nji ýylda uly goşun bilenn Otton I Italiýa güýç bilenn giripdir. Pawiýany eýeläp, longobardlar korolynyň titulynny kabul edip, ol öz häkimiýetinni berkiden ýaly bolupdy. Emma doly suratda berkleşmek, oňňa 951 –nji ýylda miýesser bolmady, çünki Germanniýannyň özünde iri feodallaryň gozgalaňy başlapdyr. Demirgazyk Italiýada garnizonlary galdyryp, Ottonn Germaniýa gitmäge mejbur bolupdyr. Germaniýanyň knýazleri hem gersoglary dokuz ýylyň içinde özleriniň koroly bilenn göreş alyp barypdyrlar, ýöne ahyr soňunda boýun egmäge mejbur bolupdyrlar.

Indi Otton Italiýada mundan buýanky basyp almalara ymtylyp, bu ýurtda täzeden peýda bolýar. Ozaly bilen Rim papasynyň häkimiýetine kontrollyk etmek maksady bilen, ol Rima aralaşmakçy bolýar. Papa oblastyndaky feodal özara oňşuksyzlyklar bu maksadyň ýerine ýetiilmegine ýadam beýä. 961 –nji ýylda Rim papasy öz feodallary bilen göreşde

bütünleý ysgyndan düşüp, Ottondan kömek soraýar. Geman koroly pitneçi feodallar ilen haýal etmän, jeza erip hasaplaşýar we papanyň çagyryşy boýunça Rima gelýär.

962 –nji ýylda rim papasy Otton I başyna imperator täjini geýdirýär. Bu territoriýa ``German milletiniň mukaddes Rim imperiýasy`` diýip atlandrylypdyr. Onuň düzümine Germaniýanyň özi we Italiýanyň demirgazyk bölegi giripdir.

Rim ýa-da German imperiýasynyň emele gelmegi reaksion waka bolupdyr, çünki ol milli döwletleriniň döremegine päsgel beripdir. Hususan hem Fransiýanyň, Italiýanyň, slawýan halklarynyň birleşmegine, galybersede Germaniýanyň özüne hem German imperiýasynyň döredilmeginiň german halkynyň milli bähbitleri bilen hiç bir umumylygy bolmandyr.

Otton I döwründen german imperatorlarynyň italýan ýörişleriniň yzgierli sahpas başlanýar. Olar baý Italiýanyň talamaklagyň hasabyna maddy serişdeleri döretmäge we şolara daýanyp, ykdysady we syýasy taýdan özbaşdak nemes knýazlaryny özlerine bütinleý tabyn etmäge ymtylýarlar. Bu diňe Ottona miýesser bolýar.

Formal taýdan ikisiniň hem deň hukukly hasap edilmegine, ikisiniň-de Mukaddes Rim imperiýasynyň häkimi hasap edilmegine garamazdan Otton Rim papasyny bütinleý tabynlykda saklaýar. Aslynda döwleti Otton I edara eidipdir, sebäbi papa feodal özara dawalar bilen halys güýçden düşürilipdir. Ol hatda öz oblastynda dünýewi häkim hökmünde hem br ygtyýary bolmandyr. Şondan başga-da, papanyň häkmiýetiniň gowşamagy bilen ruhanyylaryň hut özler pursatdan peýdalanyp, tabynlykdan çykmaga we garaşsyzlygy kynçyykar bien Sakson begzadaaryna sawýanlaryň çozuşyna serpikdirmek başardýar, emma orta Elbanyň aňyrsyndaky ýerler (lýutiçleriň we obodritleriň ýerleri) nemes feodallary üçin ýitirilipdir. Slawýanlar basybalyjylary kowup çykarypdyrlar, katolik ruhanylary gyrypdyrlar we ýüz elli ýylyň

dowamynda garaşsyz bolup galypdyrlar. Diňe serbo-lužusk ýerlerinde nemes täsiri entek güýçli bolupdyr.

XI asyrda Germaniýada feodal gatnaşyklarynyň kemala gelmegi tamamlanypdyr. Şunuň bilen baglanyşykda içki syýasy ýagdaý üýtgäpdir. Hakykatda bolsa ýagdaýdan üstünlikli baş alyp çykanlar korol häkimiýetini özlerine tabyn etmäge ymtylýan, uly nemes knýazleri we gersoglar boldular. Şol şertlerde Frankon dinastiýasynyň (1024 – 1125 –nji ýyllar) korollary ownuk we orta feodallara daýanmak bilen, şolardan hemişelik goşun döretmäge mümkinçilik tapypdyrlar. Korolyň ýanynda olary rysarlar we ministiriallar, ýagny gullukda bolan adamlar diýip atlandyrypdyrlar. Şonuň bilen birlikde, Frankon dinstiýasynyň koroary Otton I döreden buthana – döwlet düzgünini özeleriniň häkimiýetini berkitmek üçin peýdalanmaga synanşypdyrlar. Ýöne iri feodallaryň, ruhany we dünýewi - feodallaryň immunitet ýeňilliklri, oary ykdysady w syýasy taýdan has hem özbaşdak knýazlara wee episkoplara öwürdi. Olaryň häkimiýetiniň güýçlenmegi Frankon dinastiýasynyň korolllaryny ep –esli gowşatdy, iri fodalllara garşy synanyşykllar bollsa şowsuz boldy. Olaryň kömegi biln Frankon dinastiýasynyň korollary öz mülklerinde galalar (burglar) gurupdyrlar we özlerinde gullukda bolan adamllardan, ýagny ministiriallardan ybarat garnizonllary ýeereşdiripdirller. Şollaryň kömeegi bilen korollar dil düwüşikleer w pitneleri ýatyrypdyrlar.

Görkezilen çärelrdn soň korol häkimiýtiniň wagtlaýyn güýçllnmegi Gnrih III (1039-1056 ýyllar) edara eeeden döwrüne degişlidir. Papa häkimlligi eentek imperatora garaşllyllygynda galýardy. Genrih III sypaýyllylygy saklamak papa kuriýasynyň [1] işlerine gatnaşypdyrllar, papalary

[1] Kuriýa - katolik buthanasyny dolandyrmak üçin döredilen mrkezi edaralaryň toplumy.

aýyrypdyr. Emma katoik buthanasynda german impeeratorarynyň höküm sürmeginiň soňuna çykmaga we papa teokratiýasy [2] üçin aýgytly göreşi başllamaga taýýar bolan täze güýçler täsirinden dynmak başardýar. Olara 910 –njy ýylda gersog Giýom Akwitanskiý tarapyndan esaslandyrylan, Klýuni monastyrynyň ady boýunça at goýulan Klýuniý hereketi diýip atlandyrylýan uly kömek beripdir. Olar buthana tertip – düzgüni we rim papasynyň baş bolmagynda buthana guramasynyň döredilmegini talap edipdirler. Onuň hem sebäbi monastyrlaryň mülkleri feodal agzalalyklardan we basyp almalardan zyýan çekýärdiler. Monastyrlar öz ýerlerinden hem ilatdan mümkin boldugyça köp girdejini başarnykly alýardylar. Şonuň üçin monastyrlar daýhanlary işeňňirlik bilen krepostnoýlaşdyrýardy. Olary tabyn edip saklamaga, daýhanlaryň garşylygyny ýatyrmak üçin monastyrlar güýçli gurama mätäçdi. Şol bir wagtda hem monastyrlar öz önümçiliginiň artykmaç zatlaryny satyp, aktiw söwdany hem alyp barypdyrlar.

Şonuň üçin hem ýollaryň howpsyzlygy, ösýän haryt – pul gatnaşyklaryna laýyk gelýän täze hukuk düzgünleriniň işläp çykarylmagy olara bähbitli bolupdyr. ``Taňry asudalygy`` we ``taňry yyylalaşyygy`` sözleri hem şolardan gelip çykýar.

Klýuniýliler feodal dagynyk Günbatar Ýewropada aýgytly güýje öwrüljek bir buthana guramasyny döretmäge yhlas edýärler. Şonuň üçin bolsa buthananyň ahlak abraýyny ýokary galdyrmak gerekdi, çünki köp spiskoplaryň we abbatlaryň özi buthana däp – dessurlary berjaý etmek barada oýlanmak, eýsem uruşlar, aw, lezzetler, ahyr soňy hem özleriniň girdejilerini köpeltmek barada oýlanýan dünýewi feodallar bolupdyr. Buthana (aýratyn –da monahlar) tertipsiz durmuş obrazyny alyp barypdyrlar, iňňän nadanlygy we

[2] Teokratiýa – (grek. Theos hudaý – kratos häkimiýet) – Syýasy häkimiýeiň ruhanylara, buthana degişli bolan edara ediş formasy.

sowatsyzlygy bilen tapawutlanypdyrlar. Bularyň barysy katoliki ruhanylaryny abraýdan gaçyrypdyr.

Indi klýuniýliler buthana düzgün – tertibini ýokarlandyrmagyň, asketizme we tabynlyga esaslanan ýowuz monastyr ustawynyň girizilmeginiň programmasyny teklip edipdirler. Klýuniýliler ruhanylatryň arasynda buthana biliminiň ep – esli güýçlendirilmegini,, monastyr mekdepleriniň döredilmegini göz öňünde tutupdyrlar. Şunuň ýaly ýol bilen oar kýuniý reformaarynyň programmasyny wagyz nesihat etjek oňat taýýaryky we gulak asyjy kadrllary döretmäge ymtylypdyrlar.

Klýuniýlileriň beýeki girizen täzeliklerini hem belläliň:

a) Klýuniý monastyryna tabyn bolan köp sanly täze, reformirlenen monastyrlaryň oredilmegi we olaryň ýepiskoplaryň ygtyýaryndan aýrylmagy;
b) Monah jemgyýetçilik ýaşaýşynyň kanagatlylyk, eýeçilikden el çekmek, berk asketizm [6] prinsiplerinde esaslandyrylan ýowuz tertip – düzgünlerini girizmek;
c) Simoniýanyň, ýagny buthana wezipeleriniň satuwynyň we satyn almagyň gadagan edilmegi;
d) Rim papalarynyň kardinallar (katolisizmde ýokary dini at (papadan soň)) kollegiýasy tarapyndan saýlawlylyk düzgünleriniň girizilmegi. Şeýlelik bilen, imperator häkimiýetini we dünýewi feodallary papanyň saýlawlarndan çetleşdirmedir.
e) Iň soňunda hem, olar selibatyň, ýagny ruhanalar üçin nikalaşmagň gadagan edilmeginiň girizilmegini talap edipdirler. Munuň esas sebäpleri aşakdakylardr:

Ýer eýyeçiligini saklamak üçin ruhanylar öz ýerlerini miras boýunça beripdirler. Klýuniýliler bolsa maşgala we hojalyk

[6] Asketizm - (grek. Askesis – edermenlik) – öz bähbidini terk etmek we durmuş eşretlerinden, rahatlyklardan, lezzetlerden el çekmek hem nikasyzlyk bilen häsiýetlendirilýän durmuş täri.

baradaky aladalar diniň gullukçylaryny esasy borçlaryndan sowýarlar diýip hasaplapdyrlar.

Klýuniýliler german imperatorlary tarapyndan ýepiskoplaryň we abbatlaryň bellenilmegine we aýrylmagyna garşy üzül – kesil garşylyyk görkezipdirler.

Italiýada we Burgundiýada katoliki buthanasynyň wezipeli adamlary saýlanan wagtynda german imperatory gatnaşmaýar. Germaniýada, tersine, ýepiskoplar we abbatlar imperatoryň gatnaşmagynda ruhanylar tarapyndan saýlanýarlar, bir näçe kandidat bolan mahalynda bolsa esasy söz imperatora degişli bolupdyr.

Papa häkimligi klýuniýleri töwekgellik bilen goldapdyr we Günbatar Ýewropanyň ähli ruhanylaryny diňe papany we legatlary [1] innesturanyň [2] kanun çykaryjylary hasap etmeli diýip buýruk beripdir. Emma german imperatory üzül – kesil garşy çykypdyr, çünki öz imperiýasynyň buthana ýerlerinden alýan girdejilerini ýitirýärdi. Munuň özi iki güýjiň çaknyşygyny aňladýardy: imperator nemes katoliki ruhanylarynyň zorluk bilen tabyn edilmeginiň tarapdarydyr; papa bolsa Günbatar Ýewropanyň ähli katoliki ýutlarynda öz hökmürowanlygyny berkarar etmäge ymtylypdyr.

Papanyň bu wezipesi Gildebrandyň, ýagny Grigoriý VII (1073 – 1085) papanyň işinde özüniň doly beýanyny tapypdyr. Ol toskan daýhanynyň ogly, monastyra ir gidipdir. Kiçijik boýly, görmegeý bolmadyk, gowşak sesi bilen ol töweregindäkileri çäksiz energiýasy bilen haýran galdyrypdyr. Onuň sözi ýiti hem joşgunly bolupdyr. Ol imperatorlar we ýepiskoplar katoliki buthanany heläk etmek üçin, biri – birleri bilen bäsleşýärler diýip, hasap edipdir.

[1] Legat (lat. Legatns – ilçi) – aýratyn tabşyryk bilenn daşary ýurt döwletinne iberilýän, rim papasynnyň ynanylan wekili.
[2] Inwestitura – a) ilaty bilen buthana ýerlerini hem-de şolaryň üstünden sud hukugyny alan ýepiskoplaryň wezipä girizilmegi.

Onuň pikiri boýunça ýer ýüzünde adalatlylyk bolmalydyr: bu bolsa, eger-de ýer ýüzünde Rimiň we papanyň çäksiz hökmürowanlygy berkarar edilse, diňe şeýle ýagdaýda gelip ýeter. Grigoriý VII dini häkimiýeti dünýewi häkimiýetden ýokary hasap edipdir. Hem dowam edipdir: buthananyň iň aşaky wekili iň kuwattly imperatordan ýa-da koroldan belentdir. ``Papa älem – jahanda ýokary häkimdir, korollar gürrüňsiz oňa gulluk asmaga borçlydyr, german imperatory papa bilen Rimiň wassaly bolmalydyr. Kimiň hakyky, kanuny hökümdardygyny papa çözýär; onuň tarapyndan aýrylan korol – indi korol däldir; papa onuň güýjüni küldür sypal kimin şemala sowrar, diýip, Grigiriý VII aýdypdyr.

Ilkinji nobatda, papalary imperatoryň tabynlygyndan halas etmek maksady bilen papa birnäçe çäreleri geçiripdir: rimde buthana soborynyň karary boýunça, papany kardinallar [3] saýlap bilipdir, imperatoryň bolsa oňa haýsy hem bolsa, gatnaşmagy barada ýatlanylmaýardy.

Şu tertip – düzgüni saklamak üçin Grigoriý VII Günorta Italiýadaky narmanylaryň kömegi bilen öz oblastynyň feodallaryny boýun egdirýär. Papanyň indiki permany bilen ruhanylaryň hökmany nikasyzlygy barada düzgün yglan edilipdir. Bu çäre klýuniýlileriň (selibat) garaýyşlary bilen gabat gelýärdi. Papanyň permany ýokary ruhanylarynyň birnäçe ýygnaklarynda tassyklanypdyr hem onuň praktiki amala aşyrylmagy başlanypdyr: magalaly din gullukçylary (olar ak ruhanylar diýip atlandyrypdyrlar) işden aýrylyp başlanypdyr. Bu bolsa baýlaryň we maşgalaly ryhanylaryň gazaply garşylygyny ýüze çykardy. Emma maşgalaly ryhanylaryň garşysyna gozgalaňa galan Demirgazyk Italiýa şäheriniň ýaşaýjylarynyň kömegi bilen papa olaryň garşylygyny asyp ýatyrmak başardýar. Tutuş Italiýa papa tabyn

---

[3] Kardinal (lat. Cardinalis – baş) katolisizmde Rim papasyndan soň ýokary dini at.

bolupdyr. Ýöne bütinleý ähli zat gutarmandy: Germaniýada, Fransiýada hem diniň gullukçylary papanyň reformasyna garşy çykypdyrlar: olar onuň tarapdarlaryny çykaryp kowýardylar we onuň legatlaryna dil ýetirýärdiler. Şowsuzlyklar papany we onuň partiýasyny togtatmaýar. Gara ruhanylar diýip atlandyrylýanlaryň, ýagny monahlaryň goldawy bilen GrigoriýVII has-da işeňňirlik bilen segibaty durmuşa geçirip başlapdyr. Ol, ruhanylar her bir özge bähbitlerinden el çekmelidirler hem –de ýeke bir öz hökümdarynyň – papanyň erkini, diňe ýeke bir kanuny – buthana buýruklaryny bilmelidirler, diýip mälim edipdir.

Papa german korolynyň geňeşçileriniň buthana wezipelerini satyn almaklary hem satmaklary üçin ýazgarypdyr we hut şeýle zat üçin ol bir näçe german we italýan ýepiskoplaryny wezipesinden düşuripdir we aýrypdyr. Soňra Grigoriý II buýrugynda ruhanylaryň hiç biriniň dünýewi adamlardan inwestituralary kabul etmeli däldigi talap edilipdir. ``Hökümdarlar ukyply adamlara dini wezipä erkin ýetmäge päsgel bermeli däldir`` diýip ol mälim edipdir.

Papanyň reformalaryna german imperatory Genrih IV (1056-1106) garşy çykýar. Ol papanyň inwestitura baradaky kararyny korol hukuklarynyň görüp – eşidilmedik bozulmaklygy, diýip yglan edipdir. Onuň tarapdarlary Wormsda (Reýn derýasynyň orta akymynda) buthana soborynda özleriniň buýrugy bilen Grigoriý VII agdarýarlar. Imperator ilçileri Rime gelýärler we ruhanylary hem halky täze papany saýlamaga çagyrypdyrlar. Muňa jogap edip papa Grigoriý VII fransuz we italýan prelatlaryny – katoliki ýokary dini şahslaryny Rimde ýygnapdyr we Genrih IV Germaniýanyň hem Italiýanyň üstünden korol häkimliginden mahrum edilendigini mälim edipdir we onuň ähli raýatlaryny wepalylygyň kasamyndan başladypdyr. Ruhanylaryň bir bölegi şeýle hem nemes gersoglary papa Grigoriý VII tarapyndan kabul edilipdirler. Onuň sebäbi, Genrih IV iri feodallary

özbaşdaklykdan mahrum etmäge we öz häkimligine boýun egdirmäge ymtylypdyr. Korol özüniň ministiriallaryna (gullukda bolan adamlaryna) we rysarlara daýanypdyr. Gersoglar we knýazlar, Germaniýada korol häkimiýetiniň güýçlenmeginiň garşydaşlary bolup, indi papanyň kararyndan peýdalanyp, öz gurultaýlarynda ýygnanyşyp koroly agdarypdyrlar. Şol wagtda –da sakslar gozgalaň turuzypdyrlar, çünki Genrih IV Saksoniýada öz agalygyny berkarar etmek bilen ýutdan erjellik bilen salgyt ýygnapdyr. Korola kyçylyk bilen gozgalaňy ýatyrmak başardýar, saksonlylaryň elinden bolsa ýerlerini alyp, öz rysarlaryna paýlapdyr.

Emma korol häkimiýetiniň güýçlenmeginiň garşydaşlary bolan knýazlar koroly papa bilen ylalaşyk gözlemäge mejbur edipdir.Genrih IV howlukman, gyşyna, hemrasyz diýen ýaly gar gar basan Alplaryň üstünden ötüp papadan ötünç soramaga gidipdir. Papa berkidilen Kanossa galasynda (Toskanada) ýerleşipdir; başda ol koroly kabul etmek islemändir we ony bir näçe gün gulplanan derwezäniň öňünde – aýak ýalaňaç, başy açyk, könelenen, ýyrtyk geýimde garaşyp durmaga mejbur edipdir (ýanwar 1077). Papa ondan ýazgaryşy aýyrypdyr, emma ony tagta dikeltmedi, çünki muny nemes knýazlarynyň işi hasap edipdir. Şol wagt Germaniyada papa wekilleriniň gatnaşmagynda eýýäm başga koroly – Rudolyf Şwabskini saýlapdyrlar. Genrih IV öz garşydaşyny, pitneçiler tarapyndan saýlanan korol derbi – dagyn edipdir we goşuny bilen Rime ugraýar. Ony Demirgazyk Italiýanyň söwda şäherleri goldapdyrlar, çünki ol şolara möhüm erkinlikleri beripdir. Ahyr soňy, Genrih Rime girýär we papa tagtyna başga papany, Klement III aturdýar, şol hem ony imperator tagtyna çykarypdyr. Şäher iki sany berkidilen lagere bölünipdir: Keramatly Angel galasynda Grigoriý IV goranýardy, papanyň köşgi Lateran we keramatly Petryň [1] ybadathanasy bolsa

[1] Rimde keramatly Petryň ybadathanasy – iň uly kristian ybadathanasy, şol ýerde papanyň özi ýa-da kardinal ybadat etmägi berjaý edipdir.

imperatoryň elindedi. Bularyň soňkysy, eýýäm ýeňişi dabaraly baýram edýärdi, şol wagtda-da Genrih IV kömege onuň soýuzdaşlary Günorta Italiýanyň narmannlary gelýärler. Nemesleriň Rimden kowlup çykarylypdyr, ýöne papa hem nemesleriň we normannlaryň talanlaryndan we zorluklaryndan horluk gören ilatyň duşmançylykly garaýyşy zerarly şol ýerde galyp biljek däldi. Ol özüniň soýuzdaşlary bilen Salerno (Günorta Italiýa) ugrapdyr, şol ýerde hem tiz wagtda aradan çykypdyr (1085).

Bu göreşde taraplaryň ikisi hem, papa hem, imperator hem jemgyýetiň giň toparyndan goldaw gözläpdirler; halka nugtlar bilen ýüzlenipdirler, ählumumy maglumat üçin hatlar yglan edilipdir. Gozgalaň meselere höwes uly bolupdyr: olar köskde, iri feodallaryň öýlerinde, sud ýygnaklarynda, ýarmarkalardyr bazarlar ara alyp maslahatlaşypdyrlar. Diskussiýa [2] haýsy häkimiýet beýik, dünýewimi ýa-da dini häkimiýet diýen mesele boýunça tutaşypdyr. Birnäçeleri ýer ýüzünde papanyňkydan belent häkimiýet ýokdyr diýip tassyklapdyrlar, beýlekileri dünýewi hökümdary Hudaýyň ýer üstündäki wekilidir diýýärdiler, şonuň üçin hem buthananyň abadançylygy hem şoňa baglydyr. Bu jedel başga bir wajyp meselä, häkimiýetiň özüniň esaslandyrylmagy baradaky meselä getiripdir: ol kimden gelip çykýar, kim tarapyndan berilipdir hudaý ýa-da adamlar tarapyndanmy ?

Imperiýanyň tarapdarlary onuň hudaýyň öňünde jogapkärdigini tassyklapdyrlar. Papanyň tarapdarlary bolsa imperatorlaryň özüne gürrüňsiz boýunegilmegini talap etmäge hukugynyň ýokdugyny subut edipdirler: onuň häkimligi halk bilen edilen şertnama esaslanandyr; korolyň erbiý edara etmegi şertnamanyň bozulmagydyr, şonda halk hem öz nobatynda tabynlygy saklamaga borçly däldildir we hökümdary ýykmaga hem kowmaga haklydyr.

---

[2] Diskussiýa – ( lat. Discussio – gözden geçirme, derňewi) haýsy hem bolsa jedelli meseläni ara alyp maslahatlaşylmagy.

Genrih Grigoriýden 20 ýyl artyk ýaşapdyr. Emma hököm papanyň miras düşerleri imperatordan ýazgarmaklygy aýyrmandyrlar we esasy garşydaşlaryň ölmegi bilen hem göreş kesilmändir. Uzak edara etmegiň soňundan papa Pashaliý II garry hökümdaryň garşysyna onuň ogullaryny ilki Konrady, soňra bolsa nemes gersoglary we knýazlary tarapyndan goldanan Genrihi galdyrýar. Bu ozarar urşuň gyzgalaňly wagtynda Genrih IV aradan çykýar. Genrih V (1106 – 1125) korol bolupdyr. Inwestitura ugrundaky göreş täze güýç bilen başlanypdyr. Genrih V kakasy ýaly hereket etmek bilen, ol dünýewi häkimiýeti hem elden bermezden ýepiskoplary hem bellemegi dowam edýär. Ahyr soňy, ruhany şahslar tarapyndan dolandyrylýan giň ýerleri, imperiýanyňky edip saklamak knýazlar üçin ähli zatdan möhüm bolany üçin, olar imperator bilen papanyň arasynda barlyşygy gazanypdyrlar.

Uzaga çeken gepleşiklerden soň iki tarapy hem Wormsde (1122ý.) ylalaşygy kabul edipdirler.

1. Imperator ýepiskoplary we abbatlary bellemekden el çekipdir.
2. Prelatlaryň saýlanmagy ryhanylaryň özlerine berlipdir, ýöne korol saýlawlara gatnaşmak we jedelli pursatda meseläni çözmek hukugyny saklapdyr.
3. Buthana wezipeleriniň satyn alynmagyda, satuwy – da, zorluk hem bolmaly däldir diýip, goşulypdyr.

Şeýlelik bilen, inwestitura hamala ikä bölünýän ýaly bolupdyr: imperator halkadyr hasa arkaly bagyşlamany, ýagny dini wezipänitassyklamagy papa beripdir, ýöne skipetri tabşyrmagy, ýagny dünýewi eýeçilikde täze saýlanany tassyklamagy öz ygtyýarynda saklapdyr, şonuň üçin bolsa ýepiskop ýa-da abbat oňa tabynlyk kasamyny beripdir. Şol ylalaşyk boýunça ruhanylar döwlet häkimiyetiniň raýatynda we gullugynda galypdyr; ýöne şonuň bilen birlikde, dini gullukçylaryň aýratyn gatlaga degişlidigi aýdyň tassyklanypdyr. Megerem papa ýeňiş

gazanan ýaly. Emma hakyky peýda oňa däl-de, Germaniýada iri feodallara ýa-da knýazlara ýetipdir; şolaryň arasynda ýepiskoplar bellenilýärdi, olar hakykatdan hem ýepiskoplaryň saýlawyna täsir etmäge, şonuň bilen barabar bolsa imperiýadaky oňat ýerleri ygtyýar etmeklige hem mümkinçilik aldylar.

Imperatorlaryň buthana hem buthana tarapyndan gollanan boýun egmezek wassallar bilen uzaga çeken göreşi korol häkimiýetini gowşadypdyr. Bu jedeldäki üstünlik knýazlaryň özlerini alyp barşyna bagly bolupdyr; olaryň dellalçylygy bolmasa papanyň we imperatoryň barlyşygy bolup biljek däldi. Olaryň güýji şeýle aňladylypdyr, ýagny şol döwürden başlap korolyň Germaniýada reýstagdan – iň möhüm dini we dünýewi feodallaryň ýygnagyndan başga hiç bir möhüm işi geçirip bilmändigi, olaryň güýjüni aňladypdyr.

Şeýlelikde, XII asyrdan Germaniýada feodal dagynyklygy ýagny nemes knýazlarynyň doly ykdysady we syýasy garaşsyzlygy berkarar bolýar.

## Tema 11: Haçly ýörişler.

XI-XIII asyrlarda Günbatar Ýewropanyň ykdysady, syýasy we sosial ýagdaýy üýtgeýär. Şol döwürde täze şäherleriň emele gelmek prosesi  dowam edýärdi. Daýhanlar öz hojaýynlaryndan gaçyp, ýaňy emele gelen şäherlere barýardylar we hünärmentçilik bilen meşgullanyp başladylar. Iri ýer eýeleri daýhanalry ýerinden gysyp çykardylar ýa-da çakdanaşa azar berýärdiler. Rysarlara peşgeş bermek üçin ýerler gutarypdy. Günbatar Ýewropa döwletleriň gündogara ykdysady taýdan gyzyklanmasy olary haçly ýörişe gatnaşmaga mejbur edipdir. Rim papasy grek prawoslaw buthanasyny Rim buthanasyna birleşdirmek üçin maksat edinipdir. Ondan-da başga girdeýji

almak niýeti bar eken. Şonuň üçin hem Haçly ýörişe ýolbaşçylyk etmegiň guramaçysy bolupdyr. XI asyrda Günbatar Ýewropa halklarynyň durmuşynda ykdsady öňegidişlik bolupdyr. Ýüňi işläp bejeremeklik, metal işlemeklik gurluşyk işlerinde üstünlik gazanypdyr. Munuň özi bolsa oba hojalygyň hünärmentçilikden bölünip aýrylmagyna getiripdir. Ýewropa şäherleriniň we olaryň ösmegi bolup geçipdir. Şäherleriň we oba welaýatlaryň arasynda söwda aragatnaşygy baglanypdyr. Gadymy söwdanyň durmagy diňe bir şäher bilen obanyň arasynda bolmak bilen çäklenmän, Ýewropa ýurtlary Gündogar döwletleri bilen söwda aragatnaşyk edipdirler. Söwda etmekde özüniň bäsdeşini ýeňmek ugrunda italýan söwdagärleri Haçly ýörişe gatnaşypdyrlar. Olaryň maksady bäsdeşi bolan Wizantiýa döwletini basyp almakdy. Haçly ýörişleriň sebäpleriniň biri hem Ýewropa döwletleriniň ykdysady taýdan Gündogara gyzyklanmasydyr. Iri ýer eýeleriniň şol wagtky maksady: a) täze ýerleri basyp almaklykdy we daýhanlary krepostnoýlaşdyrmakdy. b) öz rysarlaryny gowy hyzmat edeni üçin sylag ýerler – benefisiler – berýärdiler. Günbatar Ýewropa döwletlerinde boş ýerler galmandy. Senorlar (iri ýer eýeleri) indi sylag bermek üçin, ýeri nireden almalydygy barada pikirlenýärdiler. Ondan-da başga şol wagtlar Günbatar Ýewropada ýersiz daýhanlar bilen iri ýer eýeleriniň arasynda, feodallaryň we ownuk mülkdarlaryň arasynda garşylyk güýçlendi. Umumy halkyň ykdysady ýagdaýy erbetleşýärdi. Açlyk, epidemiýa ýaly howplar häli-şindi döräp durýardy. Ondan-da başga Gündogarda iň uly döwletiň – Wizantiýanyň ýagdaýy agyrlaşýar, çünki iri ýer eýeleri syýasy özbaşdaklyk gazanmak üçin imperatora garşy göreşip, döwleti gowşadýardylar. Ýurduň içki ýagdaýyndan peýdalanyp, daşary ýurtlar Wizantiýanyň territoriýasyny basyp almak niýetleri bardy. XI asyryň II ýarymynda türkmen-Seljuklar Dawut, Togrul beg we Çagry begiň ýolbaşçylygynda günbatar Ermenistanda ýerleşýän Manzikert şäheriň ýanynda

1071 ý. Wizantiýa goşunlaryny derbi-dagyn edýärler we imperatory Roman IV Diogeni ýesir alýarlar. Şondan soň ähli Kiçi Aziýany, Siriýany, Palestinany hem türkmen-seljuklar eýeleýärler. Wizantiýanyň imperatorlary Günbatar döwletlerden kömek soraýarlar. Wizantiýanyň tagtyna geçen imperator Alekseý I Komnin 1081-nji ýylda öz işlerini Rim papasy Urban II ýanyna iberýär. Netijede Günbatar Ýewropanyň iri ýer eýeleri buthana kömekleşmäge razylaşýarlar. Iki tarap hem öz maksatlaryny ýerine ýetirmek niýetleri bar eken: Wizantiýanyň imperatory hemme ýitirlen ýerleri yzyna gaýtaryp almakdy. Rim papasy bolsa öz täsirini Wizantiýanyň ýerlerine ýaýratmak maksady bar eken. Bahaha tapyldy: “Biziň pygamberimiz Isa Iýerusalimde jaýlandy. Ol ýere hem musulmanlar geçip, onuň mazaryny basgylaýarlar, şonuň üçin hem Iýerusalimi musulmanlardan azat etmeli” diýip agitasiýa (ynandyrma) geçirmeli. Günbatar Ýewropa halkyny ynandyrmak kyn däl eken. Hakyky maksady bolsa, ýer basyp almak, baýlyk köpeltmeklik bolupdyr.

1095-nji ýylyň güýzünde Rim papasy Urban II Fransiýanyň Kilermon şäherinde buthana ýygnagyny çagyrýar. Oňa iri ýer eýeleri we uly ruhanylar gatnaşýarlar, daýhanlar, rysarlar we şäherlerde gelipdirler. Ondan bir ýyl öň Rim papasynyň işgärleri bütin Ýewropa ilatynyň arasynda agitasiýa geçiripdirler. Indi şol ýygnakda Haçly ýörişiň plany düzülipdir. Papa daýhanlary we garyplary krepostnoýçylyk hukugyndan boşatmaga we bütin emläklerini goramaga söz berýär. Urban II dini baýdak astynda hemme Günbatar döwletlerini ýörite taýýarlanmaga teklip edýär. Oňa ynanyp ýygnanan adamlar öz geýimleriniň arkasyna haç tikýärler. Şonuň üçin bu ýörişlere “Haçly ýörişler” diýilýär. Rim papasyna ynanyp garyplar ilki Gündogara ugraýarlar. Olar bu ýörişe taýýar däl ekenler. Demirgazyk we Günbatar Fransiýadan Günbatar Germaniýadan ýygnanyşyp, Pýotr Amýenskiniň ýolbaşçylygy astynda ýörişi dowam edýärler. Emma olar 1-nji türkmen-seljuklar bilen

çaknyşykda derbi-dagyn edilýärler. Ondan soň ýörişe feodallar gaty gowy taýýarlanyp, 1096-njy ýylyň güýzünde ýörişe başlaýarlar. Dört tarapa bölünip, Germaniýanyň, Fransiýanyň, Günorta Italiýanyň feodallary diňe 1097-nji ýylyň baharynda haçprazlar Kiçi Aziýa geçip 1-nji ýörişe başlaýarlar. Esasy uruşlar Antiohiýa, Edessa, Tripoli şäherlerinde bolupdyr. şol şöweşlerde türkmen-seljuklar yzyna çekilmäge mejbur bolýarlar, çünki begleriň arasynda agzybirlik ýok eken. Türkmen-seljuklaryň her bir feodalynda aýratyn goşuny bolupdyr. Başga-da şol bölek goşunlar duşmana garşy aýratynlykda göreşipdir. 1099-njy ýylda Haçparazlar Iýerusalimi eýeleýär. Şu üç ýylyň içinde 1-nji Haçly ýöriş gutaryp Gündogarda Iýerusalim korollygy döreýär. Oňa dört özbaşdak döwletler giripdir.

1. Tripoli graflygy.
2. Edessa knýazlygy.
3. Antiohiýa knýazlygy.
4. Iýerusalim korollygy.

Hakykatdan her döwlet garaşsyz bolupdyr. Olaryň kanunlaryna “Iýerusalim assizleri” (kanunlary) diýýärler. XIII asyrda Kipr adasynda we oňa syýasy ýuridik ýagdaýlary (kanunlary) adyny dakýarlar. Gysga mazmuny:

1.Korolyň öz feodallaryna beren hukuklary we olara talaby.

2.Iri feodallaryň maslahaty. Korolyň häkimýetini çäklendirýär. Eger korol kanunlary ýerine ýetirmese, iri feodallar oňa gulluk etmegi ret etmäge haklary bar.

3.Gulluk wezipesinde köp basgançaklygy aşakdan ýokary gidýän yzygiderligi iri ýer eýeleri korola gulluk etmeli. Hemme ýerleri feodallaryň arasynda korol paýlapdyr. Buthanada köp ýerlerini eýeläpdir. Olar salgyt tölemändirler we harby borçly däl eken.

Italýan şäherleri Piza, Wenesiýa, Genuýa söwda monopoliýasyny öz eline alypdyrlar. Demirgazyk Italýan

şäherleri Günbatar harytlaryny getirip, Gündogar harytlaryny Ýewropa döwletlerine satýan ekenler. Dogry döwleti goramak üçin feodallar rysar soýuzlaryny döredipdirler. Emma olar öz maksatlaryny ýerine ýetirmegi doly başarmaýarlar we ahyrynda Ýewropa göçýärler. 1187-nji ýylda Iýerusalimi Salah ad-Din basyp alýarlar. II we III Haçly ýörişler netijesiz gutarýarlar.

IV Haçly ýöriş XIII asyryň başynda bolup geçdi. Oňa Fransiýanyň, Angliýanyň, Germaniýanyň rysarlary gatnaşdylar. 1198-nji ýylda Rim papasy Ýewropa döwletleriň korollaryna hat ýazyp, olary IV Haçly ýörişe çagyrýar. Plan boýunça Haçparazlar Müsür üstünden Iýerusalime ýetmäge planlary bar eken. Şol wagtda Müsür şalaryň mirasdüşerleri biri-birleri bilen oňuşmaýan ekenler we özaralynda agzybirlik bolmandyr. 1201-nji ýylda Haçparazlaryň alty wekilleri we Wenesiýanyň ýolbaşçysynyň arasynda şertnama baglaşýarlar: Wenesiýa Haçparazlara gämileri ygtyýaryna bermäge razylaşýar: Jemi 33 500 esgere: atlylar, galkançy göterenler, pyýada goşun: gämileriň bir ýylyň dowamynda Haçprazlar peýdalanmaly eken. Haçparazlary Wenesiýa eklemli eken. Netijede Haçparazlar Wenesiýada 85 000 kümüş puly tölemeli eken. 1202-nji ýylyň baharynda rysarlar Wenesiýa gelip başladylar. Aýratyn harby otrýadlar Palestina özbaşdak gidýärler. Şertnama boýunça Haçparazlaryň sanyna üns berilýän eken. Şol wagtda puly doly tölemeli eken. Wenesiýa gelen Haçparazlar diňe 51 000 kümüş puly töläpdirler. Şonuň üçin Wenesiýanyň hökümeti Haçparazlaryň agyr ýagdaýyny peýdalanyp, Wizantiýanyň teklibini ýerine ýetirmäge niýetleri bar eken. Wenesiýanyň hökümeti Wengriýanyň elinde bolan birnäçe adalaryny we Adriatik deňziň kenarynda ýerleşýän Zadar gämi duralgasyny basyp almagy teklip edýär. Haçparazlar Wenesiýa hökümetiniň teklibini ýerine ýetirýärler. 1202-nji ýylyň baharynda Wizantiýada imperator Isaak Angely tagtdan düşürilýär we onuň ogly Alekseý Angel Ýewropa gaçyp Wenesiýa gelýär we kakasynyň tagtyny dikeltmäge

kömek soraýar. Rim papasy Innokentiý III Alekseýiň kömegini peýdalanyp, Wenesiýa bilen umumy dil tapyp Haçparazlar täze şertnama baglaşýar we 1203-nji ýylyň maý aýynda Haçparazlaryň floty Konstantinopol tarapa ugraýar. Şeýlelik bilen Rim papasy we Alekseý Angel Haçparazlaryň käbir güýçlerini peýdalanyp, öz maksatlaryny ýerine ýetirmek isleýärler. Wizantiýa hökümeti bolsa Ortaýer deňziniň Gündogar tarapynda söwda monopoliýany basyp almak niýeti bar eken. Şeýlelik bilen, Haçparazlar razylaşandan soň, Konstantinopoly ýeňil ýol bilen basyp alýarlar we Alekseý Angeli tagta mündürýärler we Alekseý Angel olara 100 000 kümüş pul töleýär, galan 100 000 kümüş puly soň tölemäge söz berýär. Emma Alekseý Angel Konstantinopol şäheriniň üstüne nobatdan daşary salgyt goýýar. Grek ruhanylary we şäherleriň ilaty närazy bolup, täze imperator saýlaýarlar. Ol şäheri Haçparazlardan azat etmäge söz berýär we Angelleriň döwründe ýokary wezipeleri eýeleýän baýlaryň üstüne salgyt goýýar, emma 1204-nji ýylyň mart aýynda Haçparazlar şäheri paýlaşmaga karar çykarýarlar we aprelde Konstantinopoly zor bilen basyp alýarlar. Syýasy krizise düşüp Wizantiýanyň ilaty garşylyk görkezmäge mümkinçiligi bolmandyr. Ondan başga-da agalyk edýän gatlaklaryň arasynda agzybirlik bolmandyr. Şeýlelik bilen 1204-nji ýylda Wizantiýa imperiýasynyň ýerine Latyn imperiýasy döreýär. Emma imperatorlara döwletiň agzybirligini saklamaga şertler bolmandyr, şonuň üçin Latyn imperiýasynyň territoriýasynda birnäçe özbaşdaklygyny saklaýan feodal döwletler döreýär. Wenesiýada birnäçe ýerleri eýeleýärler. Emma Latyn imperiýasy tiz wagtdan ýykylýar. Grek Nikeý döwleti Genuýa söwda respublikanyň kömegi bilen Wizantiýa 1261-nji ýylda imperiýany dikeldýär. Indi imperiýanyň ýerlerinde söwda monopoliýa Genuýa söwdagärleriniň eline düşüp, olara uly girdeýji getirýär. IV Haçly ýörişden soň Günbataryň feodallary ýene dört Haçly ýörişe gatnaşýarlar, emma olar-da netijesiz gutarýar.

Şeýlelik bilen 200 ýyl dowam eden Haçly ýörişler tamamlandy (1095-1270 ýyllary öz içine alýar.) Haçly ýörişler diňe bir öz öňlerinde goýan maksatlaryna ýetmän, eýsem müňlerçe adamlaryň pida bolmagyna we Ýewropa ýurtlarynyň ägirt uly serişdeleriniň dargadylamagyna getirdi. Haçly ýörişlere gatnaşan Ýewropa sosial gatlaklaryň häsiýeti – basybalyjylyk. Şonuň üçin Haçparazlaryň maksady adalatsyyz bolupdyr. Emma Günbatarlylara-da ähmiýeti boldy.

1.Ýewropanyň sosial-ykdysady prosesleriniň ösüşini tizleşdirýär. Netijede söwda hünärmentçilik, pul-haryt gatnaşyklary Günbataryň hemme ýurtlarynda ýaýraýar.

2.Haçly ýörişler Günbatar Ýewropa aýratyn döwletleriň syýasy taýdan merkezleşmegini tizleşdirýär. Iri ýer eýeleriň köpüsi Gündogara ugraýarlar we korol häkimýetini dikeldýärler.

3.Ýewropanyň halky Gündogarlylardan medeni ösümlikleri ösdürip ýetişdirmekligi, hünärmentçiligiň dürli görnüşlerini öwrendiler.

4.Ortaýer deňziniň kenarlarynda ýerleşýän döwletleriň halkara ýagdaýy üýtgeýär. Söwda monopoliýa Gündogar söwdagärlerden Ýewropa söwdagärleriniň eline geçýär.

5.Wizantiýanyň ykdysady we halkara ýagdaýyny uly orisatel (ýaramaz) täsir edýär we demirgazyk Italýan şäherleri agalyk gazanýarlar.

## Tema 12 : Italiýa IX-XV asyrlarda

IX-asyryň soňunda Italiýanyň territoriýasy köp sanly, biri-biri bilen mydama duşmançylyk edip gelen ownuk we iri feodal knýazlyklar we biri-biri bilen bäsleşýän garaşsyz şäherler ýurdy bolupdyr.

Burgundiýanyň korolewasy Adelgeýda tagty dikeltmek üçin Ottona kömek sorap ýüzlenipdir. Şu bahanadan

peýdalanyp 951-nji ýylda uly goşun bilen Otton I Italiýa güýç bilen giripdir. Pawiýany eýeläp, longobordlar korolynyň titulyny kabul edip, ol öz häkimini beriden ýaly bolupdyr. Emma doly suratda birleşmek oňa 951-nji ýylda miýesser bolmady. Germaniýanyň öňünde iri feodallaryň gozgalaňy başlapdyr. Demirgazyk Italiýada garnizonlary galdyryp, Otton Germaniýa girmäge mejbur bolupdyr. Germaniýanyň knýazlary hem gersoglary,dokuz ýylyň içinde özleriniň koroly bilen göreş alyp barypdyrlar, ýöne ahyr soňunda boýun egmäge mejbur bolupdyrlar. Indi Otton Italiýada mundan buýany basyp akmalara ymtylyp, bu ýurtda täzeden peýda bolýar. Ozaly bilen Rim papasynyň häkimýetine kontrollyk etmek maksady bilen, ol Rima aralaşmakçy bolýar. Papa oblastyndaky feodal özara oňşuksyzlyklar bu maksadyň ýerine ýetmegine ýardam berýär. 961-nji ýylda Rim papasy öz feodallary bilen göreşde bütinleý ysgyndan düşüp, Ottondan kömek soraýar.

German koroly pitneçi feodallary haýal etmän, jeza berip hasaplaşýar we papanyň çagyryşy boýunça Rima gelýär.

962-nji ýylda rim papasy Otton I başyna imperator täjini geýdirýär. Bu territoriýa „German milletiniň mukaddes Rim imperiýasy“ diýip atlandyrlypdyr. Onuň düzümine Germaniýanyň özi we Italiýanyň demirgazyk bölegi giripdir.

Otton I döwründen german imperatorynyň italýan ýörişleriniň yzygiderli çagşap başlaýar. Olar baý Italiýanyň talanmagynyň hasabyna maddy serişdeleri döretmäge we şolara daýanyp ykdysady we syýasy taýdan özbaşdak nemes knýazlaryna özlerine bütinleý tabyn etmäge ymtylýarlar. Bu diňe Ottona miýesser bolýar.

Formal taýdan ikisiniň hem deň hukukda hasap edilmegine ikisiniň-de mukaddes Rim imperiýasynyň häkimi hasap edilmegine garamazdan Otton Rim papasyny bütünleý tabynlykda saklaýar.Aslynda döwleti Otton I edara edipdir. Sebäbi papafeodal özara dawalar bilen halys güýçden düşüpdir. Ol hatda öz oblastynda dünýewi häkim hökmünde hem bir

ygtyýarly bolmandyr. Şondan başga-da, papanyň häkimýetiniň gowşamagy bilen ruhanylaryň hut özleri pursatdan peýdalanyp, tabynlykdan çykmaga garaşsyzlygy ele almaga synanşýardylar. Bularyň üstesine papanyň özleri-de bozuk hem hiç zadyň alnyndan däl adamlar bolupdyr.

Otton II- Papa Ioon XII- tagtda oturdypdyr. Ýigrimi ýaşly papa Ioon (955-964 ýyllar) ady kabul edilipdir. Azgyn ýaş ýigit papa köşgini Pateryany görüşmeler öýüne öwrüpdir. 963-nji ýylyň dekabryň 6-na Rimde buthana ýygnagynda onuň kasamdan dänijidigi, ahlak taýdan bozulan admdygy aýdyň bolýar. Ol näletlenipdir we ähli hukuklardan mahrum edilipdir. Şeýlelik bilen, ol buthana ýygnagy tarapyndan ýazgarylypdyr hem agdarylypdyr. Soňra imperatora garşy partiýanyň kömegi bilen Rime dolanyp gelmek miýesser bolýar. Tiz wagtda ony oýnaşlarynyň öýüniň birinde öli tapypdyrlar.

Italiýanyň günortasynda wizantiýalylar höküm sürüpdirler. Otton I- bu oblastlary basyp almak synanşygy şowsuz gutarypdyr. Ol Wizantiýa harby güýçleri tarapyndan derbi-dagyn edilipdir. Şonda oňa şol ýerleri diplomatik ýol bilen eýelemek başardýar: öz ogly Otton II (973-983-nji ýyllar) Wizantiýa imperatory Ioon Simishiýa Fleotanyň ýegençesine öýlendirýär. Emma Otton II şonda hem Wizantiýalylaryň we araplaryň hojaýynlyk edän Günorta Italiýasyny gutarnykly tabyn etmek başartmandyr. Onuň ogly hem miras düşeri Otton III-(983-1002) imperatoryň we papanyň ilkinji häkimi bolan ähli katolik imperiýasyny döretmegiň meýilnamasy bilen meşgul bolupdyr.

Papa häkimligi klýuniýleri töwekgellik bilen goldapdyr we Günbatar Ýewropanyň ähli ruhanylaryny diňe Papany we legotlary innesturanyň kanun çykaryjylary hasap etmek: diýip buýruk beripdir. Emma german imperatory üzül-nesil garşy çykypdyr. Çünki öz impiýasynyň buthaha ýerlerinden alýan girdeýjilerini ýitirýärdi. Munuň özi iki güýjiň çaknyşygyny aňladýardy: iýperator nemis katolik ruhanylarynyň zorluk bilen

tabyn edilmeginiň tarapdarydyr; papa bolsa Günbatar Ýewropanyň ähli katolik buthanalarynda öz hökümirowanlygyny berkarar etmäge ymtylypdyr. Eýsem-de bolsa Germaniýanyň özünde karol häkimi şeýle bir gowşadypdyr. Hatda nemis gersonlary we unazlary ýaňadan ykdysady hem syýasy taýdan özbaşdak bolupdyr. (Otton II we Otton III elmidama Rimde ýaşapdyrlar we german işleri bilen az gyzyklanypdyrlar). Özara dawalar başlapdyr. Şol wagt bolsa daniýalylar nemis agalygyny agdarýarlar we hristiýanlygy kabul etmedenboýun gaçyrýarlar. Nemes basyp alyjylaryna garşy Slowýanlar hem aýaga galýarlar. 983-nji ýylyň iýunynda Gam bilen Branibary duýdansyz basyp aldylar we Elbanyň aňyrsyndaky nemes teritoriýasyna güýç bilen giripdirler. Obodritler Gamburgy basyp alýarlar we weýran edýärler. Ägirt uly kynçylyklar bilen Sakson begzadalaryna Slawýanlaryň çozuşyny serpikdirmek başardýar. Emma orta Elbanyň aňyrsyndaky ýerler nemes feodallary üçin niýetlenipdir. Slawýanlar basyp alyjylary kowup çykarypdyrlar, katolik ruhanylary gyrypdyrlar we 150-ýylyň dowamynda garaşsyz bolup galypdyrlar. Diňe Serbo-lužusk ýerlerinde nemes täsiri entek güýçli bolupdyr. 1859-1871-ýyllarda Günbatar Ýewropada iki sany iri pomeşik-buržuaz döwleti Italiýan korollygy we German imperiýasy emele geldi. Bu ýurtda syýasy dagynyklykdan milli taýda birleşmäge geçmeklige ozaly bilen kapitalizmiň mundan beýläk ösmegniň islegleri sebäpli boldy.

Daglynyklyk şertlerinde söwdanyň we senagatyň ösmegi gitdigiçe köp päsgelçiliklere uçraýardy.

Demir ýollary çekmek, ýörite gümrükhalary, metal pullary, ölçeg birlikleri we agyrlyk ölçegleri bolan örän köp ownuk döwletleriň serhetleriniň üstünden harytlary daşamak barha kynlaşýardy. Syýasy dagynyklyk italiýan we german buržuaziýasyny halkara işleri barada-da gowşadýardy.

Italýan döwletiniň birleşdirilmegine olaryň umumy diliniň we milli medeniýetiniň bolmagy ýardam edýärdi. Germaniýada hem ýagdaý şuňa çalymdaşdy: 50-nji ýyllaryň aýaklarynda Italiýada milli taýdan birleşmek ugrundaky göreş ýene-de güýjedi. Şeýle hem onda iki akym rewolusion-demokratik we aram akymly öňküden-de aýdyň boldy. Rewolusion demokratlar senetçilere, daýhanlara, işçilere ownuk-buržuaz intelegensiýa daýanýardylar. Olar ozalkylary ýaly, Italiýanyň halk rewolusion syýasaty arkaly bir bitewi demokratik respublika birleşdirilmeginiň tarapyny tutýardylar.

Bu ugruň iň görnükli işgäri emigrasiýada ýören J.Garibaldidi Aram akyma liberal pomeşikler bilen buržuaziýa baştutanlyk edýärdiler. Olaryň planlary ýurdy konstitusion monarhiýa birleşdirmekden aňry geçmeýärdi.

Olaryň köpüsi esasy mülki Turin şäheri bilen bilelikde Pemont bolan, Italiýanyň demirgazygynda ýerleşýän Sardiniýa korollygy milli taýdan birleşmek ugrundaky göreşe baştutanlyk eder diýip umyt edýärdi.

Ykdysady babatda Pemont bütin Italiýanyň iň gür ilatly we öňde barýan bölegidi. Ol ýerde fabrik senagaty we demir ýol gurluşygy ep-esli ösüpdir. Pemonta daýanmak bilen, Sardiniýa korollygy özüniň ykdysady we syýasy ýagdaýynyň hem-de goşununy güýçlendirdi. Ol konstitusiýaly ýeketäk italýan döwletidi. Italiýanyň beýleki ähli ýerlerinde baryp ýatan reaksion güýçler höküm sürýärdi. Kawur awstriýalylary Lambardiýadan we Wenesiýa oblastyndan kowup çykarmagy hem-de olary Pemonta birleşdirmegi Italiýany birleşdirmegiň ilkinji ädimi hökmünde göz öňünde tutýardy. Emma Sardiniýa korollygynyň goşuny gowşakdy we Awstriýany özbaşdak ýeňip biljek däldi, halk köpçüliklerini azat edijilik urşuna aýaga galdyrmaga bolsa, Kawuz, rewalusiýadan howatyrlanyp gorkýardy. Şoňa görä-de ol daşardan söýuzdaş gözleýärdi we Napoleon III-ni saýuzdaş edindi. Napoleaon III Sardiniýa korollygyna degişli, ýöne welin esasy fransuz ilaty ýaşaýan

Sawoýa we Nissa oblastlaryny Fransiýa berilmegine derek Lombardiýanyň hem-de Wenesiýa oblastynyň Sardiniýa korollygyna birleşdirilmegini üpjün etmek şerti bilen Awstriýanyň garşysyna urşa başlajakdygy barada Kawura gizlin wada beripdir. Uruş 1859-njy ýylyň aprelinde başlanypdyr. Fransuz we Sardiniýa goşunlary Lombardiýany çalt eýeläpdiler hem-de tomus Solforinanyň ýanynda bolan söweşde awstriýa goşunyny çym-pytrak edipdirler. Ýeňiş halk rewolusion hereketine täze itergi berdi. Ownuk italiýan döwletlerinde rewolusiýalar turdy. Papanyň mülkleri gozgalaň bilen gurşaldy. Ähli ýerde Italiýanyň milli döwlete birleşdirilmegi baradaky talaplar öňe sürülýärdi.

Napoleon III halk rewalusiýasyndan gorkýardy we bitewi hem güýçli Italiýanyň bolmagyny islemeýärdi. Ol Papanyň dünýewi häkimiýetiniň ýykylmagyny hem islemeýärdi, çünki ol Papanyň häkimiýetini reaksiýanyň möhüm daýanjy hasap edýärdi. Napoleon II Kowury aldady, ol Sardiniýa korollygyna diňe bir Lombordiýanyň geçmegi barada razylaşyp Awstriýa bilen duýdansyz barlyşyk baglanyşdy. Wenesiýa oblasty Awstriýanyň zulumy astynda galdy. Munuň özi bütin ýurda gahar-gazap joşgunyny döretdi. Şol bir wagtyň özünde Napoleon III öz almaly ülşüni doly aldy. Sowoýan bilen Nissa tiz wagtdan soň Fransiýa birikdirildi.

Italiýada täze rewolusion ýokary göteriş Napoleon III antiýalanlyk etmegine jogap boldy. Ownuk italýan döwletlerinde saýlanylan milli ýygnaklar Sardiniýa korollygyna birikmek barada karar kabul etdiler. Papanyň mülkleriniň bir bölegi hem olaryň görelldesine eýerdi.

Iki sisiliýa korollygynyň günortada Italiýanyň reaksiýasynyň we stýasy dagynyklygynyň daýanjy bolup galdy. Sisiliýa adasynyň paýtagty. Palermonda halk gozgalaňy başlandy. Garabaldiniň baştutanlygynda Italiýanyň demirgazygynyň respublikasy demokratlary kömek üçin aýaga galdylar. Garibaldi gyzyl köýnek geýnen meýletinleriň müňe

golaýny ýygnady. Onuň „Müňi“ esasan senetçilerden, işçilerden asly ownuk buržuaziýadan bolan studantlerden ybaratdy. Olar iki parohodda Germaniýadan ýüzüp ugrap, 1860-ýylyň maýynda. Sisiliýa adasynyň günbatar çetine gelip düşdüler.

Adanyň daýhanlary juda garyp ýaşaýardylar we iri pomeşikler hem-de neapol Burbonlarynyň despotik ganly dalandyryşy zererly ejir çekýärdiler. Daýhanlar şahsy taýdan azatdylar, ýöne welin olaryň öz eýeçiliginden ýerleri ýokdy we pomeşiklerden iň agyr şertlerde bölejik ýerleri kärendesine almaga mejbur bolýardylar. Olar limon, apelsin we beýleki miweleri ösdürip ýetişdirýärdiler, emma özleri noýba iýip oňýardylar, hasylyň barysyny diýen ýalybolsa iri mülkleriň eýelerini we korolyň salgyt ýygnaýjylaryna berýärdiler.

Halk röpçiligi Garibaldiniň we onuň „gyzyl köýneklilerini“ azat edijiler hökmünde şatlykly garşylady. Garibaldiniň baýdagynyň astyna hemme ýerlerden meýletinler üznüksiz gelýärdi şonuň üçin iki-üç güniň içinde oňa birnäçe müň daýhan gelip goşuldy.

Garibaldinçiler agyr söweşler edip, Palermo şäherini eýelediler ol ýerde şäher senetçileri we işçileri olara kömege geldiler.

Garibaldiniň ýörişi Italiýanyň günortasynda ýurdyň „aşakdan halk rewalusiýasy arkaly milli taýdan birleşdirmegi üçin şert döretdi. Emma birleşdirmegi rewalusion ýol bilen tamamlamak başartmady. Muňa prolefariýadyň gowşamagy daýhanlaryň rewalision göreşe ýeterlik derejede gatnaşmazlygy we ýurdyň „ýokardan“ sardiniýa karolynyň häkimiýeti astynda birleşdirilmegini islän liberali pameşikleriň we buržnaziýanyň ýurtda güýçli täsiriniň bolmagy päsgel berdi.

Sardiýa hökümetiniň baştutany Kawur we karol Wiktor. Emma mül II Garibaldiniň gazanan eňişleriniň miwelerine eýe bolmak üçin Pemont goşunyny Neapol müllikleriniň içi bilen günorta sürdiler. Talantly halk serkerdesi ýaýdanjaň

syýasatçydy. Ol daýhanlaryň we pomeşikler garşysyna ähli umumy gozgalaňa çagyrmady.

## Tema 13: Germaniýa, Italiýa, Awstriýa rewolýusiýalary

**Berlindäki gozgalaňyň sebäpleri.** Iri ýer eýeçilik düzgünler we ýurduň syýasy dagynyklygy Germaniýada iri maýa goýumynyň mundan beýläk ösmegi üçin esasy päsgelçilikdi. Milli döwlete birleşilmegi we iri maýa goýum düzgünleriň ornaşdyrylmagy ýurduň rewolýusion özgerdilmeginiň esasy meseleleridi.

1848-1849-njy ýyllaryň rewolýusiýasynyň öňüsyrasynda nemes täze baýlary begzadalar we patyşalyk häkimiýet bilen ylalaşyk etmäge ýykgyn edýärdi. Ol aram azat özgerişlikler barada arzuw etmekden aňry geçip bilmedi.

Rewolýusiýany ozaly bilen işçiler, garyp hünärmentler, ownuk täze baý meýilli toparlary öňe ilerläp biljekdiler. Emma bu güýçler dagynykdy, guralmandy we ýurduň syýasy dagynyklygy netijesinde köplenç biri-birinden üzňe çykyş edýardiler.

1847-nji ýýlyň ykdysady çökgünligi, edil Fransiýada bolşy ýaly, işsizlige we iş hakynyň kemeldilmegine getirdi, öňki ýyllardaky hasylsyzlyk bolsa azyk önümleriniň bahasynyň ýokarlandyrylmagyna sebäp boldy. Bularyň barysy halkyň mätäçligini hem-de betbagtçylyklaryny aňrybaş çäge çenli agyrlaşdy.

1847-nji ýylyň ýazynda aç märeke çörek we gök önüm dükanlaryny talaýardylar, bişen çörekleri we kartoşkany zorluk bilen alýardylar, patyşa mülki bolan we mirasdar şazada Wilgelmiň köşgüniň aýnalaryny kül-owram etdiler. Germaniýanyň günorta-günbatarynda açlyk çekýän daýhanlaryň arasynda gozgalaňa çagyryşlar ýaýrady. Patyşa hökümetiniň tarapdarlary pul serişdesiniň ýetmezçiliginden

kynçylyk çekýärdiler, esasan-da indi ony öňki usul bilen tapyp bilmeýärdiler. Prussiýanyň patyşa köşgi pulsuz galmak çägine ýetipdi, emma bank eýeleri we patyşa tarapyndan çagyrylan gatlak wekilleri hökümete karz pul bermekden çürt-kesik boýun towladylar. Indi köneçe dolandyrmak asla mümkin däldi. Syýasy ýagdaý aňry çagine çenli dartgynlaşypdy.

**Gozgalaňyň başlanmagy.** 1848-nji ýylyň başlarynda Germaniýada ýiti gapma-garşylykly ýagdaý emele geldi. Gapma-garşylyk ýangynynyň tutaşmagy üçin diňe bir uçgunyň syçramagy ýeterlikdi – Fransiýadaky Baýdak aýyndaky çykyşlar baradaky habar bolsa hut şeýle uçgun boldy. Ilkinji azat edijilik çykyşlar Germaniýanyň günorta-günbatar böleginde boldy, ol ýerde Parižde bolan çykyşlar barada hemmelerden öň eşidildi.

Tiz wagtdan soň rewolýusion hereket Prussiýanyň mülklerine geçdi. Senagat taýdan iň ösen Reýn welaýatynyň esasy şaheri bolan Kýolnde işçiler we hünärmenler özgerişlikler talap edip, patyşanyň köşgüniň daşyny gabadylar.

Berlinde halk märekesi on günläp çykyşlary gurady, köçelerde we meýdançalarda hukuk goraýjy edaralar bilen çaknyşyklar bolýardy. Işçileriň, senetçileriň we talyplaryň ägirt uly märekesi patyşa köşgüne tarap süýşüp ugrady. Köşgüň daşyny gurşan goşun ot açdy – çykyş edenleriň arasynda öleni we ýaralanany köp boldy. Halk gahar-gazaba mündi.

1848-nji ýylyň Nowruz aýynyň 18-ine agşamara Berlin şäheri barrikadalardan dolduryldy. Bütin gije gazaply köçe söweşleri boldy. Gozgalaňçylaryň garşysyna sürlen pyýada goşun we top atyjylar ýeňiş gazanyp bilmedi.

Gozgalaň diňe patyşa Fridrih Wilgelm IV paýtagtdan goşunlary çykarmak hakda buýruk berenden soň togtady. Öldürilen gozgalaňçylary dabaraly jaýlamaklyk guraldy. Ýas ýörişi patyşa köşgüniň duşundan geçip barýarka, gorkusyndan ýaňa sandyraklap duran patyşa daş çykyp, kellesini ýalaňaçlamaga mejbur boldy.

Nowruz ýeňişini işçiler bilen senetçiler gazandylar. Halk köpçüligiň çykyşlaryndan gozgalaňy netijelerini aram baý gatlaklar peýdalandy. Prussiýanyň milli ýygnagyna saýlawlar boljakdygy yglan edildi. Ol ýygnak konstitusiýany işläp düzmelidi. Täze baýan gatlak patyşanyň häkimiýetiniň berkleşmegi ugrunda çykyş edýärdi. Şonuň üçin onuň bar arzuwy patyşa häkimiýeti bilen ylalaşykly konstitusiýany işläp düzmekdi, döwrüň talabyna görä özgerişlikler geçirmekdi.

Işçiler we senetçiler Berliniň çet-gyralarynda ýygnaklar gurap, ol ýygnaklarda zähmet ministirliginiň döredilmegini, hemme adamlaryň iş bilen üpjin edilmegini, ähliumumy saýlaw hukugynyň berilmegini talap edýärdiler.

Prissiýanyň ýokary gatlagyň wekilleri we begzadalary şol wagt paýtagta hökümet goşunlarynyň getirilmegini haýyş etdi, bu haýyşy patyşa haýal etmän ýerine ýetirdi. Döwlet gullukçylary öňküsi ýaly dolandyrmak isläpdirler. Patyşa olaryň birini-de işden aýyrmady, Prussiýanyň köne goşuny, polisiýa, kazyýet we administratiw edaralary doly eldegirlmezliginde galdyryldy.

**Frankfurt parlamenti.** 1848-nji ýylyň maý aýynda Maýn boýundaky Frankfurtda jemgyýetçilik inisiatiwasy boýunça umumygerman parlamenti - Frankfurt Milli ýygnagyna saýlawlar geçirildi. Onuň agzalary Germaniýanyň konstitusiýasyny işläp düzmek üçin, ähli german döwletlerinde geçirilen örän giň jemgyýetçilik saýlawlary esasynda saýlanyldy. Nemes hökümdarlary bu parlamenti ykrar etmeýärdiler, emma rewolýusiýa şertlerinde onyň çagarylmagyna päsgel bermäge gorkdular. Parlamentiň agzalarynyň aglabasy intelligensiýa degişlidi. Onda esasan-da professorlar, aklawjylar, mugallymlar köpdi. Frankfurt parlamenti Germaniýanyň nähili birleşdirilmegi barada uzak wagtlap netijesiz jedeller bilen meşgul boldy. Deputatlaryň diňe kiçeňräk topary rewolýusion hereketleriň tarapdarydy.

Frankfurt parlamenti geljekki German imperiýasynyň düzümine Awstriýanyň polýak, çeh we italýan mülkleriniň zorluk bilen goşulmagyny talap etdi.

1849-njy ýylyň Bitaraplyk aýynda Prussiýanyň patyşasy Milli ýygnagyny dargatmagy buýurdy. Deputatlar halky garşylyk görkezmäge çagyrmaga ýürek etmän, sessiz-üýnsiz dargadylar.

Emma her zat-da bolsa, patyşa „ýokardan” konstitusiýany „bagyşlamak” barada perman çykarmaga mejbur boldy. Konstitusiýa laýyklykda begzadalaryň gatlaklarynyň artyk hukuklary saklanyldy, patyşa konstitusiýada göz öňünde tutulan kanun çykaryjy edaralaryň islendik kararyny ýatyrmaga bolan hukugy özünde galdyrdy. Saýlaw ulgamy baý salgyt töleýjileriň saýlawlrda doly agdyklyk gazanmagyny üpjin edýärdi. Prussiýada gapma-garşylyk ýatyryldy.

**Saksioniýada we Badende bolan gozgalaňlar.** Frankfurtda German patyşalarynyň ykrar etmedik umumygerman parlamentiniň işläp düzen „imperiýa konstitusiýasynyň” taslamasyny demokratik bölümlerini gorap, 1849-njy ýylyň Maý aýynda Saksoniýa patyşalygynyň paýtatgty – Drezden şäherinde we Baden gersoglygynda gozgalaň turdy. Bu konstitusiýada imperiýa parlamentine saýlawlar mahalynda göz öňünde tutulan ähliumumy saýlaw hukugy we onda sanalyp geçilýän beýleki hukuklar hem-de azatlyklar halk köpçüligini gyzklandyrýardy. Drezdende işçiler, senetçiler, ownuk täze baýlary köçe söweşlerine çykdylar.

Baden gersoglygynyň territoriýsynda ýaragly goşun döredilipdir. Bu gozgalaňlaryň garşysyna Prussiýa goşunlary sürüldi, olar gozgalaňçylaryň bölümlerini derbi-dagyn etdiler. Gozgaňlara gatnaşyjylatyň käbirleri tussag edildi.

Prussiýa patyşalygynyň ygtyýarynda Germaniýa boýunça iň güýçli goşun bardy, bu patyşalyk beýleki german

döwletlerinde – Westfaliýada we Pfalsda hem çykyşlary basyp ýatyrýardy.

Garşylykly herekete gatnaşyjylary jezalandyrmak güýçlendi. Magtymguly aýynda häkimiýete garşy gidenleri Prussiýadan sürgün etmek barada buýruk çykaryldy.

Germaniýada 1848-1849-njy ýyllarda tamamlanmadyk çykyşlar – demokratik çykyşlar boldy. 1848-nji ýylda Germaniýanyň amala aşyran demokratik agdarylyşygy Fransiýada ahyryna çenli alynyp baryldy, Germaniýada bolsa ahyryna çenli alynyp barylmady; Fransiýada ol respublika we doly azatlyga çenli baryp ýetdi, Germaniýada bolsa patyşa häkimiýeitni pugtalandyrypdy.

**German rewolýusiýasynyň netijeleri.** Germaniýada işçiler, senetçiler, ownuk daýhanlar halk çykyşlarynyň esasy hereketlendiriji güýjidi. Işçiler gatlagynyň guralmandygy we ýeterlikli ösüp ýetişmändigi, daýhanlaryň esasy köpçüliginiň iri ýer eýelerine garşy göreşe aýaga galmandygy, täze baýan gatlak bolsa syýasy taýdan gorkaklygy, ýaýdanjaňlygy – patyşa häkimiýetinden umyt gözläp sebäpli çykyşlar ýeňilşe sezewar boldy.

XVIII asyrda Fransiýada rewolýusiýanyň gidişinde iri ýer eýeçiligiň ähli galyndylary diýen ýaly ýok edilipdi. Germaniýada iri ýer eýeleriň agalygy saklanyp galypdy, ýurt bolsa syýasy dagynyklygyna galdy. Häkimiýet diňe käbir özgerişlikler geçirdi.

Halk patyşa häkimiýetiniň syýasatyny üýtgetmäge mejbur edip eýe bolan birnäçe kiçiräk ýeňillikleriniň saklanyp galdyrylmagyny gazanmak başartdy. Oňa 1849-njy ýylyň Prussiýa konstitusiýasy degişlidir, emma welin şol konstitusiýa patyşa häkimniýetini sähelçe çäklendirýädi we wekiller ýygnagynda iri ýer eýeleriň hem-de iri täze baýlaryň agalygyny doly üpjün edýärdi.

Rewolýusiýadan soň daýhanlaryň ownuk zähmet borçalryny ýatyrmak barada kanun çykaryldy. Olardan has

möhümi ýyllyk töleglerden köp esse artyk pul töläp, zähmet borçlaryndan dynmakdy, daýhanlaryň aglabasynyň bolsa zähmet borçlaryndan pul töläp azat bolmak üçin serişdeleri ýokdy.

## Italýan döwletlerindäki rewolýusiýalar

**Italiýa döwletleriniň ýagdaýy.** 1815-nji ýyldaky Wena maslahatyndan soň Italiýa sekiz sany patyşalygy we beglige bölünipdi. Ähli ýerde patyşanyň çäklendirilmedik häkimiýeti döredilipdi. Syýasy dagynyklyk, ownuk hökümdarlaryň zulumy, begzadalaryň agalygy, gullukçylaryň eden-etdiligi, daýhanlaryň iri ýer eýelerine garaşlylygy – bularyň hemmesi iri baýlaryň nägileliginiň artmagyny we halk köpçüliginiň ýigrenjini döredýärdi, olary gapma-garşylyga iterýärdi.

Italiýanyň aýratynlygy ýürduň ep-esli böleginiň Awstriýa sütemi astynda bolmagydy. Lombardiýa we Wenesiýa sebitleri Awstriýa döwletiniň düzümine girýärdiler, şeýle bolansoň, awstriýa häkimiýetleri olardan ägirt uly salgytlar alýardy. Gabsburgalaryň neberesinden bolan şalyklaryň dolandyrýan ýerleri Parma, Modena we Toskana hem awstriýanyň elgaramasynyň astyndadylar. XIX asyryň 30-40-njy ýyllarynda şu döwletleriň ählisinde halk köpçüligi we iri baýlar Awstriýanyň dikmelerine garşy telim gezek çykyş edipdiler.

Rim sebitinde katolik dininiň ýolbaşçysy papanyň dünýewi häkimiýeti saklanyp galýardy, bu hem Italiýanyň milli taýdan birleşmeginiň we ykdysady özgerişmeleriň ýolunda esasy päsgelçilikleriň biri bolup durýardy.

Iki Sisiliýa patyşalygy (onuň sebit bölegi öňki öwrenilişen at boýunça Neapol patyşalygy diýlip atlandyryldy) Burbonlaryň Ispaniýadaky nesliniň häkimiýeti astyndadyky, ol Italiýanyň iň yza galan bölegidi. Ol ýerde doly diýen ýaly iri ýer eýeçilik önümçilik gatnaşyklary höküm sürýärdi.

Italiýada ýakynlaşyp gelýän gapma-garşylygyň iň esasy meselesi ýurduň milli garaşsyzlygynyň we syýasy taýdan birleşdirilmeginiň göreşilip gazanylmagydy. Çäklendirilmedik häkimiýetiň we ähli iri ýer eýeçilik düzgünleri ýok etmek wezipesi şunuň bilen üznüksiz baglanyşykly wezipedi.

**Gapma-garşylygyň döremegi.** Jemgyýetçilik gatlaklary italýan milli-azat edijilik herekete „aram akym” hökmündedi. Italýan baý gatlaklary hem daýhanlaryň, senetçileriň we işçileriň garşysyna patyşa, begzadalar hem-de katolik buthanasy bilen ylalaşyk etmäge ýykgyn edýärdi. Onuň maksatlary ikinji derejeli özgerişlerden – saýlaw hukularyny almak üçin emläk salgydyny, konstitusiýany girizilmegi, senagatyň hem-de söwdanyň höweslendirilmegi baradaky talaplardan we şulara meňzeşlerden aňry gitmeýärdi.

Senetçiler, entek az sanly işçiler, ownuk emaldarlar demokratik akymyň daýanjydylar. Olaryň arasynda köp sanly gizlin jemgyýetler döräpdi. „Bitewilik we respublika” olaryň iň meşhur şygarydy.

**Milanda, Wenesiýada we Rimde bolan gozgalaňlar.** Hasylsyzlyk we ykdysady pese gaçyş halk köpçüliginiň betbagtçylygyny güýçlendirdi hem-de gapma-garşylyk ýagdaýyň emele gelmegine ýardam etdi. 1848-nji ýylyň Türkmenbaşy aýynda Palermoda (Sisiliýa) köpçülikleýin çykyşlar başlanyldy we demirgazyga ýaýrady. Halk köpçüliginiň zor salmagynda birentek döwletlerde häkimiýetler döredildi we konstitusiýalar yglan edildi.

Nowruz aýynda Awstriýanyň italýan mülklerinde gozgalaň turdy. Gozgalaň awstriýa häkimiýetlerinden milli taýdan azat bolmak, Awstriýanyň hazynasyna gidýän ägirt köp salgytlardan dynmak üçin turdy. Milanda (Lombardiýanyň esasy şäherinde) halk çykyşlar bolup başlady gurup başlady. Bäş güne çeken gazaply köçe söweşlerinden soň awstriýa goşunlary kowlup çykaryldy. Häkimiýeti ýokary gatlagyň wekilleri aldy. Milan hökümetiniň esasy maksady milli sütemi

ýok etmek we konstitusiýany jar etmegi gazanan goňşy Sardiniýa patyşalygyna birleşmekdi. Halkýň zor salmagy astynda Sardiniýa patyşasy özüniň Pýemontdaky goşunlaryny awstraliýalylaryň garşysyna iberdi.

1848-nji ýylyň mart aýynda Wenesiýada hem awstriýa sütemine garşy gozgalaň turup, ol ýerde respublika dolandyryşly yglan edildi.

1848-nji ýylyň mart aýynda Panamada we Modenada Awstriyanyň tarapyny tutýan hökümetler ýykyldy.

Sardiniýanyň patyşasy Awstriýanyň garşysyna rewolýusion uruş alyp barmaga gorkdy, ol özüne kömege gelen meýletinçiler harby bölümlerine ynanmaýardy. Netijede, Gorkut aýynda onuň goşuny derbi-dagyn edildi we öz territoriýasyna yza çekildi. Şonuň yzysüre Milandaky gozgalaň hem ýeňlişe sezewar boldy. Beýleki italýan döwletlerinde hem respublika garşy güýçler hüjüme geçdi. Neapolda patýşa konstitusiýany ýatyrdy, parlamenti dargatdy, hökümetiň düzüminden azat pikirlileri çetleşdirdi, garşy çykanlary jezalandyrlyp başlandy.

Emma halk we demokratik işgärler ýaraglaryny taşlamadylar. Rewolýusion demokratlar: „Patyşanyň urşy gutardy, milletiň ýa-da halkyň urşy başlanýar” diýen şygary öňe sürdüler. 1849-njy ýylyň başlarynda Rimde halk gozgalaňy turdy. Rim papasy gaçyp gitdi. Halkyň şatlanmagy we top atylmagy bilen Rimde respublika yglan edildi.

Papa kömek sorap, Fransuz respublikasynyň prezidenti Lui Napoleona ýüz tutdy, ol bolsa Rim respublikasynyň garşysyna köp sanly fransuz goşunyny iberdi.

**Juzzeppe Garibaldi.** Rimiň goranyşyna deňizçiniň ogly, azat pikirli demokrat Juzeppe Garibaldi (1807-1882) baştutanlyk etdi.

Garibaldi baryp 30-njy ýyllarda Sardiniýa patyşalygynda bolan gozgalaňa gatnaşdy. Gayýbana ölüm jezasyna höküm edilen Garibaldi Günorta Amerika gaçyp gidip, ol ýerde ispan

sütemine garşy milli-azat edijilik göreşine gatnaşypdy. 1848-nji ýylyň ýazynda Garibaldi watanyna dolanyp geldi we Italiýany daşary ýurt süteminden azat etmek ugrundaky göreşe goşuldy.

Garibaldiniň baştutanlygynda italýan respublikaçylary Rim şaherini gahrymanlarça goraýardylar, emma fransuz harby goşunyň ody olaryň garşylygyny ýatyrdy. Fransuz naýzasynyň kömegi bilen papanyň dünýewi häkimiýeti dikeldildi, Rimde bolsa fransuz harby bölümi galdyryldy, çünki, papa italýan goşunlaryna bil baglap bilmeýärdi.

Garibaldi göreşe gatnaşyjylaryň kiçeňräk topary bilen zordan Genuýa çykdy we Italiýadan ýene-de wagtlaýyn çykyp gitdi. Göreşe gatnaşyjylaryň birentegi tutulyp atyldy.1848-1849-njy ýyllarda, beýleki ýurtlarda bolşy ýaly, Italiýada hem tamamlanmadyk, ýeňlişe sezewar ewar bolan demokratik rewolýusiýa bolup geçdi. Käbir italýan döwletlerinde rewolýusiýa milli-zat edijilik häsiýete hem eýe boldy. Onuň şowsuzlyga uçramagynyň sebäpleri halk köpçüliginiň gowşaklygy, jemgyýetçilik gatlaklarynyň dagynyklygy hem-de guralmandygy. Emma Italiýada hem gapma-garşylykly göreş çuňňur yz galdyrdy, wakalaryň soňraky gidişine uly täsir etdi. Ol halk köpçüligine uly tejribe we ýurduň milli birleşdirilmegi we ykdysadyýetiň özgerdilmegi ugrundaky milli azat edijilik hereketiniň mundan beýläk-de ösmegine itergi bedi. Sardiniýa patyşalygynda konstitusiýa saklanyp galdyryldy. Ýurduň birleşmegi üçin hereket dowam edýärdi.

## Tema 14: Italiýa XIX asyryň 20-30-njy ýyllarynda

**Italiýa dikeldiş ýyllarynda.** Wena Kongresiniň karayna laýyklykda Italiýada Napoleon basyp alyşlaryndan öňki ownuk döwletler dikeldilipdir. Olaryň içinde iň ulularynyň biri Sardiniýa patyşalygy bolupdyr. Onuň düzümine Sardiniýa adasy, Sawoýýa we Pemont begligi, girýärdi, Wena Kongresinden soň onuň düzümine ozalky Genuýa ýerleri

giripdir. Neopolitan burbonlary tarpyndan dolandyrylýan Neopolitan patyşalygy hem, iri italiýan döwletleriniň biridi. 1816-njy ýylda Neopolitan patyşalygy ýyldan başlap, resmi suratda, ”Iki Sisiliýa patyşalygy” diýlip, atlandyrylyp başlapdyr..

**1815-1820-nji ýyllarda Italiýada halk hereketleri.** Napoleonyň häkimiýeti ýykylanyndan soň, Ỳewropa döwletlerinde Napoleon basyp alyşlaryndan öň, dowam eden düzgünleriň dikeldiş ýyllary başlanypdyr. Bu döwürde, Italiýada gizlin hereket edýän jemgyýetler döräpdir. Olaryň esasy maksady ýurdy birleşdirmek, kese ýerli basyp alyjylardan azat etmek bolupdyr. Gizlin hereket edýän jemgyýetleriň içinde iň ulularynyň biri, “Italiýan federasiýasy” diýlip atlandyrylan jemgyýet bolupdyr. Bu jemgyýet Sardiniýa patyşalygyny we Lombardiýany öz içine alyp, omuň düzümine liberal mülkdarlar, maýadarlar, söwdagärler we harby adamlar giripdirler. Papa tarapyndan dolandyrylýan ýerlerde we Neopolitan patyşalygynda karbonarileriň hereketi giňden ýaýrapdyr. ? …..

Ỳurduň Günortasynda hereket edýän karbonariler, esasan ownuk we orta maýadarlara, daýhanlara we günlikçi işgärlere daýanypdyr. Ỳurduň Günortasyndaky karbonerileriň hereketi Demirgazykden biraz tapawutlanypdyr.

Italiýan döwletlerinde gizlin jemgyýetleriň esasy maksady ýurtda patyşa häkimiýetini çäklendirmek we konstitusion (kanuny) monarhiýany dikeltmek bolupdyr. Gizlin toparlara gatnaşyjylaryň arasynda, respublikan gurluşyň tarapdarlary hem bolupdyr. Emma esasy köpçülik kanuny monarhiýanyň tarapdary bolupdyr. Gizlin toparyň agzalarynyň arasynda hem dürli sýýasy pikirli toparlar döräpdir. Olaryň biri ýurtda düýpli syýasy özgertmeleri geçirmehiň tarapdary bolan radikallar akymy bolupdyr. Olar 1812-nji ýylda Ispaniýada kabul edilen konstitusiýany özlerine esas edinipdirler. Bu

konstitusiýa laýyklykda, kanun çykaryjy häkimiýet bir palatadan ybarat bolan parlamente degişlidi. Beýleki bir topar, aram özgertmelei geçirmegiň tarapdary bolup, olar “1814-nji ýylyň Hartiýasy” diýip atnaldyrylan fransuz konstitusiýasyny Kabul etmäne ymtylypdyrlar.

Gizlin toparllaryň düzüminde hereket edýän dildüwşijiler, Lombardiýa we Sardiniýa patyşalygynda konstitusion monarhiýany berkarar etmek üçin, halk köpçüliginiň käbir närazylygyny basyp ýatyrmaga mejbur bolupdyrlar. Çünki dagynyk italiýan döwletleri biri-birlerine tabyn bolmak islemändirler. Dildüwşijiler bolsa, Awstriýalylary kowup çykaryp, ýurtda bitewi bir döwlet - Sawoýya dinastiýasy tarapyndan dolandyrylýan, Italiýan Demirgazyk Italiýan patyşalygyny berkarar etmek isläpdirler. Şol wagt Sawoýýa dinastiýasynyň patyşasy, 23 ýaşly Karl Albert bolupdyr.

**Juzeppa Madzini we “Ỳaş Italiýa” guramasy.** XIX asyryň 30-njy ýyllarynda Italiýada, milli azat edijilik hereketleri täzeden möwç urup başlaýar. Ỳuerdy birleşdirmegi, ony daşary yurt agressiýasyndan azat etmegi maksat edinýän watançylar ýüze çykypdyr. Şolaryň biri hem, ýaş, batyrgaý watançy **Juzeppa Madzini (1805-1872)** bolupdyr. Ol 1831 ýylda ähli watançylary ýygnap, Marsel şäherinde “Ỳaş Italiýa” guramasyny döredipdir. Guramanyň esasy maksady, ýurdy daşary ýurt basypalyjylaryň zulumyndan azat etmek, Italiýanyň syýasy taýdan dagynyklygyny ýok edip, ýurdy “Alp daglaryndan Sisiliýa çenli” birleşdirip, bitewi bir döwlet döretmek bolupdyr. Olar ýurduň paýtagty hökmünde Rim şaherini saýlap alypdyrlar. Juzeppa Madzini özüniň galan ömrüni, şu beýik maksatlara ýetmäge bagyşlapdyr. Milli azt edijilik hereketiniň dowamynda J.Madzini özüni maksada okgunly rewolýusioner, demkcrat ideolog we respublikaçy hökmünde görkezmegi başarypdyr. Madzini diňe bitewi döwletiň döremegi bilen, Italiýany kese ýerli basyp alyjylaryň

zulumyndan azat edip bolar we bitewi bir millet kemala geler, diýen pikiri öňe sürüpdir. Madzini we onuň tarapdarlary Italiýany bireşdimek ugrundaky maksatlaryna, diňe halky aýaga galdyrmak, mähelläni rewolýusion işe çekmek arkaly, mümkin bolar diýip düşünipdirler. Şu maksat bilen hem olar halkyň içinde wagyz-nesihst işini geçiripdirler. “Ỳaş Italiýa” guramasynyň ýolbaşçylary, “Halk we Alla” diýen şygary öňe sürmek bilen, milli azat edijilik hereketine dini häsiýet beripdirler. Şonuň üçin hem, halk köpçiliginiň arasynda gurama uly abraýdan peýdalanypdyrlar. Watanyň birleşmegi we azat bolmagy ugrundaky göreşe gatnaşmak, her bir raýatyň mukaddes borjy hasaplapdyrlar.

**Imperiýanyň ykdysady-syýasy ýagdaýy.** Awstriýa patyşalygy ýa-da Gabsburglaryň imperiýasy köp milletli, „gurnama” döwletdi. Onuň 37 milliondan gowrak adamly ilatynyň ýarysyndan köprägi slawýanlardy (çehler, slowaklar, polýaklar, horwatlar, serbler, ukrainler). Awstriýalylar 7 milliondy, wengerler (madýarlar) 5 milliona golaýdy.

Bütin imperiýada birentek köne düzgünleri saklanyp galýardy, emma Awstriýa bilen Çehiýada eýýäm iri maýa goýum önümçilik senagat gatnaşyklary ösüpdir, işçiler we senetçiler köpdi. Senagat barasynda Çehiýa imperiýanyň iň öňde barýan bölegidi. Emma Çehiýanyň orta hemde ownuk maýadar gatlagy awstriýa iri maýadarlaryna garaşlydy.

Gabsburglar nesilşalygy tarapyndan baştutanlyk edilýän awstriýa begzadalary döwletde agalyk ediji güýçdi, olar ähli ýokary harby gullukçylar weziperleri eýeleýärdiler. Çäklendirilmedik häkimýetiň bolmagyny, gullukçylaryň we hukuk goraýjy edaralaryň eden-etdiligi ägirt uly mülkleriň eýesi bolan katolik buthanasynyň syýasaty hemme ýerde milli sütem bilen birleşýärdi.

Çehiýada begzadalar we iri baý gatlaklar awstriýalylardan ýa-da nemesleşen adamlardan ybaratdy. Wengerler awstriýa häkimiýetine garaşlydylar – Awstriýanyň patyşasy şol bir

wagtyň özünde wengriýanyň hem patyşasydy, emma wenger begzadalarynyň içerki syýasat baradaky meseleleri çözýän hut özleriniň mejlisi bardy. Wengriýada iri maýa goýumyň önümçiligi Awstriýa bilen Çehiýadaka garanda gowşak ösüpdi. Awstriýa gullukçylary italýan welaýatlarynyň ilatyny bakna syýasat esasynda gysýardylar. Awstriýa imperiýasynyň tapawutlandyryjy sypaty iri ýer eýeçilik hojalyklar we iri maýa goýum gatnaşyklarynyň milli sütem bilen utgaşmagydy. Döwletiň baştutany patyşa Ferdenant özüniň zehini bilen tapawutlanmandyr. Köne düzgünleriň we milli sütemiň saklanyp galmagynyň tarapdary, Wena hökümetine 30 ýyldan-da köp wagtlap Metternih baştutanlyk etdi.

Daýhanlar patyşalygyň ilatynyň esasy köpçüligini düzýärdi. Olar şahsy taýdan azat hasaplanýardylar, emma ähli ýerlerde ýer eýelerine garaşlydylar, olaryň haýryna zähmet borçlaryny ýerine ýetirýärdiler, salgyt töleýärdiler.

**Pragadaky, Wenadaky gozgalaňlar.** Iri ýer eýeçilik düzgünleri, çäklendirilmedik häkimiýet we salgytlaryň köplügi Awstriýadaky ýaşan milletleriň düzüminiň halk köpçüliginiň gapma-garşylygy iterýardi. Awstriýa patyşalygynda 1848-1849-njy ýyllaryň rewolýusiýasynyň esasy sebäpleri şundan ybaratdy. Bu rewolýusiýanyň iň möhüm meseleleri iri ýer eýeçilik we milli özbaşdaklygy bakna halklaryň özygtyýarlygyny göreşip gazanmakdan ybaratdy. Emma edil german döwletlerinde bolşy ýaly, önümçiligiň eýeleri işçiler bilen daýhanlardan gorkýardy we patyşa hem-de ýer eýeleri ylalaşyp bile syýsaty alyp barýardylar.

Awstriya baknasyna garamazdan wenger we slawýan halklary özleriniň baý medniýetini goraýardylar hem-de ösdürýardiler. Olaryň arasynda öz-özüňi dolandyrmak, milli dillerdäki edebiýaty we mekdebi ösdürmek ugrundaky hereket giňelýärdi.

Çehiýada milli medeniýeti ösdürmek ugrundaky hereket örän güýçlendi. Ýazyjylar we alymlar çeh halkynyň taryhy

barada, onuň diliniň hem-de edebiýatynyň ösüşi barada meşhur eserler döredýärdiler, milli mekdep ugrunda göreşýärdiler. Çeh azat ediji demokratlary milli medeniýeti ösdürmäge çalyşmak bilen çäklenmän, eýsem jemgyýetçilik we milli taýdan azat bolmak ugrunda hem jan edýärdiler. Emma aram çeh işgärleri Gabsburgalar bilen ylalaşmak ugry bilen gidýärdiler.

Serbleriň we horwatlaryň arasynda hem milli taýdan ýokary göteriliş başlandy. Awstriýa patyşalygynyň slawýan halklarynyň arasynda özara ýakynlaşmak meýli güýçlendi.

1847-nji ýylyň ykdysady pese gaçyş we iki ýyllap hasylsyzlykdan soň azyk önümleriniň gymmatlamagy sebäpli Awstriýa patyşalygynda rewolýusion ýagdaý emele geldi. Aýratyn-da jemgyýetiň pes gatlaklaryň ýagdaýy ýaramazlaşdy.

Nowruz aýynyň 13-inde Wenada rewolýusiýa turdy. Köçelerde barrikadalar gurulýardy. Gozgalaň turzan işçiler, senetçiler, talyplar konstitusiýanyň kabul edilmegini we hökümetiň çalşyrylmagyny talap edýärdiler. Goşunlar bilen çaknyşyklar başlandy. Halk hatda patyşanyň berk goralýan köşgüňe hem aralaşdy. Hökümet gorkusyna eglişik etmäge razylaşdy.

Metternih iş başyndan aýryldy hem-de ölüm howpundan ätiýaç edip, aýal eşigine girip gaçyp gitdi. Käbir hökümetiň agzalary çalşyryldy. Talyplar özleriniň ýaragly toparyny döretmeklige, baý gatlakalr bolsa – milli goşun guramaklyga ygtyýar aldylar. Magtymguly aýynda patyşa konstitusiýanyň saýlawçylar üçin ýokary emläk salgydynyň bellenilmegi bilen boljakdygyny halka yglan etdi. Milli goşuny we talyplardan düzlen garşylyk toparlary dargatmak baradaky synanyşyga ýaragly garşylyk görkezildi. Patyşa we hökümet paýtagtdan gizlin çykyp, Tirola gaçyp gitdi.

Wenadaky Garaşsyzlyk aýyndaky çykyşlar Awstriya patyşalygynda 1848-1849-njy ýylardaky rewolýusiýanyň iň ýokary göterilişi boldy. Gozgalaňçylar „çalt hereket ediji gosunyň” toparlaryny döretdiler we dört hepdäniň içinde,

Garaşsyzlyk aýynyň 6-syndan Sanjar aýynyň 1-ine çenli şaheri öz ellerinde sakladylar. Wenany ummasyz köp goşunlar gabap, paýtagty wagşyçylykly top okuna tutup başladylar. Gogalňçylar gazaply garşylyk görkezdi we 5 müň adamsyny ýitirdi. Gozgalaň uly kynçylyk bilen basylyp ýatyryldy. Oňa gatnaşyjylardan köp adam söweşlerden soň atylyp öldürildi.

Awstriýa patyşalygynyň slawýan halklary hem köpçülikleýin göreşe aýaga galdylar. Çehiýa daýhanlaryň we işçileriň närazylyk hereketleri bilen gurşalypdy. Hökümet Praga uly goşun çekdi. Talyplar we işçiler goşunyň çykarylmagyny hem-de özlerine ýarag berilmegini talap etdiler.

Oguz aýynyň 12-sine işçileriň we talyplaryň ýaragsyz çykyşlary goşunlar tarapyndan oka tutuldy. Muňa jogap edip halk gozgalaňa aýaga galdy, ol gozgalaň bir hepdä golaý çekdi. Gözgalaňçylaryň birentegi ählimumy saýlaw hukugynyň berilmegini we öz-özüňi dolandyryşy talap edýärdi. Goňşy obalaryň daýhanlary ellerine çalgydyr tokmak alyp, howlukmaçlyk bilen gozgalaňçylara kömege geldiler. Goşunlar belent ýere çekilip, şäheri top okuna tutup başladylar. Pyýada goşun böwsüp girdi we Oguz aýynyň 17-sinde gozgalaňy basyp ýatyrdy.

**Wengriýanyň garaşsyzlyk ugrundaky urşy.** 1848-nji ýylyň mart aýynyň 15-inde Wengriýada rewolýusiýa turdy. Ony demokratik meýilli ýerli begzadalar, wenger paýtagty Peştiň senetçileri, talyplary we demokratik intelligensiýasy turuzdy. Olar köpçülikleýim  çykyşlar gurap, Wengriýa üçin ýerli wekilçilili edarasynyň öňünde jogapkär hökümetiň döredilmegini we salgytlaryň ýatyrylmagyny talap etdiler.

Patyşa Wengriýada aýratyn hökümetiň döredilmegine razylyk bermäge mejbur boldy. Ol hökümetiň baştutanlygyna begzada beglerinden bolan wenger milli azat edijilik pikirli wekilleri geçdi.

Wena gozgalaňy derbi-dagyn edilenden soň patyşa öz goşunlaryny Wengriýa sürdi we onuň öz-özüňi dolandyryşynyň

ýatyrylýandygyny yglan etdi. Şonda wenger parlamenti 1849-njy ýylda Wengriýany garaşsyz döwlet diýip yglan etdi we azat hökümeti döretdi. Orta gürpdäki mülkdar begzadalaryň wekili, hökümdar prezident diýlip yglan edilen Laýoş Koşut (1802-1894) şol hökümetiň görnükli işgäri boldy.

Wengerleriň awstriýa goşunlaryny kowup çykaran güýçli goşuny bardy. Emma ýagdaý gowşakdy. Koşutyň hökümeti daýhanalaryň we demokratlaryň ähli ýer borçlaryny pul tölemezden ýatyrmak hem-de ownuk daýhanlara paý ýerlerini bermek baradaky talaplaryna eglişik etmedi.

Koşutyň hökümetiniň serblere, horwatlara we wenger iri ýer eýeleri tarapyndan ezilen beýleki halklara deňhukuklylyk berilmegini islemezligi-de Wengriýanyň ýagdaýyny gowşadýardy. Milletleriň deňhukuklylygy baradaky kanun juda giç – çykyşlar derbi-dagyn edilmeziniň iki hepde öňünçäsi kabul edildi. Şonda awstriýa patyşasy Frans-Iosif I (1830-1916) Russiýanyň patyşasy Nikolaý I kömek sorap ýuz tutdy. Nikolaý I-nji taýýar duran ýüz müň adamly goşunyny wenger çykyşlaryna garşy sürdi.

Wenger goşuny birnäçe söweşlerde ýeňlişe duçar boldy we soňra patyşa goşunlaryna boýun egdi. Munuň şeýle bolmagyna baş serkerdäniň we ýokary serkerdelern göreşmegi bes eden bir bölegininiň dönüklik etmegi ýardam etdi. Wengriýanyň garaşsyzlyk ugrundaky milli azar edijilik urşy ýeňlişe duçar boldy.

Emma şeýle-de bolsa Awstriýa patyşalygyndaky 1848-1849-njy ýyllaryň rewolýusiýasynyň möhüm netijeleri boldy, hökümeti käbir özgerişlikler geçirmäge mejbur etdi. Patyşa Awstriýanyň konstitusiýany girizdi. Iri ýer zähmet borçlaryndan pul töläp azat bolmak barada kanun çykaryldy, iri ýer eýeleriň hukuklary ýatyryldy. Çykyşlar daýhanlaryň ýer eýeleriniň garaşlylygynyň kem-kemden ýok bolmagyna ýardam etdi. Awstriýa patyşalygynda milli azat edijilik göreşiniň ösmegini tizleşdirdi.

## Tema 15: Italiýada 1848-nji ýylyň rewolýusiýasy

**Rewolýusiýanyň öňisyrasyndaky ýagdaý.** 1846-1847-nji ýyllarda Italiýada rewolýusiýanyň golaýlaşýandygyny habar berýän wakalar ýygy-ýygydan ýüz berip başlady. 1846-1847-nji ýyllaryň hasylsyzlygy, açlyk, işsizligiň we çörek gytçylygynyň artmagy, ilatyň arasynda tolgunşyklaryň döremegine getirdi. Ýurduň syýasy dagynyklygy, ownuk hökümdarlaryň zulumy, emeldarlaryň we polisiýanyň eden-etdiligi, Italiýan döwletleriň ähli tarapdan ösüşini bökdeýärdi bu bolsa diňe bir halk köpçiliginiň, daýhanlaryň däl eýsem, öňde baryjy mülkdarlaryň, maýadarlaryň hem gaharyny getiripdir. Italiýanyň aglaba bölegi Awstriýanyň gol astyndady. Bu bolsa halkyň hal ýagdaýyny hasda agyrlaşdyrýardy. Ýurduň demirgazygyndaky Lombardiýa we Wenesiýa welaýatlary Awstriýa imperiýasynyň düzümine girýärdi. Parma, Modena, we Toskana ýerleri hem Gabsburglar dinastiýasynyň gol astyndady. Kese ýerli basybalyjylaryň süteminden azat etmezden ýurdy birleşdirmek, we halk hojalygynyň ösüşini ýola goýmak mümkin däldi. Şonuň üçin hem XIX asyryň 30-40 nji ýyllarynda italiýan döwletlerinde halk köpçiligi we buržuaziýa Awstriýa zulumyna garşy çykyş edip başlapdyrlar. Emma halk köpçiliginiň hereketleriniň mundan beýläk hem güýçlenmeginden Italiýan döwletleriniň özleri hem gorkupdyrlar.

Rimde papanyň dünýewi häkimiýeti saklanyp galypdyr. 1846-njy ýylda Rim papasy wezipesine saýlanan Piý IX halk hereketleriniň mundan beýläk hem güýçlenmeginden gorkup, birnäç çäreleri durmuşa geçiripdir. Syýasy tussaglaryň günäsini geçipdir, dünýewi häkimiýetiň gatnaşmagynda, kanun çykaryjy geňeşi döredipdir. Şeýle hem Italiýanyň milli gwardiýasyny döretmek barada karar kabul edipdir. Papa döwleti, Sardiniýa korollygy we Toskana özaralarynda bileleşipdirler. Im papasynyň karary bilen by üç döwletiň arasynda Gümrük

bileleşigi döredilipdir. Toskanada we Sardiniýa korollygynda syýasy gazetleri döretmäge rugsat berilipdir. Papanyň öz pozisiýasyny düýpgöter üýtgetmegi halk köpçiliginiň göwnünden turupdyr. Liberal pikirli adamlar papany milli azat edijilik hereketiň serdary saýlapdyrlar. Bu çäreleri geçirmek bilen Rim papasy we italiýan hökümdarlary halk hereketleriniň özlerine garşy gönükdirilmeginden gorkupdyrlar, ony gowşatmak isläpdirler. Emma halk hereketleri barha güýçlenipdir.

**Işçiler hereketi.** 1847-nji ýylda Merkezi Italiýada öz hukulary ugrunda çykyş edip başlapdyrlar. Italiýadaky işçileriň hereketi  Angliýadaky luddistleriň hereketini ýada salypdyr. ýada salypdyr. Işçiler awsrtiýa zulumyna garşy watançylyk ýörüşini gurapdyrlar. Işçileriň kese ýerli basypalyjylara garşy göreşi, olaryň öz hukuklary ugrunfda kärhana eýekerine garşy göreş bilen utgaşyp gidipdir. Ýörişe gatnaşan işçiler ýaşyl-ak-gyzyl reňkli baýdak göteripdirler. Bu bolsa soňra Italiýanyň garaşsyzlygynyň, erkinliginiň alamaty bolupdyr. Merkezi Italiýada we papanyň häkimlik edýän ýerleinde bolan wakalar, beýleki italiýan döwletlerine hem öz täsirini ýetiripdir. 1847-nji ýylyň ahyrynda Lombardiýad hem syýasy ýagdaý üýtgäpdir. 1848-nji ýlyň başlarynda ilanyň ilaty öz nägileligini bildirmek üçin, Awstriýadan getirilýän harytlary satyn almakdan ýüz öwüripdirler. Bu blsa aýaga galan halk bilen awstriýa goşunlarynyň arasynda ýaragly çaknyşyklaryň bolmagyna getiripdir. Milanda başlanan ýaragly çaknyşyklar, soňra bütin ýurda ö täsirini ýetiripdir. Kese ýerli basypalyjylaryň zulumyna garşy göreşler, esasan, papa häkimýetinde, Toskanada we Pemontda güýçli biolupdyr. 1848-nji ýylyň başlarynda, eýýäm, Italiýada rewolýusion şertler bişişipdi, yurt rewolýusiýanyň bosagasynda durdy.

**Rewolýusiýanyň I etapy.**

1848-nji ýylyň 17 ýanwarynda Sisiliýada bolan gozgalaň, Italiýada rewolýusiýanyň başlangyjy bolup hyzmat

edýär. Sisiliýa adasy Neopolitan korollygyňnyň gol astyndady. Bu gozgalaň Neopolitan Burbonlarynyň Sisiliýada alyp barýan syýasatyna garşy gönükdirlipdir. Sisiliýalylar Neopolitan korollygynyň zulkumyndan azat bolup, adany garaşsyz döwlet diýip yglan etmek isläpdirler. Palermo şäheriniň ilaty 2 hepde dowam eden söweşde korol goşunlaryna garşy gahrymançylyk bilen söweşipdirler, patyşanyň 10 müň adamlyk goşunyny yza çekilmäge mejbur edipdirler. Tiz wagtdan gozgalaňçylar Messini galasyny eýeläp, bütin adany öz ellerine alypdyrlar. Liberallar Palermo şäherinde wagtlaýyn hökümet döredip, 1812-nji ýylyň Sisiliýa konstitusiýasyny dikeltmek isläpdirler.

Sisiliýa patyşalygynda bolan gozgalaň Neapol patyşalygyna hem ýaýrapdyr. Halk hereketlerinde gorkup, Ferdinand II halk bilen eglişiklere gitmäne mejbur bolupdyr. Syýasy tussaglar boşadylypdyr. Günorta Amerikada giňden ýaýran halk hereketleriniň esasy şygary konstitusiýany dikeltmek bolupdyr.

XIX asyryň ortalarynda Sardiniýa patyşalygy italiýan döwletleriniň içinde iň güýçlileriniň biridi. Sardiniýada doly merkezleşen döwletdi.

Birinji jahan urşy gutarandan soň, Italiýada ilkinji nobatda ykdysady häkimiýetdäki bolan kynçylyklar ýüze çykyp başlaýar. Uruş netijesinde ýurtda ykdysady weýrançylyk ösýär, synpy gapma-garşylyklar we synpy göreşler ýitileşýar. Ỳurtda işçileriň ägirt uly rewolýusin hereketi emele gelip başlaýar.

## Tema 16 Italiŷa XIX asyryň ahyrlary Italiŷa sosial-ykdysady we syŷasy ösüşiniň 70-80-nji ŷyllarda

Buržuaziŷa we pomeşikleriň birleşmesi tarapyndan baştutanlyk edilŷän Birleşen Italiŷa Konstitusion korollyk bolŷar.Onda syŷasy azatlyklar çäklendirilŷär, saŷlawlarda ses bermek hukuky ilatyň 2 % töweregine degişli bolupdyr.

Jemgyŷetçilik durmuşy polisiŷanyň eden-et-diligine köp derejede garaşly bolupdyr.Syŷasy taŷdan ŷurduň birleşdirilmegi ykdysady ösüşiň depginini çaltlandyrŷar.Ŷöne buržuaz-demokratik rewolŷusiŷanyň kämil däldigi ŷurduň ösüşine öz täsirini ŷetirdi.Italiŷanyň demirgazygynda birnäçe etraplarynda, ylaŷtada Po derŷasynyň jülgelerinde iri kapitalistik oba-hojalyk mülkleri bolupdyr, Demirgazyk Italiŷanyň galan etraplarynda we Merkezi Italiŷada edil öňküsi ŷaly ŷarym feodal borçlar agalyk edŷär. Günorta Italiŷada feodal görnüşli dworŷan mülkleri (latifundiŷalar) ŷerleriň esasy bölegini düzŷär.Kärendesine berilen kiçeňräk ŷer paŷlary üçin daŷhan ¾ hasyly beripdir. Günorta şäherleriň çet-gyralarynda, ŷerkümelerde dag gowaklarynda hatda ŷekeje otaglarda daŷhan öz öŷ haŷwanlary bilen ŷaşapdyrlar.

Şeŷle ŷagdaŷ daŷhanlary lapykeç ŷagdaŷa ŷetirŷär.Öňki Neopolitan korollygynyň territo-riŷasynda 1860-njy ŷylda ŷere bolan ynamy ödelmedik daŷhanlar talaňçy topar döredip, uly ŷollaryň ugrunda talaňçylyk edŷärler,pomeşikleriň mülklerini ŷakyp, şäherlere howp salypdyrlar.Köp sanly welaŷatlarda olar bilen hökümet goşunlarynyň arasynda göreş hakyky raŷatlyk urşunyň häsiŷetine eŷe bolŷar.Ahyrsoňy 1963-nji ŷylyň ahyrlarynda Günorta daŷhan ganyna boŷalyp, bu hereket basylyp ŷatylŷar.

Soňky on ŷylda Italiŷanyň oba-hojalygynda kapitalizm halk üçin örän agyr bolan prus ŷoly bilen ösŷär.Her ŷyl ŷüzlerçe italŷan daŷhanlary iş we çörek gözläp Italiŷadan göçüp gitmäge mejbur bolŷar.

Daŷhanlaryň gözgyny ŷagdaŷy italŷan senagatyny içerki sarp ediş bazarlaryndan mahrum edŷär.Hususy ŷangyjyň,çig malyň köp görnüşiň ŷetmezçiligi – italŷan senagatynyň ösüşini togtadŷardy- bularyň hemmesi Italiŷada ykdysady çökgünligiň uzaga çekmegine getirdi.Yk-dysady ŷokary göteriliş gysga, senagatyň ösüş depgini pesdi.XIX asyryň ahyrlarynda öňde baryjy kapitalistik döwletlerde "erkin" kapitalyň imperializme

ösüp geçmegi tamamlanan bolsa, Italiŷada senagat öwrülşigi ŷaňy bir amala aşŷar.

Ŷarym adada Italŷan korollygynyň emele gelenden soň buržuaz partiŷalar ŷatyrylŷar.Se-bäbi olaryň maksady Italiŷanyň birleşdirilmek gazanyldy,italŷan buržuaziŷasyny we pomeşiklerini birleşdirjek beŷleki sosial we syŷasy maksatlar ŷokdy, şonuň üçin hem täze buržuaz partiŷalar döremeŷär.

1861-nji ŷyldan 1876-nji ŷyla çenli italŷanyň ministrler kabinetini “sagçy” parlamentçiler döredŷär.Onuň düzümine birleşdirmek ugrundaky göreşiň soňky ŷyllaryndaky köp sanly aram liberallar girŷärdi. Döredilen “sagçy” hökümet iri italŷan agrarlarynyň we iri buržuazi-ŷanyň bähbitlerini beŷan edŷär.Bu hökümet ŷurduň içersindäki gumruk salgytlaryny ŷatyrŷar,ŷarym ada üçin umumy ölçeg, agram ulgamyny, pul birligini, bütewi italŷan goşu-nyny we döwlet apparatyny döredŷär. Demir ŷol gurluşygyny pul bilen üpjün edŷär. Ŷatyrylan ownuk italŷan döwletleriniň hökümeti babatynda “sagçylar” ylalaşdyryjy syŷasat alyp barŷar.Olaryň bergilerine döwletiň bergisi diŷip yglan edŷär,olaryň ministrlerine we çinowniklerine pensiŷalar töleŷär.Watikan babatynda täze dörän döwlet häkimiŷeti aŷgytlaŷjy hüjüme geçmäge mejbur bolŷar. Sebäbi Rim papasy özüniň dünŷewi häkimiŷetini elinden gidirmek islemeŷärdi.Buthana guramalar gadagan edilŷär, ŷapylŷan onuň ŷerlerini elinden alyp auksonlarda satŷar.Italiŷada salgyt tölegleri Ŷewropada iň agyr ŷeri bolŷar.Parlamentde “çepçi” toparlara Madzini bilen Garibaldiniň egindeşleri Depretis we Krispi baştutanlyk edŷär.Onuň hatarlarynda iri itlaŷan senagatçylary bolup, häkimiŷet ugrunda göreşip “milli taŷdan dikeldiş” atly giň meŷilnamasyny öňe sürüp, saŷlaw, salgyt, bilim özgermelerini geçirmegi söz berŷärler.“Sagçylar bilen çepçileriň” arasyndaky göreş 15 ŷyl dowam edŷär.Şu ŷyllaryň dowamynda senagat buržuaziŷasynyň posiziŷalar ŷurtda ösŷär, berkeŷär dolandyryjy toparda orny ŷokarlanŷar.1876-njy ŷylda olar

kabineti düzŷärler.Şol wagt Itali-ŷada köpler ŷurtda “parlament rewolŷusiŷasy” amala aşandyr, mundan beŷläk “hemme zat başgaça bolar” diŷip çak edŷärler.Olaryň häkimiŷet başyna gelmegi bilen senagatçylaryň dolandyryjy toparda orny ŷokarlanyp, bu bolsa hökümediň syŷasatyna öz täsirini ŷetirŷär. Olar demirŷol we senagat gurluşygyny maliŷeleşdirdi italŷan söwda flotyny giňeltmeklige kanal gurluşygyna, batgalyklaryň guradylmagyna babatynda işler alyp barŷar.Çepçileriň baş-tutanlygynda senagat işleri janlanŷar iri banklar emele gelŷär,aksioner jemgyŷetleriň sany artŷar, biržalaryň işi ŷokarlanŷar.Ŷöne olaryň halk köpçüligi babatynda işleri öňküsi ŷaly üŷtgemän galŷar.

Italŷan senagatynyň haŷal ösmegi sebäpli daŷhanlaryň hemmesi iş bilen üpjün edilmändir. Fabrik we zawod eŷeleri işçileri aŷratyn zalymlyk bilen ekspluatirläpdirler.Olaryň iş haklary fransuz, iňlis işçileriniňki bilen deňeşdireniňde pes, iş gününiň dowamylygy 12-14 sagada deň bolupdyr.

Synpy göreş XIX asyryň 90-njy ŷyllarynda has-da ŷitilişŷär.1893-1894-nji ŷyllarda Sisili-ŷada rewolŷusion partlama bolup geçŷär.Şondan soň Milanda rewolŷusion hereket has ŷoka-ry galŷar. Milandaky wakalar italŷan buržuaziŷasyny ynjalykdan gaçyrŷar.Gozgalaňçylaryň garşysyna pyŷada we atly goşun, artilleriŷa sürülŷär.Milan gozgalaňyny basylyp ŷatyrylmagy gandöküşikli tamamlanŷar.Ŷüzlerçe adamlar atylyp öldürilŷär,ŷaralanŷar, gözenegiň aňyrsyna taşlanŷär. 1898-nji ŷylda 10 müňlerçe işçiler tussag edilip,100-e golaŷ gazet ŷapyl-ŷar, köp sanly işçi guramalary dargadylŷar.

1898-nji ŷylyň II ŷarymynda Italiŷada uzak wagtlap dowam eden ykdysady krizis ornuna, ŷokary göteriliş başlanŷar.

## Italŷan imperializminiň aŷratynlyklary

Kapitalyň jemlenmeginiň artmagy 1898-1907-nji ŷylda senagat ŷokary göterilişigi döwründe ilkinji gowşak monopoliŷalar emele gelŷär.On ŷyllygyň dowamynda metallurgiŷa, metaly gaŷtadan işleŷän,maşyn gurluşyk we beŷleki zawodlar yzly-yzyna peŷda bolŷar.

Muňa garamazadan ŷurtda maŷa goŷuny ŷetmezçilik edŷärdi.Köp sanly kärhanalar daşary ŷurt serişdelerinin (iňlis, fransuz, nemes we beŷlekiler) hasabyna gurulŷardy.Italŷanyň iň iri banky – Kommersiŷa banky – italŷan senagatynyň ähli pudaklaryny pul bilen üpjün edŷän we gözegçilik edŷän bank XIX asyryň ahyrlarynda esaslandyrylŷar.XX asyryň başlarynda Italŷa-nyň beŷleki etraplarynda hem uly we oňat enjamlaşdyrylan metallurgiŷa kärhanalar peŷda bolŷar.Olar esasan hem italŷan gaznasynyn hasabyna gurulŷar.Şeŷdip Italŷanyň milli metallurgiŷasy döreŷär.

Italiŷany ösen ŷurtlaryň hataryna deňleşdirmek maksady bilen italŷan hökümedi iri banklar bilen ŷakyn aragatnaşykda hereket edŷär.Olar diňe bir italŷan senagatynyň ösüşine itergi ber-mek bilen çäklenmän, eŷsem, ŷurtda monopoliŷalaryň hem döremegine kömek berŷär.1914-nji ŷyla çenli Italiŷa agrar ŷurtlykdan agrar-industrial ŷurda kem-kemden öwrülipdir.Feodal galyndylar saklanyp galmagy italŷan imperializminiň gowşaklygynyň esasy sebäpleriniň biri bolupdyr.

Liberallaryň syŷasaty we XX asyryň başlarynda işçiler hereketi

XX asyrda Italiŷa liberal özgertmeleriň ŷoluna düşŷär,bu italŷan taryhynda “Jolittiniň döwri” ady bilen tanalŷar.”Jolittiniň 1901-1903-nji ŷylda içeri işler ministri bolŷar.1903 ŷyl - -1914 ŷylda italŷanyň ministrler sowetiniň başlygy bolŷar.Ol buržuaz italŷanyň belli syŷasy işgäri bolŷar.Ol halk köpçüliginiň rewolŷusion hereketinden gorkup, liberal we kem-käsleŷin

özgertmeler geçirmek bilen öňüni almaga synanyşŷar aŷallaryň we ŷetginjekleriň gijeki sme-nalarda işlemegini gadagan edŷär.Saŷlaw hukugy babatynda özgertmeler geçirŷär.Italiŷada buržuaz demokratiŷasy ösŷär, ŷöne onuň reaksion häsiŷeti saklanyp galŷar.

1905-1906-njy ŷyllarda Italiŷada Rus rewolŷusiŷasyna raŷdaşlyk hereketi başlanŷar.Işçiler mitinglerde "rus doganlaryna ŷüzlenme kabul edŷärler","ganly ŷekşenbä" pidalarynyň maşga-lalaryna serişdeler bilen kömek berdiler.

1907-1908-nji ŷylda çökgünligi italŷan işçilerini goranyşa geçmeklige mejbur edŷär.Ŷöne muňa garamazdan ululy-kiçili iş taşlaŷyşlar dowam edip, polisiŷa bilen çaknyşyklara getirdi.

Synpy göreşiň ŷitileşmegi.Liberalizmiň we "gyzyl hepde "puja çykmagy

Italiŷada synpy göreşiň mundane beŷläk hem ŷitileşmegi we liberallaryň syŷasatynyň puja çykmagy dolandyryjy toparlaryň halka garşy içerki syŷasaty we zähmetkeşleriň ŷagdaŷynyň ŷaramazlaşmagy bilen baglanyşyklydy.Ŷurduň içersinde satuw bazarlarynyň ŷetmezçiligi iňlis, fransuz, nemes, harytlarynyň bäsdeşligine döz gelip bilmän, italŷan senagatçylary we ŷer eŷeleri koloniŷalar basyp almaklyga girişdiler.Baryp XIX asyryň 70-nji ŷyllarynda Tunis basyp alyş obŷektine öwrülŷär.Ŷöne italŷan eksponistlerine Tunisi basyp almak başartmaŷar we Gündogar Afrikada italŷan kolonial imperiŷasyny döretmegiň meŷilnamasyny döredŷär. Gyzyl deňziň kenar ŷakalaryny eŷeländen soň, Somali we Eritreŷa Efiopiŷa golaŷlaşŷar.1896-njy ŷylda Aduanyň etegindäki ŷeňilşinden soň, Italiŷa Gündogar Ortaŷer deňiz ŷurtlaryna Al-baniŷa, Çernogoriŷa,Liwiŷa urşuň öň ŷanyndaky on ŷyllygyň içinde Kiçi Aziŷa (Turkiŷä) parahatçylykly aralaşmak (ykdysady we medeni) mesele özboŷuna galŷar. Bu meseläni italŷan hökümeti öz boŷuna alŷar.Onuň Gündogar Ortaŷer deňziniň ŷurtlaryna aralaşmagy ony soŷuzdaşlary Awstrowengriŷa we Germaniŷa bu etrapda bähbitleri bolan

ŷurtlar bilen aragatnaşygynyň ŷitileşmegine getirŷär.Italiŷa öňünden Angliŷanyň Müsürden,Fransiŷanyň Morokkodan anneksiŷa almagyna Russiŷanyň bogazdan erkin peŷdalanmagyna razylyk berŷär.

Antanta bilen ŷakynlaşyp,Italiŷa şol bir wagtyň özünde Germaniŷa we Awstrowengriŷa bilen soŷuzdaşlygyny bozmak islemeŷär.Italiŷa Antanta ŷurtlarynyň öňünde şeŷdip öz abraŷyny ŷokarlandyrmak isleŷärdi.

1941-nji ŷylda italŷan hökümedi Liwiŷany basyp almaga girişip, Osman imperiŷasyna uruş yglan edŷär.Italiŷanyň halky urşa garşydy, ISP uruşa garşylyk hökmünde birgünlik ähliumumy iş taşlaŷyş yglan edŷär.

Italŷan-türk urşy bir ŷyl dowam edŷär.Italŷan basybalyjylaryna garşy diňe bir türkler däl, eŷsem liwiŷaly arablar hem göreşŷär.

Kolonial uruşlar italŷan ykdysadyŷetini güŷçden gaçyrŷar,maliŷe kynçylygyny döredŷär. Zähmediň ähliumumy konfederasiŷasyny baştutanlyk edŷän rewormistler 10-njy iŷulda ähliumumy staçkany ŷatyryldy diŷip yglan edŷär.Işçiler entek iş taşlamagynydowam edŷär.12-nji iŷulda Mussolini “Awanti” gazetinde çykyş edip, proletariat bilen buržuaziŷanyň ylalaşygyny yglan edŷär.

Zähmet keşler höwessiz iş ŷerlerine gaŷdyp bardylar “Gyzyl hepde” 1914-nji ŷylyň

iŷulyn-da ahyrlady. Iŷul aŷynyň II ŷarymynda häkimiŷet köpçülikleŷin

tussaglara,barlaglara başlady.Harby tribunalar işläp başladylar.

Italiya üçin urşuň netijeleri şeýledi: 700 müňe golaý wepat bolan, 1,5 mln köpräk ýaralanan we wajyp bolan, on müňlerçe ýetim we idegsiz gaaln garrylar. Italiýanyň bäş sany has ekine ýaramly we baý prowinsiýalary duşmanyň girmegi bilen tozdurylypdy. Harby çykdaýjylar 12 mlrd lir bolupdyr. Döwletiň beýleki ýurtlara bergisi 4,5 esse köpeldi.

Birden salgytlar ýokarlandy. Bu zatlaryň ählisiniň netijesinde bolsa-inglisiýa we nyrhlaryň ýokarlanmagy başlady. Dolanşykda bolan kagyz pullaryň sany uruş ýyllarynda 8 esse köpeldi, bahalar bolsa 3,5 esse çenli ýokary galdy.

Şonuň bilen birlikde urşuň netijesinde Italiýa agrar ýurtdan, agrar senagat ýurduna öwrüldi. Aýry-aýry monopolistik birleşmeler, aýratyn hem agrar senagatdaky, öz kapitalarny uruş ýyllarynda birnäçe esse köpeltdiler: “Adriatika di ellitriçita” – 1913-nji ýylda 20 mln, lirden. 1927-nji ýylda 600 mln lira çenli, “Montekatini” – 1913-nji ýýlda 15 mln lirden, 1918-nji ýylda 75 mln lire çenli; “Piçelýan” 1913-nji ýylda 17,5 mln lirden, 1918-nji ýylda 40 mln lire çenli; “Fint” – 1912-nji ýylda 17 mln lirden, 1919-njy ýylda 200 mln lire çenli; “Falk” – 1912-nji ýýlda 8,7 mln lirden 1918-nji ýylda 20 mln lire çenli.

Metaly işläp bejerýän senagatdaky telekeçileriň girdeýjileri uruş ýyllarynda 6,3-den 16,55% çenli, maşyngurluşyk senagatda 8,2 –den 30,51% çenli, deri we aýak-gap senagatda – 9,31-den 30,51% çenli himiýa senagatda – 8,02-den 15,39% çenli ýokarlandy.

Italiýada faşizmiň ýeňmegi, italýan kapitalizminiň durnuklaşmaklyk ýolundan möhüm waka bolup durýar. “Berk häkimiýetiň” berkitmegi ýurduň ykdysadyýetine goýulýan maýa-goýumlary höweslendirdi we senagat önümçiliginiň ösüşini çaltlandyrdy. Muňa, döwlet monopoliýalar režimy basyp ýatyran, faşistik hökümetiniň syýasaty hem ýardam edýärdi. Täze hökümet, mirasdarlyga bolan salgydy has azaltdy, jaý tölegine girizilen çäklendirmäni aýyrdy, esasy agram göni salgytlardan gytak salgytlara we göni salynýan salgytlary progressiwden proporsiona salgytlara öwürdi. Hökümet açyk ilaty

baýlaşmaklyga çagyrýardy. Hemme zadyň ýokarsynda “produktiwizm” prinsipi agalyk edýärdi.

Senagatyň käbir girdeýjisiz pudaklaryny döwletiň we hökümetini boýun towlamagy netijesinde, birnäçe kärhanalar ýapyldy ýa-da önümçiligini azaltdy. Işçileriň bir bölegi işsiz galdy. Döwlet goldawyndan şeýle hem köpsanly oba-hojalyk kooperatiwler hem möhüm boldular. Öň bu kooperatiwler, döwlet subsidiýalarynyň hasabyna, esasan ownuk daýhanlara pul kömegini berýärdiler. Döwlet serişdelerini tygşytlamaklyk maksady bilen, döwletiň sosial strahowaniýa çykarýan serişdeleri azaldyldy, bu bolsa esasan hem ilatyňň ýagdaýýna ýaramaz täsir etdi. Zähmetkeşler, aýratyn hem işçiler jaýý tölegine çäklendirmäniň aýrylmagyndan uly zyýan çekdiler. Prgressiw salgytlaryň proporsional salgytlary bilen çalşyrymlygy bolsa zähmetkeşleriniň ýagdaýyna ýaramaz täsir edýärdi. Bu syýasat “Her bir italýan raýaty özüni beýlekiler bilen deň Watanyň ösüşine goşant goşýandygyny duýmalydyr” diýen şygar astynda amala aşyrylýardy. Iş ýüzünde bolsa ol syýasat, işçileriň zähmet halkara salgyt girizilmegini aňladýardy; öň şeýle salgytlar diňe eýeleriniň kapitalyndan alynýardy. Oba-hojalykda ownuk hususyýetçiler diňe ýer salgydyny tölemän, eýsem girdeýji salgydyny hem töläp başlapdyrlar, onlar beýle salgydy diňe iri ýer eýeleri töleýärdiler.

Italiýanyň senagaty köp babatda daşary ýurtlardan getirilýän çig-mala we daşary bazarlara baglydy, bularyň hemmesi Italiýa üçin soňraky ýyllarda ýaramaz täsir etdi. Italiýanyň ykdysady ýagdaýy, 1929-njy ýylda faşistik režimniň dolandyran öňki ýyllaryna garanyňda has oňatlaşdy. Oba-hojalyk önümleriniň ähli görnüşleriniň diýen ýaly öndürilişi ýokarlandy, senagatda elektrik energiýany we polady öndürmeklik boýunça, emeli ýupek hem-de himiýa önümleriniň köp görnüşlerini öndürmeklik boýunça uly

görkezijilere ýetilýär. Emma, ýylyň ahyrky aýlarynda ýurtdaky ýagdaý birden üýtgeýär. Nýu-Ỳork biržasynda bahalaryň pese gaçmagy. Ỳewropanyň ähli ýurtlarynyň, şol sanda Italiýanyň hem ýagdaýyna öz täsirini ýetirdi.

Esasy daşary söwda bazarlarynda satyn alyjylyk pese gaçmagy bilen, daşarky ýurtlara edilýän eksportyň möçberi azalyp başlaýar. Üç ýylyň içinde 1929-1932-nji ýyllara çenli ol 14-den 6 mlrd lire çenli pese gaçýar. Ỳurtda, onuň senagatynyň we oba-hojalygynyň mätäçlik çekýän daşary ýurt harytlaryny satyn almak üçin serişde ýetenokdy: şol üç ýylyň içinde importyň möçberi 21-den 8 mlrd lire çenli azaldy.

Daşary söwdanyň möçberiniň azalmagyndan has hem tekstili senagat uly syýan çekdi, ondan başga daşarky bazara çykmaklyk üçin işleýän oba-hojalyk pudaklary hem zyýan çekdi.

Özüniň ýokarky nokadyna krizis 1932-nji ýyla ýetdi. Italýan senagatçylarynyň konfedersiýasynyň maglumatlaryna görä, bu ýylda senagat önümçiliginiň umumy möçberi, 1926-njy ýyl möçberiniň 72,2% düzdi, 1932-nji ýyl ýagny; Efiopiýa urşuň başlanmagynyň öňisyrasynda bolsa bary-ýogy 81% ýetdi. Krizisiň netijesi, işçiler üçin diňe bir ykdysady ýagdaýyň ýaramazlaşmagy bilen täsir etmän, eýsem, faşistik režimy senagatçylaryň bähbidini gorandygy üçin hem agyr netijelere getirdi. Faşistik döwleti önümçiligi arzanlaşdyrmagyň diňe bir ýoluny gerýärdi: işçileriň zähmet haklaryny azaltmak.

Hakyna tutma işçi güýjüniň alýan zähmet haklary, 1928-nji ýyldan 1934-nji ýyla çenli ortaça 1/3 çenli pese gaçdy.

Bu döwürde esasy gara ýollary gurmaklyga uly üns berilýärdi. Faşizmiň geçirýän köpsanly “kompaniýalaryň” we “göreşleriň” arasynda, “ýokary dogulyş üçin göreş”

möhüm, wajyp orun eýeleýädi. Ilatyň sanyny köpeltmeklik döwlet syýasaty prinsipine çenli galdyrylypdy we ähli serişdeler bilen höweslendirilýärdi. 1928-nji ýylda başlap, gazetler, şäherleriň arasynda geçýän ýaryşlaryň gidişi barada maglumat berýän dogulyşyň býulletleri neşir edip başlaýarlar.

Faşistik hökümeti propaganda bilen çäklenmeýärdi-faşistik režimine uruşlar üçin esgerler we geljekki imperiýa üçin kolonizatorlar gerekdi. Ilatyň ösmeginiň iň ýokary prosenti ýörite sylag girizilýär. Sallahlara ýokary salgyt salnypdyr, köp sanly eneler döwletden ýörite sylaglar we pul kömegini alýardylar.

1934-nji ýýlda Italiýa dünýä krizisi bilen bagly bolan ykdysady kynçylyklardan çykyp başlaýar. Köp maglumatlar, ýurduň ykdysadyýetiniň ýaramaz ýagdaýý barada şaýatlyk edipdir. Italiýanyň altyn zanasy örän azaldy, daşary söwdanyň azalmagy dowam edýärdi. 1930-njy ýyldan başlap, Italiýanyň döwlet býudžeti passiw bolup başlaýar, we onuň deksity çalt galyp başlaýar.

Öz soýuzdaş döwletleri bilen Italiýa ýeňişi baýram edip belleýärdi. Italiýanyň dolandyryjy topary “adalatly sylagy” – täze territoriýalary, täze koloniýalary talap edýärdi. London şertnamasy boýunça tassyklanan, Italiýanyň territorial nutuklary, onuň Antanta boýunça soýuzdaşlarynyň gapma-garşylygyna sezewar boldy. Italiýanyň territorial islegine şeýle hem Serbiýa garşy çykdy. Italiýa giň territoriýa talap edýärdi.

1918-nji ýylyň Gurbansoltan aýynyň 23-de Wilson, italýan delegasiýasyna duýdyrman, soýuzdaşlary goldamaklygy teklip edip, hat üsti bilen italýan halkyna ýüzlenýär. Muňa garşy protest bildirip, italýan wekilleri Pariž konferensiýasyny taşlap gidýär. Orlando, öňki soýuzdaşlarynyň adyna agyr günäler ýükläp, parlamentde

çykyş edýär. Bütin Italiýa boýunça, soýuzdaşlara garşy gahar-gazapdan doly bolan ýygnaklaryňýalaryň täze tolkuny ýaýraýar. Şeýlelikde, daşary syýasy ýagdaýyň has ýitileşmegi netijesinde, Oguz aýynda Orlandanyň hökümeti otstawka gitmäge mejbur bolýar.

Sosialistler tarapyndan gurnalýan proletariatyň iş taşlaýyşlary, öňki frontowikleriň bir bölegine, halka arenasynda milletiň abraýyny gaçyrýan faktor hökmünde görünýärdi. 1919-njy ýylyň Gurbansoltan aýynda öňki frontowikleriň topary bilen faşistler, sosialistik gazeti bolan “Awantinyň” Milandaky redaksiýasyny ýakýarlar. Munuň yz-ýany faşistler rewolýusion işçileriň demonstrasiýasyna topulmaklyga, sosialistik partiýasynyň aktiwistlerini we prowsoýuzlary ýençmeklige gatnaşýarlar.

Şäher we oba ilatynyň orta gatlaklarynyň garaýyşlarynda hem üýtgeşmeler bolup geçýär. 1920-nji ýylyň Ruhnama aýyndaky proletariatyň rewolýusion çykyşynyň soýuzlygyndan soň, bu toparlarda çözmekligiň “öz” ýollary bolan ymtylyş güýçlenýär. Olaryň aglaba bölegi, proletýyň bereketine, şeýle hem ýurtda tertip-düzgüni ýola goýup bilmeýän liberal döwlete hem garşy duşmançylykly pozisiýalara geçýärler. Faşizim, bu toparlara, olaryň özleriniň bähbitlerini goldap çykyş edýän topar hökmünde görnüp başlady. Olar, aslynda faşizmiň, iri buržuaziýanyň, has reaksion toparlarynyň bähbidi üçin hereket edýändiklerini görmeýärdiler. Şeýlelikde, faşizmi goldap, orta daýhanlar buržuaziýanyň proletariata garşy ýaragyna öwrilýärdiler.

Bu proses aýratyn hem giň gerime obada eýe boldy. 1921-nji ýyla çenli bu ýerde, umumy daýhan köpçüliginden, uruş ýyllarynda baýlaşan taraplarynyň saýlanmaklyk prosesi has aýan duýulyp başlaýar. Pomeşik ýerleriniň satyn alynmagy netijesinde, daýhançylygyň gurply toparlarynyň ykdysady

pozisiýalary güýçlenýär. Öz ýerleriniň, hususyýetçiligi ýitmeginden gorkup, gurply daýhanlar syýasy guramasyny döretmeklige ymtylýardylar. Olar topar-topar bolup, maliýe kapitaly bilen ýakyn bagly bolan iri ýer hususyýetçileri bilen, olary birleşdirýän agrar assosiýasyndan girip başlaýarlar. Şol döwürde hem, ölzeriniň ýerlerini goramak maksady bilen olar, ilkinji goranmak otrýadlaryny döredip başlaýarlar, bu otrýadlaryň guramaçylygyna bolsa iri agrasiýalar aktiw gatnaşypdyrlar. Bu otrýadlaryň hereketleri "goranmaklykdan" has daşa çykýardy we olar italýan obasynda reaksion güýçleriň kontr hüjüminiň başyny goýdular.

Bu otrýadlar, 1921-nji ýylyň Oguz aýynda antifaşistik monifestasiýalary wagtynda Rim proletariadyny goramaklygy üpjin etmekde uly rol oýnadylar. Olar Italiýanyň köp şäherlerinde we raýonlarynda faşistler bilen bolup geçen ýaragly çaknyşyklara gatnaşdylar.

Emma, bu toparlaryň hereketleriniň ösüşi, syýasy partiýalar tarapyndan goldawyň bolmanlygy üçin togtaýardy. "Halk batyrlaryň" hereketi, JSP-tarapyndan otrisatel garşy alyndy, sebäbi, bu hereket, JSP-niň alyp barýan passiw garşylyk görkezmek taktikasyna gabat gelenokdy. Italiýanyň kommunistik partiýasy bolsa, öz agzalaryna bu herekete gatnaşmaklygy gadagan etdi, sebäbi, "halk batyrlarynyň" esasy meselesi, faşist howpyndan goramaklyk, tertip-düzgüni ýola goýmaklyk we oňat sosial durmuşy dikeltmeklik bolupdyr. IKP-nyň maksady bolsa, proletariady ynkylabyň ýeňişine alyp gitmeklik bolupdyr. IKP-nyň "halk batyrlarynyň" hereketine, bolan garaýşy, 1921-nji ýylyň kominternyň III kongresinde ýazgarylýan hem-de ýalňyş hasap edilýär. Emma, IKP-nyň ýolbaşçylary ondan netije çykarmadylar we öz öňki pozisiýalarda galdy.

Sosialistik we kommunistik partiýalarynyň ýalňyşlyklaryna seretmezden, işçileriň antifaşistik hereketi edýärdi hem-de giňelýärdi we 1921-nji ýylyň tomsunda Italiýadaky umumy syýasy ýagdaýyň esasy faktory bolupdyr. Parlament saýlawlaryndan soň, sagdan we çepden ösýän oppozisiýalaryň ýagdaýynda galyp, Džolittiniň hökümet otstawka gitmäge mejbur bolýar. 1921-nji ýylyň Iýul aýynda hökümet başyna Bonominyň hökümeti gelýär. Ol, jemgyýetçilik pikiriniň basyşy astynda, faşizm babatynda has ýumşak syýasat alyp barypdyr. Bu zatlaryň barysy bilelikde, Mussolinini, işçiler guramalarynyň ýolbaşçylary bilen ýaraşyk baglanşmaklyk inisiatwasy bilen çykyş ekmeklige iterdi. JSP-nyň ýolbaşçylary bu inisiatiwany kabul etdiler, WKT-nyň reformistik ýolbaşçylary ony goldadylar. Şeýlelikde, 1921-nji ýylyň Awgust aýynyň 3-de parahatçylyk Pakty baglanşylýar, onda JSP-sy we WKT bir tarapdanhem-de, faşistler beýleki tarapdan – birek biregi babatynda duşmançylykly hereketlerden saklanjakdygyny wada berýärler.

Onuň ustawy harby spesinlist Gandolfonyň gatnaşmagynda işlenip düzülipdir we berk merkezleşdirmegi, iýerarhiýany hem-de partiýa boýun egmekligi göz öňüne tutupdyr. Şeýlelikde, faşistleriň ýolbaşçylary, terroristik aktlardan has uly maksatlary ýerine ýetirmäni başarýan öz ýaragly otrýadlaryny düzjek bolýardylar. Mussolini faşizmiň “harby elementlerine”, ýerli hereketleriniň ramkasyndan çykmaklygyň zerurdygyny we häkimiýeti basyp almagy diýip düzmeli diýip, düşündirdi.

Profsoýuz hereketiniň guramaçylygynda, faşistik partiýasy aýratyn hem üstünligi gazandy. 1921-nji ýylyň Ýanwar aýynda Bolonýede faşistler tarapyndan guralan profsoýuzlaryň ýygnanşygy bolup geçdi. Ýygnakda faşistik partiýasynyň ýolbaşçylaryň wekilleri hem bolupdyr. Ilkinjileriň biri bolup, faşistler tarapyndan döredilen

profsoýuzlaryň ählisi faşistik partiýasyna boýun egjekdigi baradaky karar kabul edilýär. Faşistik profsoýuzlaryň hereketleriniň esasyna, ýene-de millet ideýasy goýulypdyr, onuň bähbidi üçin bolsa, faşistleriň aýdyşy boýunça işçi synpynyň buržuaziýa bilen hyzmatdaşlygyny gazanmaly bolupdyr.

1922-nji ýylyň başyna çenli faşistler ýaşlaryň esasynda öz täsirini, aýratyn hem ilatyň ownuk buržuaz gatlaklaryndan gelip çykan okuwçy ýaşlaryň arasynda giňeldýärler. Mussolini öz partiýasyny “ýaşlaryň partiýasy” diýip yglan edýär. Öz propagandasynda, ol ýaşlary “özara göreşinde batyr galan hemde milleti çykgynsyzlyga salan köne, garry syýasy partiýalara” gapma-garşy goýardy.

Gowşak we öz erksiz Bonomi hökümetiniň kritikasy “sagda” hem-de “çepden” alnyp barylýardy. 1922-nji ýylyň Baýdak aýynyň 2-de ol otstawka gitmäge mejbur bolýar. Ahyr soňunda köp ylalaşyklaryň netijesinde faktanyň ýolbaşçylygynda koalision hökümet düzülýär.

Faşizm bolsa bu wagtda eýýäm demokratiýanyň üstüne göni hüjüme geçipdirler. Fewral hökümet krizisi döwründe, faşistler Rimde, Florensiýada hem-de Bolonýede “ýaşasyn diktatura?” diýen şygaryň astynda demonstrasiýalar gurnadylar. Faşistleriň antidemokratik meýilleri indi has aýdyň görnüp başlaýardy.

Awgust iş taşlaýyşyndan soň işçiler hereketini şüň krizisi başdan geçirýärdi, zähmet soýuzy köpçüligiň gözünde özüni peseltdi we awgustyň ahyrynda dargady.

1922-nji ýylyň Oktýabr aýynda sosialistik partiýasynyň nobatdaky 18-nji gurlutaýy boldy, onda maksimalistleriň arasynda fasizma garşy göreşde partiýanyň syýasynyň netijesi baradaky mesele hem-de geljekki göreşiň ýollary barada ýiti açyldy. Partiýanyň sekretary Fiorita, işçilere

hereketleriň reformistler tarapyndan sabtažy aýdýardy. Söz sözleýän maksimalistleriň köpçüligi reformistleriň partiýadan çykarmaklygy talap edýärdi. Sosialistik partiýasyndan çykarylan reformistler täze partiýany-unitar sosialistik partiýasyny (USP). Şol bir wagtdan kommunistler işçiler synpynyň göreşini aktiwleşdirmek üçin ýene-de bir gezek synanşyk etdi. 1922-nji ýylyň Sanjar aýýnyň 8-de IKP-nyň profsoýuz komitetiniň inisiatiwasy boýunça Milanda WKP-nyň çepçi toparlarynyň, demir ýolaglaryň soýuzyň we profsoýuzyň birleşiginiň gurultaýy çagyrylýar. Gurultaýda komitet döredilýär, oňa kommunistler, maksimalistler hem-de rewolýusion sindikalistler girýär. Komitet, degişli guramalaryň ýygnaklarynda ylalaşykly çykyş edip, şeýle hem synpy häsiýetini belläp geçýän we WKT-dan kongresi çagyrmaklygy talap edilmegini karar edýär.

Emma eýýäm geçdi. Italýan işçi synpynyň içki gowşaklygy jebisligiň, agzybirligiň hem-de syýasy ýolbaşçylygyň ýoklugy, oňa öz daşynda giň halk köpçüligini jemlemegi we halk antifaşist prontany döretmekligi päsgel berdi. Halk fronty-bu faşizmi ýeňmekligiň esasy serişdesi bolupdyr.

Işçilere garşy göreşde aýgytly, esasy roly oýnap we öz öňünde gowşak hem-de sekiz fakta hökümetini bolup, faşistler özlerini ýurtdaky ýagdaýyň eýeleri hasaplaýardylar.

1922-nji ýylyň awgust aýyndan soň, Italiýada iki häkimiýetlilik barada gürrüň edip başladylar. Resmi häkimiýetiň tarapyndan goldanmagy esasynda, faşistler öz häkimiýetini yzly-yzyna ähli prowinsiýalarda berkarar edipdirler. Bu wagta çenli faşistler, dowam edýän häkimiýeti agdarmaklygyň ýolyna düşdiler. Garaşşyzlyk aýynyň 16-da Milanda faşist ýolbaşçylarynyň gizlin ýygnagynda, häkimiýeti üçin harby guramanyň kwadriniwiraty döredilýär.

Iň bolmanda üç täz ministrler iri senagat we maliýe buržuaziýasynyň toparlary bilen ýakyn bagly bolmagy häsiýetlidir. Bu iri buržuaziyasy tarapyndan täze hökümete bolan ynanjy güýçlendirmelidi. Täze hökümediň döredilenden soň baba-hat senagatçylaryň konfederasiýa oňa goldag etjekdigi wada berdi.

Emma hökümet entäk parlament tarapyndan ynanç watany almandy. Bu ýerde faşistleriň 7% hem az wekili bolupdyr. Hökümete ynanç watanyny bermeklige garşy 102 sany deputat ses berdi: sosialistler, kommunistler, respublikaçylary bir bölegi we başgalar, ses bermeklik üçin bolsa 306 deputat ses berdi. Şeýlelikde, täze hökümet parlament tarapyndan kanunlaşdyrylýar.

Nähili bolsada, Mussolini şol wagtda faşizm üçin möhüm ýeňiş gazandy: a) parlamenti dyza çörekdi, Mussolini administratiw apparaty reorganizasiýalaşdyrmaklyk we maliýe çärelerini geçirmeklik üçin, öz hökümetine çäklendirilmedik hukuklaryň berilmegini gazanmak isleýär.

Italiýanyň taryhynda täze döwür başlanýar – faşist diktaturasynyň döwri. Emma başda agdarlyşykdan soň birinji döwrüň häsiýetli aýratynlygy – bu diktatura köne konstitusiýa boýunça hem-de esasy döwre kanunlaryň üýtgedilmesiz dolandyrylýardy. Bu diktaturanyň mehanizmi faşistik partiýasynyň ýurudiki taýdan dälde faktiçeskiý güýji bilen kesgitlenipdir. “Men döwletiň esasy sütünlerini eldemezlik üçin, örän aladalanýardym” – diýip Mussolini gijiräk aýtýar. Döwletiň esasy sütünleri – Monarhiýa, Buthana, Goşun, Statut. Bu sürünleri saklap, galyp faşistler ilki bilen döwlet dolandyrylyşynyň metodlaryna üýtgeşikler girizýärler. Derrew, agdarlyşykda soň ýerli administrasiýa prowinsial faşistik guramalarynyň gözegçiligi astyna düşýär. Prefektleriniň ýanynda “syýasy gözegçiligi” alyp barýan syýasy maslahatçylar emele gelýär. Esasy

döwlet edaralarynyň ýolbaşçylarynyň ýanynda hem maslahatçylar berkidilýär. Kem-kemden köne döwlet we hökümet apparatynyň ýolbaşçysy kadrlarynyň çalşyrylmagy başlanýar.

Faşistleriň özleri öz häkimiýetiniň birinji döwrüni, faşistik hökümetiniň ýa-da faşistik partiýasynyň köne döwletiniň üstünden diktaturasy hökmünde kesgitläpdirler. Bu diktaturanyň esasy garantiýasy täze iki sany institutlar bolupdyr: Uly faşistik soweti (BFS) hem-de milli howpsuzlygyň meýletin milisiýasy (DMNB).

Parlamentde saýlawlar 1924-nji ýylyň aprel aýýnyň 6-na bolup geçdi. Faşistleriň milli blogynyň kandidatlar üçin 4,5 mln ses berildi, beýleki galanlar üçin bolsa 1,5 mln ses berildi. Bu ikisiniň göräýmäge uly bir tapawudy hem ýok. Emma, “Eçerbonyň ulgamy boýunça” mandatlaryň bölünşigi netijesinde, faşistler deputat ýerleriniň köpüsini aldylar – 37 ýer, ähli beýleki galan partiýalara bolsa, bilelikde alanyňda, - 157 ýer aldylar. Bu soňky agzanyňyzyň arasynda, Halk partiýasy – 39 ýer, üç sany işçi partiýalaryň arasyndaky ýerler bolsa şeýle ýagdaýda bölündiler: ISP-24, JSP-22, KPI-sy tretýeinternasionalistler bilen bilelikde 19 ýer aldyrdy. Saýlawlar gorkuzmalar hem-de terroryň döwründe geçdi, bu ýagdaý aýratyn hem g.o.-da güýçlidir.

Emma, faşizmiň bu daşky ýeňişiniň aňyrsynda täze režimiň işki gapma-garşylyklary ýatyrdy. Tiz wagtdan bu içki gapma-garşylyklar ýurtda syýasy ýagdaýyň ýitileşmeginde öz beýanyny tapdy. Syýasy ýagdaýyň ýitileşmeginiň esays sebäbi, faşistler tarapyndan deputat-sosialist bolan Džokommo Matteotiniň öldürilmegi bolupdyr.

Parlamentdäki faşizme oppozision toparlarynyň wekilleri özara konsultasiýalar üçin ýygnandyrlar. Bu konsultasiýalara USP, JSP, IKP-sy, halk partiýasy, Respublikan partiýasynyň, “Konstitusion oppozisiýa”

toparlary hem-de “sosial demokratiýa” parlament toparlarynyň agzalary gatnaşypdyrlar. Olar Gurbansoltan aýynyň 14-de rezolýusiýa kabul edýärler. Ỳokarda agzap geçen wekillerimiz, degişli toparlar parlament işine gatnaşmakdan saklanarlar diýen karara geldiler.

Bu Awentinskiý oppozisiýasynyň başy bolupdyr. Faşizme opozision bolan toparlaryň wekilleri, esasan ilatyň proletar hem-de orta gatlaklarynyň bolmaklygy häsiýetlidir. Tersine, tri buržuaziýanyň wekilleri (Džolitti, Salaýda we ş.m.) faşistleriň tarapynda galdylar. Emma, galan faşist däl toparlaryň parlamentden çykyp gitmegi, parlament sessiýasynyň işini bes etmekligi Musolinini mejbur etdi.

Demokratik guramalaryň we oppozision gazetleriň üstüne çozuşlar gurnalýar. Hökümet faşistleriň arassa faşistleriň öwrülýär. Proletoriatyň synpy göreşi üçin şertler has hem kynlaşýar. Ỳöne, şu döwürde işçiler synpy uly çykyşy amala aşyrdy. Emma işçileriň çykyşlary basylyp ýatyrylýardy. Faşistleriň profsoýuzlary döredilýärdi. Şol bir wagtda içki fabrik-zawod komissiýalary gadagan edilýärdi.

1925-nji ýylyň noýabr aýýnda faşistler reformist USP-niň işini gadagan edýärler. 1925-nji dekabr aýynyň 24-de döwlet apparatynyň döwlet apparatynyň “milli pikirli däl elementlerden” arassaçylyk işleri barasynda kanun kabul edilýär.

1925-nji ýýlyň dekabr aýynyň 24-de, hökümetiň ýolbaşçysynyň hukuklary we prerogatiwalary barada kanun kabul edilýär. Bu kanuna laýyklykda hökümetiň ýolbaşçysy edilip bellenen premýer, parlamentiň öňünde dälde, eýsem korolyň öňünde bolmalydy.

Dogry, formalar hökümet korolyň öňünde jogapkärdi we korolyň dekreti, hökümet ýolbaşçysynyň dekretinden has köp ýuridiki güýji bolupdyr.

1926-njy ýylyň Bitaraplyk aýynyň 31-de, Mussoliniň janyna 4-nji gezek kast edilenden soň, demokratiýanyň galyndylarynyň derbi-dagyn edilmegi başlanylýar. Ähli “milli pikirli däl” partiýalaryň dargadylýandygy barada kanun çykarylýar. Şeýlelikde, kanuny ýagdaýda, bir partiýanyň ulgama geçmeklik prosesi tamamlanypdyr. Parlamentde, ähli awentinsleriň deputat mandatlaryň almaklygy barasynda karar kabul edilýär. Antifaşist neşiri gadagan edilipdir. “Döwlet goramakyk boýunça ýörite tribunal” döredilipdir.

1927-nji ýýlyň aprel aýynyň 21-de BFS tarapyndan zähmet partiýasy çap edilýär. 30-njy ýyllarda gutarnykly Mussoliniň rulty emele gelýär. Premýer-ministr wezipesinden başga, Mussolini öz eline harby ministligi, harby-deňiz ploty ministrligini we harby-howa güýçler ministrligi aldy.

Duçäni çäksiz öwmeklik ähli formal sözleriň hökmany atributy bolupdyr,  onuň sözlerinden alnan sitatalar bolsa jemgyýetçilik edaralaryň we hususy jaýlaryň diwarlarynyň ýüzlerini bezäpdirler, Duçäniň köpsanly heýkel we žiwopisleri köpelipdir. Mussolini öz perronasynyň ulaltmaklyga aktiw gatnaşypdyr.

Italiýanyň işçi synplary ilkinji gezek gegemonlygy almak hakynda meseläni orta goýýarlar. Şu maksatlar, maslahatlar sosial partiýanyň turin seksiýasyna degişli bolupdyr. Olaryň başynda A.Granişin, P.Polýatti we I.Terroçini dagylar durupdyr. Ilkinji fabrika-zawod sowetleri “flat’ zwodlarynda döredilýär. Soňra bu hereketler turinli kärhanalarda ýaýraýar.

1921-nji ýylyň yanwar aýynyň 21-de çep ganatyň ýolbaşçylary kommunistik internasional seksiýany esaslandyrýarlar. Täze partiýanyň düzüminde abstensionistler (boýkotistler) bolupdyrlar, ýolbaşçysy Bordigo bolupdyr. Ondan başga Gramşiniň “Ordine Nuowo”

gruppasy hem-de maksimalistleriň çep ganatynyň ýolbaşçylarynyň birnäçesi täze partiýanyň düzüminde bolupdyrlar. Boýkotistleriň fraksiýasy täze partiýada has-da köp bolupdyr. Partiýanyň umumy ýolbaşçysy Bordigo durupdyr. Kompartiýa dörände onda 50.000-den gowrak agzasy bolupdyr. Täze partiýa özüniň maksatnamasyny çap edýär. Proletariat döwletinde 1934-nji ýylyň iýul aýynda kompartiýa sosialistlere “ýeke-täk fronty döretmek” hakyndaky mesele bilen ýüz tutýar.

1935-nji ýylyň başlarynda italýan genştaby tarapyndan harby operasiýalaryň plany işlenip düzülýär we onda Efiopiýanyň ähli territoriýasyny 8 aýyň dowamynda basyp almak göz öňüne tutulypdyr. Armiýada 200.000-den gowrak adam, 6000 pulemýot, 600 ýarag, 150 tank bolupdyr. Ekspedsion güýçleriň düzüminde awiasiýa, himiki ýaraglar hem bolupdyr. Italýan armiýasy birwagtda 2 tarapdan hüjüme geçýär. Demirgazykdan esasy güýçler Ỳe.de Bono we R.Grasianiniň ýolbaşçylygynda hereket edipdirler. Garaşsyzlygynyň birinji ýarymynda italýan goşunlary öňe süýşip, Adia we Aksum şäherleri basyp alýarlar. Emma soňra yza çekilmeler hem başlanýar. Muňa Mus-ň gahary gelip, de Bononyň Bodolýany goýmaklygy karar edýär. Oňa Italiýadan 3sany diwiziýa iberilýär, general Grasiani hem ýen-de 3 diwiziýa alýar. Afrikada italiýan güýçleriň sany ýarym molliondan gowrak adama ýetýär. 1936-nji ýylyň fewral aýynda italýan goşunlary täzeden söweşe başlaýarlar. 1936-njy ýylyň mart aýynda efiopiada harby hereketleriň gidişinde Italiýa awiasiony we gazy ulanmak bilen Addis-Abeba girýär. maý aýynyň 5-ne paýtahty boýun edýär. Efiopiýa basylyp alynýar. Efiopiýany basyp almak bilen Italiýanyň pozisiýasy Hind okeanyň orta, gündogar Zaýonlarynyň topary tarapyndan manifest çap edilýär. bu manifestiň wajyp ýagdaýy 10 punktdan düzülipdir. MWD tarapyndan “zkassalary gormakda” atly žurnal çykyp

başlaýar. 1939-njy ýylyň Sentýabr aýynda ilkinji antesit kanunlary kabul edýär: ýewreý milletli adamamlara mekdeplerde okatmak gadagan edilýär, akademiýanyň, inistitutlaryň, dürli ylmy we medeni edralaryň işgärleri özleriniň derejelerinden mahrum bolupdyrlar.

1934-39-nji ýylyň aralygynda salgytlaryň sany 67%-te çenli köpelýär. 1957-39-njy ýylyň aralygynda Italiýada pul 50%-e ösýär. 1934-39-njy ýylda “Pirell”, “Snia wiskaza”, “Fiat”, “Montekatini”, ýaly monopoliýalaryň girdeýjileri ortaça 80%-te köpelýär. Obalarda hem baý kopitalyň pozisiýalary güýçlenipdir. 1939-nji ýylyň Baýdak aýynyň 2-ne Mus-ni BFS-niň ýygnagynda “Italiýanyň ýakyn we uzak ýyllardaky daşary syýasatynyň perespektiwalary” atly sözi bilen çykyş edýär. Mussoliniň aýtmagyna görä: “Her döwletiň garaşsyzlygy deňize çykmak şerti bilen sebäp bolýar.

Okeana çykmak şerti oňa demir reşýotka bilen ýapylypdyr: Korsina, Tuns, Malta, Kipr, Suýes we Gibraltal. Mus-ň aýtmagyna görä “Italýanyň syýasatynda ilkinji mesele Ỳewropada territorial garşylyklardan el çekmek-bu demir reşýotkany döwmekdir. Şundan soňra Italiýada diňe öňe-okeana turap-diýlen şygar bolýar. Haýsy okeana tarap? Hindi okeana, Sudanyň, Ziwiýanyň üsti bilen ýa-da fransuz gündogar Afrikanyň üsti bilen Atlantik okeana.

Italiýanyň uruşa girişmegi 1942-nji ýyl diýlip bellenilipduir. Italiýanyň harby býutžeti çalt ösüpdir.

1939-40-njy ýylda döwletiň harby maksatlary 11 mlrd. lire barabar bolupdyr. 1939-nji ýylda ahyrlarynda harby çykdaýjylaryň umumy sanlary çap edilýär. Faşistik Italiýa uruşa taýýarlyk üçin 133 mlrd. liri harçlapdyr. 1939-nji ýylyň Alp Arslan aýynyň 1-de italýan armiýasynda 67 diwižiýa; 3 bronetanklar, 3 harby motorlar, 5 dag-alpin we ş.m. diwižiýa bolupdyr. Şol ýylyň ahyrlaryna diwižiýalaryň sany 73-

e çenli ýetdi. Ỳaraglar köne tipde bolupdyrlar. Agyr tanklar italýan armiýasynda hiç-hili samolýotlaryň dürli görnüşi bolupdyr. 1942-njiýylyň 300-den gowrak samolýotlar her aýda öndürlipdir.

## Tema 17: Italiýa 1945-2004 ý. Meýdany 301 müň kw.km. Ilaty 56 mln.

Mälim bolşy ýaly, faşistik Italiýa ikinji jahan urşy ýyllarynda, Gitler Germaniýanyň tarapynda bolup uruşdy. Italiýan faşistleriniň bu awantýurasy, italýan halkyna gaty agyr düşdi. Uruş ýyllarynda 0,5 mln. italýan soldatlary we ofiserleri gurban boldular. Uruş zerarly Italiýanyň iň gür ilatly we senagatly raýonlary amerikan-iňlis awiasiýalarynyň güýçli zarba urmagy netijesinde wes-weýran boldular. Müňlerçe öýler, zawodlar, fabrikler, demir ýollar, köprüler, gidroelektrostansiýalar, tonneler, tunneller,port enjamlary, söwda we passażir gämileri ýok edildi. Senagat önümleriniň çykarylyşy 1938-nji ýyl bilen deňeşdirilende onyň diňe 30% barabardy. Uruş zerarly oba hojalyk önümleri hem gaty azalypdy. Ilat aglykdan ejir çekýärdi. 2 mln. adam işsizdi. Emma uruş gutarandan soň Italiýanyň ykdysadyeti ösüş ýoluna düşdi.

Italiýanyň iň ýokary temp bilen ösen ýyllary diýlip 1951-1961 -nji ýyllar hasap edilýär. Şu ýyllarda ykdysady ösüş iň ýokary derejesine ýetdi. Her ýylky ösüş 9-10% ýetýärdi. Italiýa özüniň ösüş tempy boýunça Ýewropa ýurtlarynyň arasynda birinji ýeri, dünýä boýunça bolsa ikinji orny eýeledi ( Ýaponiýadan soň). Şonuň üçin Italýan ykdysadyetçileri, sosiologlary, syýasy işewür toparlar şu ýyllara "italýan ykdysady täsinligi" diýip at berdiler. 10-15 ýylyň dowamynda Italiýada senagat önümi uruşdan öňki ýyllar bilen deňeşdireniňde 3 esse köp öndürilýärdi.

Şeýle derejelere Italiýa hiç wagt ýetmändi. Sanlyja ýylyň dowamynda Italiýa ýokary ösen industrial-agrar döwletine öwrüldi. Italiýanyň senagatynyň iň ösen pudaklary şu aşakylardan ybaratdy: himiýa, esasan polimer senagaty. Onuň esasy öndürýän önümi emeli ýüpek, sintetiki materiallar, wiskoza we ş.m. Italiýanyň şu senagat pudagy iň girdeýjili pudakdy. Ol özüniň önümini az salymyň içinde 6 esse köpeltdi. Ylmy-tehniki rewolýusiýanyň netijesinde Italiýada örän iri we häzirki zaman enjamlary we tehnologiýasy bilen ýaraglanan senagatlary köp mukdary guruldy. Olar şu aşakdakylardan ybaratdyr: polat we çoýun eredýän zawodlar, elektrotehniki enjamlary çykarýan kärhanalar, awtomobil senagaty, gämi gurluşygy, ýaşaýyş jaý gurluşyk senagaty, himiýa, nebit-himiýa we her hili enjam we maşyn gurluşyk senagatlarydyr. Italiýanyň köp ýerlerinde täze we iň täze senagatlar guruldy. Şolardan biri Neapoldaky polat eredýän senagatdyr. Ol ýylda 2 mln. tonna polady eredýär. Başga bir senagat truba prokat senagaty, özüniň täze enjamlary bilen işleýär. Italiýa ýylda 2 mln. awtomobil çykarýar. Şu ugurdan iň uly monopoliýalar "Fiat", "Ferraro" we ş.m.

EWM çykarýan kompaniýa "Oliwetti" kän mukdarda takyk we ýarym takyk maşynlary hem çykarýar. 90-njy ýyllarda Italiýa senagat önüminiň mukdary boýunça Angliýadan ozup dünýäde 5 orny eýeledi.

Mälim bolşy ýaly Italiýa ikinji jahan urşunda ýeňildi we iňlis-amerikan goşunlary tarapyndan okkupirlendi. Iňlis we amerikan goşunlarynyň komandowaniýesi ýerli demokratik elementlere faşistik partiýany we onuň ýerli guramalaryny ýok etmäge, faşistik döwlet appapatyny döwmäge we täze demokratik döwlet appaparyny döretmäge we täze demokratik döwlet appapatyny döretmäge ýardam berdiler. Ahli syýasy tussaglar türmelerden boşadyldylar, ähli antifaşistik guramalara

we partiýalara legal hereket etmäge rugsat berildi. Okkupasion häkimiýetler Italiýanyň demokratik ýol bilen ösmegine-de kömek berjekdiklerini aýtdylar. Şeýle ýagdaýlarda Mussolininiň diktaturasy döwründe gadagan edilen syýasy partiýalar derrew öz harytlaryny jebisjeşdirip täze geçjek parlament saýlawlaryna taýýarlyk görüp başladylar. Şol syýasy partiýalaryň iň täsirlisi şulardan ybaratdyr: 1.Hristian demokratik partiýasy (HDP)- bu katolik partiýasydyr. Ol partiýa katolik buthanalary we Watiýan bilen ysnyşykly aragatnaşykdadyr. Ol partiýanyň lideri Alçide de Gasperi köp ýyllaryň dowamynda Italiýanyň premýer-ministri boldy.

2. Liberal partiýa- bu partiýa iri kapitalistleriň bir bölegini we ownuk,orta,burżyaziýany we burżuaz intelligensialarynyň bähbidini goraýar.

3. Respublikan partiýa.Bu partiýanyň progpammasy we edýän hereketleri HDP bilen örän ýakyndyr.

1. "Yaşyllar partiýasy" bu täze,ekologiýany goraýan partiýa.Galan kiçi kirim partiýalar we syýasy guramalar Italiýanyň uruşdan soňky taryhynda uly rol oýnamadylar.Italýan jemgyýetiniň aglaba köplügi, entäk Garşylyk görkeziş hereketi ýyllarynda korolyň we onuň reżiminiň soňuna çykmalydygy barada köp gezek çykyş edipdiler. Korol faşistleri goldapdy we öz halkyna garşy hyýanat edipdi. Italiýadaky ähli syýasy partiýalar we toparlar Italiýanyň Respublika yglan edilmeginiň wajypdygyny tassyklaýardylar. Halkyň talap etmegi boýunça 1946-njy ýylyň Oguz aýynyň 2-de Italiýada orol häkimiýeti barada referendum geçirildi. Referenduma gatnaşanlaryň absolýut köplügi Respublikanyň yglan edilmegi barada ses berdiler. Italýan koroly Umberto II ýurtdan çykmaga mejbur boldy. Bu italýan halkynyň uly ýeňişleriniň biridi. Referendum bilen bile Uçreditel ýygnagada saýlawlar geçdi. ähli çepçi partiýalar: kommunistler,sosialistler we birnäçe demokratik guramalar ähli sesleriň 45% aldylar. Emma HDP hem seslere eýe boldy.

Birinji respublikan hökümede HDP,IKP,ISP respublikaçylar we garaşsyzlar girdiler. Emma basym hökümetde dawa başlanyp ministrler-kommunistler kowuldylar. Reaksiýa öz pozisiýalaryny berkitdi. Kommunistler bilen sosialistleriň arasy hem bozuldy. Emma şeýle-de bolsa demokratik güýçler täze,demokratik konstitusiýanyň kabul edilmegini gazandylar. Şol Konstitusiýa Italiýany parlamentar Respublika diýip yglan etdi. Konstitysiýa boýunça döwletiň başlygy prezident 7 ýyl möhleti bilen parlament tarapyndan saýlanýar. Prezident saýlawlaryň geçmeli wagtyny belleýär,wagtyndan öň parlamenti dargadýar,hökümet agzalaryny belleýär we ş.m.

Konstitusiýa boýunça kanun çykaryjy hukuk parlamentiň ygtyýarynda. Italýan parlamenti iki palatadan ybarat: 1.Deputatlar palatasy. 2.Senagat. Deputatlar palatasyna saýlawlar 5 ýyldan geçirilýär.Senatom göni saýlawlar arkaly geçýär.Görüşimiz ýaly Italiýa demokratik we hukuk döwletlne öwrüldi.

Uruşdan soňky ýada ilatyň aglaba köplügi işçilerden, gullukýan ownuk burżyaz elementlerden ybaratdyr. 80-nji ýyllaryň statistiki maglumatlaryna görä Italiýada 19,4 mln.adam senagatyň,oba hojalygynyň pudaklarynda işleýärler. Şolaryň 10 mln. hakyna tutma işgärler.1951-nji ýylyň maglumatyna görä şolaryň 5 mln. gös-göni senagat işgärleri. Nesilme-nesil işçiler ähli işçileriň 60-65% tutýarlar. Olaryň aglaba köpüsi Demirgazyk, senagatyň esasy konsentrirlenen ýerlerinde işleýärler. Ylmy-tehniki rewolýusiýa Italiýanyň jemgyýetçiligini hem üýtgetdi. 70-hji ýyllaryň maglumatyna görä, 6mln. adam senagatda, 1,5 mln. adam oba hojalygynda, 2,5 mln. adam hyzmat sferasynda, 2,5 adam tehniklerden we gullukçylardan ybarat. Şu prosess häzir hem dowam edip gelýär. Italýan statistikasynyň berýän maglumatlaryna görä, 80-nji ýyllaryň aýaklarynda 5 mln. Italiýaly ýurduň çäginden çykyp goňşy ýurtlarda ýagny, Fransiýada, Şweýsariýada,

Awstriýada, Germaniýada we Şwesiýada işleýärler. Urşuň soňky ýyllarynda olaryň sany 6 mln. barabardy. Italiýa ykdysadyýetini dikelden soň şol lşçileriň 1 mln. gowragy öz watanlaryna dolanyp geldiler. Olar gidenlerinde ýönekeý gara işçidiler, watanlaryna bolsa ýokary kwalifikasiýaly, hünärli bilermenler bolup geldiler. Italiýanyň günortasy, aýratyn hem Sisiliýa şol yza galanlygyny ýeňip geçip bilenok. Italiýan hökümetleri günortada işsizligi we garyplygy azaltjak bolup ol ýerlerde häzirki zamana laýyk gelýän zawodlary we fabrikleri gurýarlar. Emma işsizlik azalmaýar. Şonuň üçin şu regiondan Latyn Amerikasyna göçüp gidýänler hem köp.

Italiýan işçileriniň we gullukçylarynyň belli bir bölegi Italiýanyň kommunistik we sosialistik hem-de sosial - demokratik partiýalarynyň täsiri astynda. 1955-nji ýylda IKP agzasy 2 mln. adama ýetdi. Parlamentde orny boýunça ol ikinji partiýa. Ol diňe HDP yza galýar.

Italiýan işçileriniň ýene-de iň täsirli partiýalarynyň biri ISP. 1955-nji ýylda onuň 750 müň agzasy bardy. Işçleriň üçünji bir partiýasy bolsa ISDP. Şu işçiler partiýalarynyň arasynda agzybirlik ýok. Şondan reýdalanyp HDP reaksion toparlary her edip, hasap edip hökümedi öz gollarynda saklajak bolup ellerinden gelenlerini aýamadylar. Olar hat-da neofaşistler bilen hem aralaryny gowlandyrdylar. Işçileriň we gullukçylaryň iň ýakyn guramalarynyň biri Italiýanyň iň uly profsoýuz birleşmesi WINT (Italiýanyň ähli umumy zähmet konfederasiýasy). Şu profsoýuz birleşmesinde kommunistleriň ägirt uly täsiri bar. Olar parlament saýlawlarynda, ýerli we munisipal (şäher) saýlawlarda profsoýuzlaryň kömegi bilen uly ýeňişlar gazanýarlar. Italiýanyň köp şäherlerinde kommunistler şäher sowetlerine ýolbaşçylyk edýärler. Häzir IKP öz täsirini gaçyryp ýönekeý çepçi syýasy gurama bolmagynda galýar.

Sowet Soýuzy we Italiýa entek ikinji jahan urşy gidip durka, ýagny 1944-nji ýylyň Nowruz aýynda öz aralarynda

diplomatik aragatnaşyklary ýola goýdular. SSSR Italiýanyň täze hökümetini ykrar etdi. Täze talýan hökümedi SSSR-iň inisiatiwasyna uly baha berdi. SSSR-iň şu ädimleri Italiýadaky çepçi güýçlere uly goltgy berdi. 1944-nji ýylyň Gurbansoltan aýynda Italiyada antifaşistik koalision hökümet döredi. Onuň sostabyna kommunistler bilen sosialistler hem girdiler. Italiýa Gitler Germaniýasynyň satelliti (ýarany) hökmünde Pariżde 1947-nji ýylyň Baýdak aýynyň 10-da ýaraşyk şertnamasyna go çekdi. Şol ýaraşyk şertnamasynyň syýasy maddalarynda mundan beýläk ýurtda faşistik partiýa başga atlar bilen hem ýaňadan döremeli däldir diýilip ýazylypdyr.

Italiýan hökümedi harby jenaýatkärleri adyl suda bermelidir diýip dokumentde aýdylýar. Ýaraşyk şertnamada Italiýanyň serhedini 1938-nji ýylyň Türkmenbaşy aýynyň 1-de ýagdaýyna getirilmeli edilýär. Ýöne käbir territorial üýtgeşiklikler hem girizilýär. Meselem: 1. Fransiýa kiçi Sen-Berkar geçelgesi, Mon- Seni tekizligi we Mon- Tabor -Şaberton ýerleri berildi. 2. Ýugoslawiýa Ýuliýskiý Kraýnanyň bir bölegini, Zara kommunasyny, Pelagoza adalaryny aldy. 3. Gresiýa dodekanez adalary gaýtarylyp berildi. 4. Ýuliýskaýa Kraýnanyň Günbatar böleginde, ýagny Triýest şäheriniň ýerleşýän ýerini Triýestiň erkin territoriýasy diýilip yglan edildi. Triýestiň gubernatoryny BMG howpsuzlyk Soweti belleýär. Şertnama boýunça Italiýa özüniň ähli koloniýalaryhdan el çekmeli edildi.

Ol Afrikanyň demirgazygyndaky Liwiýany, Eritreýany we Italýan Somanini elden giderdi. Italiýa Albaniýanyň we Efiopiýanyň özbaşdaklygyny ykrar etmeli we sylamaly. Italiýa, Fransiýa we Ýugoslawiýa bilen serhedindäki ähli harby berkitmelerini ýok ýetmeli edildi. Şertnamanyň harby maddalarynda görkezilişi ýaly Italiýanyň 250 müň adamdan artyk goşun edinmäge haky ýok. Harby- deňiz we harby-howa güýçlerinde bolsa 25 müň adam kontingent bolmaly diýip aýdylýar. Şertnama boýunça Italiýa sowet hökümedine 7 ýylyň dowamynda 100 mln. dollar reparasiýa tölemeli edildi.

Italiýanyň Wengriýadaky, Bolgariýadaky we Ruminiýadaky aktiwleri SSSR-iň haýryna geçýär. Italiýa keseki ýurtlara harby baza gurmak üçin ýer bermeli däldir diýir tassyklanýar. Ondan başga-da Italiýa Gresiýa, Albaniýa we Ýugoslawiýa reparasiýa tölemeli edildi. Şertnamanyň esasynda Angliýa bilen ABŞ şertnama güýje girenden soň 90 günüň içinde öz okkupasion goşunlaryny Italiýadan çykarmaga borçly edildi. Emma Italýan hökümetleri örän basym öz boýunlaryna alan borçlaryny ýerine ýetirmän başladylar. Italiýa "Marşalyň planyny" kabul etdi, soňra bolsa NATO bileleşigine ýaran bolup girdi.

Şondan soň ýaraşyk şertlerini bir syhly bozup ugrady. Günbatar ýurtlaryndan gylaw tapyp, Italiýa Sowet Soýuzyndan birugsat 1952-nji ýylda Ýaraşyk Şertnamasyny ýatyrdy. 1954-hji ýylda bolsa London konferensiýasynda Italiýa bilen Ýugoslawiýa Angliýa we ABS-yň araçylygy bilen, Triýesti paýlaşdylar. Triýest şäheri Italiýanyň paýna düşdi. Italiya Triýest portuny açyk diýip yglan etdi. Italiýa daşary syýasatyň ähli meselelerinde ABS-yň diýenini edýär. Mälim bolşy ýaly Italiýada hiç wagt stabil, durnukly hökümet bolmandy. Syýasy partiýalaryň liderli korrupsiýada aýplanyp otstawka gitmäge mejbur bolýardylar. 1992-nji ýyldan başlap Italiýada "arassa eller" kompaniýasy başlandy. Şol kompaniýa 290 müň adamyny ýagny, esasan hem parlamentiň deputatlaryny, ministrleri, şol sanda sosialist B. Kransini hem jogapkärçilige çekmek barada suduň kararlary çykdy.

1994,1996-njy ýylda Italiýada parlament saýlawlary bolup geçdi. Sol saýlawlarda köne syýasy partiýalar dargap öz ornuny täze syýasy partiýalara ýagny, "Italiýa öňe", "Demirgazygyň ligasy", "Milli alýans" bermeli boldular. Ýokarda ady tutulan partiýalar sagçy toparlary birleşdirýärdiler. Olara garşy "Oliwa" atly çepçi blok garşy durýardy. Italiýanyň prezidenti L. Skalfaro 1998-nji ýylda täze hökümet döretdi. Ol hökümede ozalky kommunist D. Aleşa ýolbaşçylyk etdi.

2000 - nji ýylyň maý aýynda kommunist Romano Prodi premýer - ministr boldy. Hökümediň sostabyna girýän syýasy partiýalaryň we bloklaryň arasynda birlik ýok. Häzir taliýanyň prezidenti Karlo Çanti. Täze hökümediň ýolbaşçylygyna bolsa belli syýasatçy Berluskoni ýolbaşçylyk edýär.

2004- nji ýylda Berluskohi, Orsýetiň prezidenti Putin bilen duşuşdy. Italiýa Russiýa Federasiýasy bilen söwda işlerini ymykly ýola goýdy.

## Tema 18 : Italiỳa XX – XXI asyryń sepgidinde

Ilkinji jahan urşundan sońra Italiỳada monarhiỳa agdarylyp, ỳurt respublika diỳlip jar edilpdi. Respublikanỳń ilkinji hökümet ỳolbaşçysy Alçido de Gasperi boldy. Ol 1953-nji ỳyla çenli ỳurdy dolandyrdy.

Hristian demokratik partiỳasynyń ỳurdy dolandyrmagy. Partiỳalaryń arasynda syỳasy göreşde ỳeńiji bolan Hristian demokratik partiỳasy 1948-nji ỳyldan başlap 30 ỳylyń dowamynda ỳurdy dolandyrdy. Bu döwürde 40 sany hökümet çalyşdy. 1948-1962-nji ỳyllarda HDP ỳeke özi, 1962-1972-nji ỳyllarda Italiỳanyń sosialistik partiỳasy bilen bilelikde hökümet düzdi. 80-nji ỳyllaryń başyna çenli ỳurduń syỳasy durmuşynda HDP-niń täsiri uly boldy.

50 – 60-njy ỳyllardaky ykdysady ösüş. “Italiỳa gudraty”. Italiỳany tä 50-nji ỳyllara çenli Ỳewropada gowşak ösen ỳurtlaryń hataryna goşỳardylar. Emma 50-60-njy ỳyllarda onuń ykdysady ösüşi düỳpgöter öńe ilerledi. Bu ỳagdaỳ “*italỳan gudraty*” adalgasynyń döremegine getirdi. Ykdysady ösüşiń depgini ỳylda 6%-e golaỳlady. Bu görkeziji boỳunça Italiỳa ösen ỳurtlaryń arasynda Ỳaponiỳadan we Germaniỳa Federatiw Respublikasynda sońra üçunji orna çykdy.

Eỳsem, “italỳan gudratynyń” döremegeniniń nähili sebäpleri bardy? “Italỳan gudratyny” italỳanlaryń özi döredipdi. Ỳurduń ỳerasty gazma baỳlyklaryna garyp bolmagy adamlaryń ykdysady gudraty öz elleri bilen döretmegine, işjeńliginiń ỳokarlanmagyna getirdi. Haçanda italỳan ykdysadyỳetçileriniń birinden Italỳanyń “Italỳada dogrudanam tebigy baỳlyklary ỳok, emma biz işewür adamlary taỳynlamagy başarỳarys” diỳip, jogap beripdir. Italỳanyń “ykdysady gudratynyń” esasy açary onuń ylmyń gazananlaryna daỳanmagydyr. Ol senagat taỳdan ösen ỳurtlardan ylmy ylmy açyşlarynyń patentlarynyń we ygtyỳarnamalaryny köpçülikleỳin satyn alypdyr. Senagat düỳpli özgerdilip gurlupdyr. Ownuk we orta derejeli telekeçileriń sany artypdyr. Olar aỳakgap, geỳim, trikotaź we taỳỳar azyk önümlerini öndüripdirler.

Ykdysadyỳetde iri önümçilik birleşmeleriniń täsiri hem artypdyr. Meselem: “Fiat” dünỳäde iri awtoulag senagat kärhanasyna öwrülipdi.

Italỳanyń ykdysady ösüşi ỳurduń ähli ỳerinde bir meńzeş däldi. Sebitleriń ösüşindäki deńsizlik ỳurtda sosial meseleleriń ỳitileşmegine, guramaçylykly jenaỳatyń we korrupsiỳanyń artmagyna getiripdir. *Mafiỳanyń* döwlet syỳasatyna täsiri güỳçlenipdir. 1950-nji ỳylda yzagalak sebitlere maliỳe kömegi berlip başlandy. Döwletiń maỳa goỳum syỳasaty netijesinde ỳurduń günortasy yzagalaklykdan çykypdyr.

60-njy ỳyllaryń ahyryndan başlap Italỳanyń ykdysadyỳetiniń öńki ösüş depgini gowşap başlady.

70-80 nji ỳyllarda Italiỳada syỳasy ykdysady ỳagdaỳ. Italiỳada syỳasy partiỳalaryń arasynda ońşuklylyk ỳokdy. Dolandyryjy partiỳa bolan hristian demokratlar sagçy we çepçi güỳçler üçin aralyk syỳastaty alyp bardylar. Emma 60-njy ỳyllarda bu syỳasta özüni ödemän başlady. Hristian demokratlaryń arasynda jemgyỳetde sosial özgertmeleri geçirmegiń zerurdygny goldaỳan toparlanşyk döredi. Olar

sosialistleri hyzmatdaşlyga çagyrdylar. Netijide, çepçi-merkezçi bileleşik döredi. 70-nji ỳyllaryń ortalarynda çepçi-merkezçi bileleşik şowsuzlyga sezewar boldy. Bu şowsuzlyk HDP-niń hem şowsuzlygydy. 1976-nji ỳylyń saỳlawlarynda HDP we kompartiỳa deńeçerräk ses aldy. HDP-niń görnükli wekili Aldo Moro "üçünji görnüş" syỳasatyny öńe sürüpdir. Ol kompartiỳany ỳurdy dolandyrmaga çekmegi teklip edipdir. 1977 ỳylda ỳurdyń 6 sany partiỳasy hökümetiń syỳasatyny kesgitlemek barada ylalaşyga gol çekdiler. Olar öńde goỳulan bilelikdäki maksatnamany amala aşyrỳança hökümetiń iş başyndan aỳrylmagyny talap etmezlige ylalaşdyrdylar. Emma 1978-nji ỳylda teroristleriń Aldo Morony öldürmegi bilen bu ylalaşyk bozulyp hökümet iş başyndan aỳryldy. HDP indi hökümeti düzmekde agdyklyk ediji güỳjini ỳitirdi. 80-nji ỳyllarda hem ỳurdy gatyşyk höümetler dolandyrdy.

Täze syỳasy partiỳalar. Silwio Berluskoni, Romano Prodiniń hökümete baştutanlyk etmegi. 1994-nji ỳylda parlament saỳlawlary geçirildi. Sỳlawlarda düỳbünden täze we öń mälim bolmadyk syỳasy toparlar ỳeńiş gazandylar. Olaryń arasynda S. Berluskoniniń "Öńe, Italiỳa!", U.Bossoniń "Demirgazyk ligasy", sagçy güçleriń "milli bileleşik!" atly toparlary bardy. Bu sagçy syỳasy partiỳalar "azatlyk polỳusy" atly birleşmäni döretdiler. S. Berluskoni gatyşyk hökümete baştutanlyk etdi. Bu hökümet 1994-nji ỳylyń ahyryna çenli häkimỳetde saklandy.

90-nji ỳyllarda komunistler öńki däp bolan ỳörelgelerden ỳüz öwürip aram demokratik ỳola tarap ỳykkyn edip başladylar. Ol hatda 1991-nji ỳylda partiỳanyń adyny üỳtgedip çepçi üỳçleriń demokratik partiỳasy diỳip atlandyrdylar. 1996-nji ỳylyń parlament saỳlawlarynda Romano Prodiniń baştutanlygynda ol partiỳa ỳeńiş gazandy we 1998-nji ỳyla çenli ỳurdy dolandyrdy.

1998-nji ỳylda ỳurdyń prezidendi çepçilerden Massimo de Alemo hökümet düzmegi tabşyrdy. Täze hökümet 1999

ỳylyń baharynda kontitutsiỳa üỳtgetmeler girizmek barada ählihalk sala salyşlygyny geçirdi. Ońa laỳyklykda ählihalk tarapyndan saỳlanylan president güỳçli ỳerine ỳetirji häkimỳetiń baştutany bolmalydy. Emma bu syỳasy care şowsuz tamamlandy. Saỳlawlara saỳlwçylaryń ỳarsyndan hem az bölegi gatnaşdy. Ỳurduń premỳer ministry Massimo de Alema iş başyndan aỳryldy.

2001-nji ỳylyń parlament saỳlawlarynda S.Berlusskoniniń baştutanlygynda sagçylaryń bileleşigi häkimỳede geldi. XX asyryń başynda belli bir derejede syỳasy ỳagdaỳ durnuklaşdy. Berlusskoniniń hökümeti 2006-njy ỳyla çenli iş başynda boldy. Urşdan sońra Italiỳanyń taryhynda ilkinji gezek hökümet doly möhletde iş başynda boldy. Hökümet täze kanserwatorçylyk ugurlyçäreleri durmuşa geçirdi. Ỳurduń ykdysadyỳetinde uly ähmiỳetli bolan ownuk telekeçilere salgyt azaldyldy. Emma hökümet ykdysady kyçylyklaryń öńüni alyp bilmedi.

2006-njy ỳylyń saỳlawlarynda Romano Prodiniń baştutanlygynda çepçi merkezi toparlanşykl ỳeńiş gazanyldy. Ol 2006-njy ỳylyń maỳynda 2008-nji ỳylyń başyna çenli Italiỳanyń premỳer ministry boldy. Irakda italỳan goşun kontingentiniń sanyny artdyrmak bilen bagly hökümet krizisinden soń 2007-nji ỳylyń 21-nji fewralynda iş başyndan aỳyrylỳandygyny mälim edỳär. Emma ỳurduń prezidenti Jorj Napolitano şol wagt ony wezipesinde galdyrypdyr. 2008-nji ỳylyń başynda parlamentde tarapdarlarynyń köpdügini ỳetirip premỳer ministrlik wezipesinden aỳrylỳar. 2008-nji

ỳylyń maỳyndaky parlament saỳlawlarynda Silwio Berluskoniniń ỳolbaşçylygyndaky sagçy bileleşik ỳeńiş gazanyldy.

Umuman, 2-nji jahan urşundan XXI asyryń başyna çenli hökümetleriń tiz-tiz çalşyp durmagy adaty ỳagdaỳa öwrüldi. 2-nji jahan urşundan soń 2008-nji ỳyla çenli geçen 63 ỳylyń içinde 61 gezek hökümetiń çalyşmagy aỳdyń mysalydyr.

Häzirki wagtda Italiỳa dünỳäde ösen senagat oba-hojalyk döwletdir.

2009-nji ỳylyń 25-nji noỳabrynda Türkmenistanyń Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow resmi sapar bilen Italiỳa respublikasyna ugrady. Aşgabadyń halkara aeroportynda döwlet baştutany mejlisiń ỳolbaşçylary, Türkmenistanyń hökünetiniń agzalary ugratdylar.

Sońra Prezidentiń awialaỳneri Rim şäheriniń "çampino" halakara aeroportyna gondy. Belent mertebeli myhmanyń hormatyna bu ỳerde flagştoklarda dostlukly iki ỳurduń döwlet baỳdaklary bu ỳewropa bileleşiginiń baỳdagy ỳokary galdyryldy. Aeroportda Türkmenistanyń Prezidentini Italiỳa respublikasynyń döwlet protakoly gullugynyń ỳolbaşçysy ilçi Wiskonte de Modrone we beỳleki resmi adamlar mähirli garşyladylar. Haly düşelen ỳodajygyń gapdalynda Italiỳanyń harby howa güỳçleriniń hormat garawuly nyzama düzüldi. Hormatly Prezidentimizi Gurbanguly Berdimuhamedow Italỳan tarapynyń wekilleriniń ugratmagynda resmi delegasiỳalarynyń zalyna bardy.

Aeroportdan Türkmenistanyń Prezidentiniń maşyn kerweni "westin ekselsion" myhmanasyna tarap ugraỳar. Bu ỳerde sapar, mahalynda türkmen lideriniń kabulhanasy ỳerleşỳär. Bu kaşań myhmanhana Rimiń has belli künjeginde Wia Weneto ỳerleşỳär.

Ertesi Türkemnistanyń Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow bilen Italiỳa respublikasynyń premỳer ministry Silwio Berluskoniỳa arasynda däp bolan dostlukly döletara gatnaşyklary işjeńleşdirmege täze itergi berjek we uzak möhletleỳin esasyndaky özara peỳdaly aragatnaşyklary möhüm ugurlaryny kesgitlejek gepleşikler geçirildi. Garalyşylşy ỳaly, gepleşikleriń jemleri boỳunça hyzmatdaşlygyń hukuk binỳady hasda pugtalandyrjak we onuń mundan beỳläkde üstünlikli ösüşini şertlendirjek resminamalaryń bukjasyna gol çekildi. Şeỳlelikde Türkmen lideriniń Italiỳa resmi sapary sońky

ỳyllarda hil taỳdan täze ösüşe we many mazmuna eỳe bolan, Türkmenistan bilen Ỳewropa bileleşiginiń arasyndaky gatnaşyklary pugtalandyrmagyń ỳoluna möhüm ädim boldy.

Gepleşikleriń öńisyrasynda türkmen-italiyan biznes forumy gecirildi. Onda özara peydaly işeńńir gatnaşyklary ösdürmegiń geljegina şol sanda ony difersifikasiyalasdyrmagyn ýollaryna seredildi. Türkmenistanyń yokary halkara gatnaşyklaryny abrayyny şertlendirlen açyk gapylar syỳasatynyń we giń konstruktiw hyzmatdaşlygyń başyny başlaỳjy Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyń hut ozuniń bu duşuşugna gatnaşmagy ayratyn ahmiyete eyedir.Şol ỳylyń sentyabyrynda aşgabat düzüminde italiyanyn işewir toparlarynyń we hökümet wekilleri bolan we deligasiyalar gatnasmagynyń türkmen italiỳan bilelikdäki ilkinji biznes forumynyń geçirendigni ỳatladỳar.

Şeỳlelikde Rimde geçirilen duşuşyk Turkmen paytagtyna başlanan we doly mocberli hyzmatdaşlygyń ỳoluna goỳulmagyna taraplaryń taỳỳardygny beỳan edỳän gepleşikler ozbolusly dowamy boldy.

Geçirilen türkmen italiỳan gepleşiklerine gaỳdyp gelmek bilen, Türkmenistanyń Prezidentiniń Italiỳa respublikasyna resmi saparyna yurtlaryn ikisinde hem taryhy ahmiyetli waka hökmunde seredilyandigni bellemeli. Hazirki döwrüň talaplary umumy gyzyklanmalara jogap bolup duryan hyzmatdaslygyn oňaýly yollaryny gozlemek zerurlygny one cykaryar. Bu babatda Türkmenistanyń hem Italiýanyň hem birek birege teklipleri az dal. Hazirki döwrde Italiýanyň iri kompaniỳalary geljegi uly bolan Turkmen bazaryna oz orunlaryny gińeltmäne çalşỳarlar we Türkmenistanda dürli pudaklarda alynyp barylỳan iri möçberli taslamalara gatnasmaga tayyardyklaryny beyan edyarler. Iń bir ösen ỳurtlarynyń biri bolmak bilen italiya oz gezeginde tehnologik

hemde söwda ykdysady potensiỳaly arkaly Türkmenistan üçin bu gyzyklanma eỳe bolỳar.

Döwletara gatnaşyklary dińe bir ykdysady ugutlary däl, eỳsem, gumanitar ulgamdaky özara gatnaşyklary hem öz içine alỳar. Türkmen we Italỳan halklarynyń baỳ medeni halklarynyń taryhy bolup ol netijeli gatnaşyklary çuńlaşdyrmaga medeni alyş çalyşy işjeńleşdirmege gińmümkinçilikleri döredỳär. Türkmenistanyń döwlet syỳasytynyń ileri tutỳan ugrlaryny nazara almak bilen ylym we bilim ulgamynda öńi bilen bolsa hünärli kadrlary taỳỳarlamkada we möhüm ähmiỳete eỳe bolan ylmy barlaglary geçirmekde hyzmatdaşlygyń täze perspektiwalary açylỳar.

Şeỳlelikde taraplaryń konstruktiw syỳasy ykdysady medeni gatnaşyklaryny üỳtegwsiz ösdürmäge bolan isleglerini nazara almak bilen türkmen-italỳan hyzmatdaşlygynyń mundane beỳläk hem iki taraplaỳyn hoşniỳetli islege görä ösdüriljegini ynam bildirmek bolar. Türkmenistanyń we Italỳanyń dostlukly halklarynyń abadançylygyna gülläp ösmegine hyzmat etjek özara gatnaşyklarynyń ösdürilmegine iki ỳurtlarynyń bar bolan potensialy we intensifikasiỳa babatdaky meỳilnamalar ynamly esas bolup biler.

## EDEBIÝAT


1. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Mälikgulyýewiç Berdimuhamedow. Gysgaça terjimehal. - Aşgabat, 2007.
2. Berdimuhamedow Gurbanguly. Türkmenistan – sagdynlygyň we ruhubelentligiň ýurdy. - Aşgabat, 2007.
3. Berdimuhamedow Gurbanguly. Türkmenistanda saglygy goraýşy ösdürmegiň ylmy esaslary. - Aşgabat, 2007.
4. Berdimuhamedow Gurbanguly. Garaşsyzlyga guwanmak, Watany, halky söýmek – bagtdyr. - Aşgabat, 2007.
5. Berdimuhamedow Gurbanguly. Eserler ýygyndysy. I tom - Aşgabat, 2007.
6. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň daşary syýasaty. Wakalaryň hronikasy. - Aşgabat, 2007.
7. Gurbanguly Berdimuhamedow. Halkyň saýlany we ynam bildireni. - Aşgabat, 2007.
8. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň ýurdy täzeden galkyndyrmak baradaky syýasaty. - Aşgabat, 2007.
9. Türkmenistanyň Konstitusiýasy. – Aşgabat, 2008.
10. Berdimuhamedow Gurbanguly. Döwlet adam üçindir. – Aşgabat, 2008.
11. Berdimuhamedow Gurbanguly. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. 1-nji tom. – Aşgabat, 2008.
12. Beýik Özgertmeleriň ýyl ýazgylary. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň 2007-nji ýylda alyp baran işleriniň hronikasy. 1-ji goýberiliş. - Aşgabat, 2008.

13. Berdimuhamedow Gurbanguly. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. 2-nji tom. – Aşgabat, 2009.
14. Berdimuhamedow Gurbanguly. Ahalteke bedewi – biziň buýsanjymyz we şöhratymyz. – Aşgabat, 2009.
15. Berdimuhamedow Gurbanguly. Türkmenistanyň dermanlyk ösümlikleri. Aşgabat, 2009.
16. Ata arzuwyny amala aşyrýan agtyk. – Aşgabat, 2009.
17. Beýik Özgertmeleriň ýyl ýazgylary. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň 2008-nji ýylda alyp baran işleriniň hronikasy. – 2-nji göýberiliş, Aşgabat, 2009.
18. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Türkmenistanyň Mejlisiniň IV çagyryşynyň birinji maslahatynda eden Çykyşy (2009-njy ýylyň 9-njy ýanwary). – Aşgabat, 2009.
19. Türkmenistanyň Prezidenti, Türkmenistanyň Ýaragly Güýçleriniň Belent Serkerdebaşysy Gurbanguly Berdimuhamedowyň Türkmenistanyň döwlet howpsuzlyk geňeşiniň giňeldilen mejlisinde Sözlän sözi (2009-njy ýylyň 21-nji ýanwary). // Türkmenistan. 2009. 22-nji ýanwar.
20. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Türkmenistanyň diplomatik korpusy bilen geçiren maslahatynda Sözlän sözi (2009-njy ýylyň 18-nji fewraly). // Türkmenistan. 2009. 19-njy fewral.
21. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň EKO-nyň ýokary derejedäki 10-njy ýubileý duşuşygynda eden Çykyşy (Tähran, 2009-njy ýylyň 11-nji marty). // Adalat. 2009. 13-nji mart.
22. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň GDA ýurtlarynyň daşary işler ministrleriniň geňeşiniň mejlisindäki Çykyşy (Aşgabat,

2009-njy ýylyň 10-njy apreli). // Türkmenistanyň Prezidentiniň metbugat çapary. 2009. 17-nji aprel.
23. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň „Energiýa serişdeleriniň ygtybarly we durnukly üstaşyr geçirilmegi hem-de durnukly ösüşi we halkara hyzmatdaşlygy üpjün etmekde onuň hyzmaty“ atly ýokary derejedäki Halkara maslahatynda Sözlän sözi. (Aşgabat, 2009-njy ýylyň 23-nji apreli). // Türkmenistan. 2009. 24-nji aprel.
24. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Aral kölüni halas etmegiň halkara gaznasyna esaslandyryjy döwletleriň baştutanlarynyň sammitinde Sözlän sözi. (Almaty. 2009-njy ýylyň 28-nji apreli). // Türkmenistanyň Prezidentiniň metbugat çapary. 2009. 8-nji maý.
25. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Ministrler Kabinetiniň göçme mejlisinde Sözlän sözi. (2009-njy ýylyň 12-nji iýuny). // Türkmenistanyň Prezidentiniň metbugat çapary. 2009. 19-njy iýun.
26. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň „Awaza“ milli syýahatçylyk zolagynda ilkinji desgalaryň açylyş dabarasynda eden çykyşy. (2009-njy ýylyň 15-nji iýuny). // Türkmenistanyň Prezidentiniň metbugat çapary. 2009. 19-njy iýun.
27. Berdimuhamedow Gurbanguly. Türkmenistanyň ykdysady strategiýasy: halka daýanyp, halkyň hatyrasyna// Türkmenistan. 2010. 10-njy maý.
28. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Türkmenistanyň Ýaşulularynyň maslahatynyň mejlisinde sözlän sözi (Daşoguz, 2010-njy ýylyň 14-nji maýy). // Türkmenistan. 2010. 15-nji maý.

29. Григорьева И.В К истории революционных общественных связей России и Итали в 60-90 годы XIX в. М.1968 г.
30. История Италии 2-х. Т. М.970 Т.1,2,3
31. Кин Ц.И. Италия XIX века Судьбы людей и теорий М.1978.г
32. Кин Ц.И. Италия на рубеже веков. Из истории общественно-политической мысли М.1980.г
33. Кирова К.Е Итальянская экспансия в восточном Средиземноморье ( в нач.XX в) М.1973 г.
34. Кирова К.Е Революционное движение в Италии 1904-1907 г.М. 1962 Г.
35. Любин В.Л. Накануне вступления в первую мировую войну М.1982.
36. Мизиано К.Ф. Итальянское рабочее движение на рубеже XIX-XX вв. М.1976.г
37. Трофимов В.А.Итальянский колониализм и неколониализм (История и современность ) М-1979 г.
38. Яхимович З.П. Внешняя политика Италии в 1908-1914 годах. М.1973 г.
39. Яхимович З.П. Италъяно- Турецкая война 1911-1912. М.1967 г.
40. Страны Южной Европы в современном мире – М. 1989 г.
41. Васильев.Т.А. Реформы государственных институтов в Италии «Государство и право » М.1993 г. № 3
42. Гайдук В.П. Христианская демократия в Италии (60-70 г.г.) М.1985.г.
43. Комолова Н.П. Новейшая история Италии – М.1970 г.
44. История древнего мира. Немировского. М 1982.
45. Историия Италии в средние века. I-III том. М. 1986.

46. История  Италии : В 3 т. М. 1970-1971
47. История Швеции: М.1974
48. Сороко Цюпа О.С. : История Италии, М. 1985
49. Новая история . I-II пер. под. Ред. Кривогуза. М. 1984
50. Всеобщая история: мир в XX веке. Под. Ред . Сороко- Цюпы.М 2006.

## Mazmuny

Italiýanyň taryhyna giriş....................................................7-11
Tema1: Rim respublikasynyñ emele gelmegi we Rimiñ Italiŷany basyp almagy…………………….................11-14
Tema 2: B.e.öñ V-III asyrlarda Rim respublikasy………..14-21
Tema 3:B.e.öñ II asyrda Rimiñ basyp alyşlary……….......21-27
Tema 4: B.e.öñ II asyrda Italiŷada daŷhanlaryñ ýagdaýy. Sezaryñ Rimde häkimiŷeti basyp almagy..........................27-37
Tema 5: Oktawian Awgustyñ we onuñ mirasdarlarynyñ döwründe Rim imperiŷasy ………................................... 38-44
Tema 6: Gadymy Rimde sungat we ylym.........................44-49
Tema 7 : II asyryñ aŷagynda – III asyrda gul eŷeçilik hojalygynyñ pese düşüp başlamagy...................................49-59
Tema 8 : IV asyrda Rim imperiŷasynda ŷagdaŷyñ mundane beŷläk-de ŷitileşmegi .......................................................59-72
Tema 9 : Wizantiýa V – XI asyrlarda ……….....................72-102
Tema 10 : Italiýa IX-XI asyrlarda ................................102-116
Tema 11 : Haçly ýörişler …………...............................116-122
Tema 12 : Italiýa IX-XV asyrlarda……………….........122-129
Tema 13: Germaniýa, Italiýa, Awstriýa rewolýusiýalary...........................................................129-137
Tema 14: Italiýa XIX asyryň 20-30-njy ýyllarynda…………………………………………137-144
Tema 15: Italiýada 1848-nji ýylyň rewolýusiýasy……..145-147
Tema 16: Italiŷa XIX asyryň ahyrlary Italiŷa sosial-ykdysady we syŷasy ösüşiniň 70-80-nji ŷyllarda……………….....147-150
Tema: Italýan imperializminiň aýratynlyklary……..….151-169
Tema 17: Italiýa 1945-2004 ý……….......................... 169-176
Tema 18: Italiỳa XX – XXI asyryń sepgidinde………..176-182
Edebiýat……………………………….……........183-187